TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

**MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI**

**GÜLŞAT ORAZGELDIÝEWA**

# HUKUK PSIHOLOGIÝASY

Türkmenistanyň Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenilýär

AŞGABAT – 2010

**Orazgeldiýewa G.**
**Hukuk psihologiýasy.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy.– A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. 200 sah.

## Giriş

Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Türkmenistanda saglygy goraýyşy ösdürmegiň ylmy esaslary” atly gollanmasynda raýatlaryň saglygyny gorap saklamak bilen baglanyşykly meseleleriň çözgütleri beýan edilýär. “Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal” kitabynyň talyplary döwrebap terbiýelemekde özboluşly täsiri bardyr. Gurbanguly Berdimuhamedow. “Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr” atly kitaby bize ata Watanymyzy söýmäge, onuň geçmişine guwanmaga we geljeginiň has-da aýdyň bolmagyna esas döredýär. Gurbanguly Berdimuhamedowyň ”Ösüşiň täze belentliklerine tarap” atly kitaplary bolsa ýurdumyzda bolup geçýän oňyn özgerişlikleriň okgunly ugruny, döwlet baştutanynyň reformatorlyk ideýalarynyň çuňlugyny we täzeçilligini, onuň alyp barýan syýasatynyň maksadyny we ynsanperwerlik manu – mazmunyny aýdyň beýan edýän iňňän möhüm ylmy – resminamalaýyn we ygtybarly maglumat çeşmesidir. Geçmişde adamzadyň ýaşaýyş – durmuşy, dürli ugurlar boýunça çeken zähmeti bilen baglanyşykda pederlerimiziň pähim – paýhasyndan syzylyp çykýan ylmy gymmatlyklaryň okuw – terbiýeçilik işlerinde maksada gönükdirlip peýdalanylan wagtynda, olar örän uly täsir edijilik, öwredijilik, bilim berijilik hem terbiýeleýjilik güýje öwrülýär.

Beýik Galkynyşlar döwürde halkyň döredijilikli tagallalarynyň jemini jemläp, biz buýsanmaga zadymyzyň bardygyny belläp geçýäris: türkmen halkynyň köp nesilleriniň asyrlyk arzuwlarynyň beýanyny tapan mukaddes garaşsyzlyk şertlerinde, taryhy taýdan gysga möhletde biz ýüzýyllyklara barabar deňsiz – taýsyz ýol geçdik, uly möçberli ykdysady we sosial taýdan özgertmeler amala aşyryldy, olar Türkmenistany Ýer togalagynyň güýçli ösýän ýurtlarynyň hataryna çykardy,

jemgyýetde raýat we dinara asudalyk we jebislik ýagdaýyny üpjün etdi, raýat jemgyýetine mahsus ähli institutlar döredilip kämilleşdirilýär.

Kitapda hukuk psihologiýasy ylmynyň esasy pudaklarynyň biri bolan hukuk psihologiýasy we onuň ulgamlaýyn düşünjeleri, wajyp meseleleri, wezipeleri, derňew usullary giňişleýin beýan edilýär, olar logiki yzygiderlikde hödürlenýär.

Galkynyşlar zamanada alnyp barylýan milli syýasatymyzyň raýat hukuklaryny goramak meselelerinden ugur alyp, "Hukuk psihologiýa" gollanmasynda şahsyýetiň ahlak päkligi, adalatlylygy, asly halallygy ýaly möhüm meseleler ylymyň ruhy bilen utgaşdyrylmagy häsiýetde beýan edilýär.

Hukuk psihologiýasy atly bu okuw gollanmasynda esasy öňde goýlan maksatlar:

1. Teoretiki düşünjeleri we umumy okuwlaryň düzgünlerini açyp görkezmek;
2. Bu ders boýunça talyplara psihologiki we ýuridiki edebiýatlaryň üstünde özbaşdak işlemek üçin mümkinçilik döretmek;
3. Talyplary hukuk psihologiýa degişlilikde umumy we sosial psihologiýanyň esaslary bilen tanyşdyrmak;
4. Hukuk dolandyryşykda psihiki kanunalaýyklyklaryň spesifikasyny görkezmek.

Kitapda okuw maksatnamasy Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistan döwletiniň, Hormatly Prezidentimiziň Beýik Galkynyşlar zamanasynda, döwletimiziň okuw jaýlarynyň öňünde goýýan wezipelerine laýyklykda düzüldi.

## I Bap. Hukuk psihologiýasynyň dersi we derňew usullary

### 1.1. Psihikanyň umumy düşünjesiniň taryhyndan gysgaça beýany

Psihika barada umumy düşünje berlende onuň taryhy dogrusynda hem gysgaça beýan etmeklik gerekdir. Adamlar gadymy wagtlardan bäri özleriniň psihiki garaýyşlary taýyndan tapawutlanypdyrlar we özlerini gurşap alan zatlara her hili düşünipdirler. Ilkibada olar adamyň janynyň tebigatdan daşary bir gudrata degişlidiginden ugur alypdyrlar. Gadymy Gresiýada materialistik akyldarlar Demokrit (b.e.ö.V as.ýaş.) adamyň jany atom bölejiklerinden durýandyr diýipdir.

Geraklit bolsa (b.e.ö.VI as.ýaş.) jan otdan döräpdir diýipdir we başgalar. Bular psihika barada şeýle pikirler ýöredipdirler. Psihika baradaky materialistik pikirler janly organizmiň hereketlerine düşünmäge mümkinçilik beripdir. Gadymy Gresiýada ýaşan wraç – lukman Alkemon (b.e.ö.VI as.ýaş.) anatomiki we medisina tejribelerine esaslanyp psihikanyň esasy organynyň beýnidigini aýdypdyr.

Grek medisinasynyň atasy – diýilip atlandyrylýan Gippokrat bolsa temperament baradaky taglymaty öňe sürüpdir. Şeýdip psihika ylmy taýdan düşünmekde ilkinji üstünlikler gazanylýar, organizmiň anatomo – fiziologik gurluşyna dogry baha berip başlanýar.

Muňa garamazdan gulçulyk jemgyýeti döwründe psihika barasynda idealistik garaýyşlar hem ýüze çykýar. Munda Platonyň garaýşyny (b.e.ö.V as.ýaş.) bellemek gerek. Ol adam janyny maddy däl we hemişelik hasap edýär, “ideýa” baradaky taglymaty goldaýar, Platon jany – teni birnäçe böleklere bolýar:

a) akyl – paýhas
b) batyrlyk
c) isleg – arzuw. Bu bolsa onuň pikir - aňlamagynda durandygyny görkezýär.

Psihika organiki tebigatyň ösüşiniň dowamly we çylşyrymly tutumlarynyň önümidir. Has ýönekeýje mikroorganizmlerde psihika sözüň doly manysynda bolmaýar. Olar üçin şöhlelenmäniň has ýönekeý görnüşi gyjynmak mahsusudyr. **Gyjynmak** – munuň özi janly organizmleriň öz ýagdaýynyň üýtgemegine ýa – da daşky täsirlere jogap berişidir .

**Gyjynmak** – daşky ýakymly täsirlere laýyklykda golaýlaşmak, özüňe çekmek we ýakymsyz täsirlere degişlilikde daşlaşmak, gaçmak ýaly iki dürli hereket görnüşlerinde ýüze çykýar. Jogap berijilik güýji häsiýeti diňe bir daşky täsiriň güjüne, aýratynlyklaryna bagly bolman, eýsem janly oragnizmiň içki ýagdaýyna baglydyr. Mysal: amýoba dok bolanynda iýmite jogaby bolmaýar.

Hususy psihiki şöhlelenmä janly organizmiň diňe bir biologiki ähmiýetli gyjyndyryjylara bolan jogaby häsiýetli bolman, eýsem biologiki ähmiýetli täsir barada habar berýän, habar beriş hereketleri ýerine ýetirýän gyjyndyryjylara bolan jogaplarda häsiýetlidir.

Materiýanyň ösüşindäki mundan soňky döwür, janly materiýanyň has ýokary görnüşlerinde täze aýratynlygyň duýgurlygyň, ýagny organizme täsir edýän zatlaryň häsiýetlerini suratlandyrýan duýmalarynyň gelip çykmagy bilen baglanyşyklydyr.

Psihikanyň başlangyç görnüşini duýmalar düzýärler. Ol organiki materiýanyň ýokary görnüşlerine mahsusdyr. Haýwanlaryň özüni alyp barşynyň görnüşleri.

Haýwanlaryň özüni alyp barşynyň 3 sany görnüşi tapawutlandyrylyp, olara:

1. **Instinktler**
2. **Endikelr**
3. **Özüňi alyp barşyň intellektual görnüşleri degişlidir.**

- **Instinkt** – bu özüňi alyp barşyň dogabitdi görnüşleridir. Haýwanlaryň her bir görnüşiniň diňe özüniň mahsus bolan instinktler toplumy bolýar.

Tebigatda uýgunlaşmak bilen birlikde, ösýän islegleri kanagatlandyrmak üçin zähmet tutumynda tebigatyň köpçülikleýin özgerdilmegi adamlaryň ýaşaýşynda barha has uly ähmiýete eýe bolupdyrlar. Serişdeleriň gurallar hökmünde peýdalanylmagy, ondan soňra zähmet gurallarynyň ýasalmagy adam psihikasynyň aňynyň döremegine sebäp bolupdyr.

Biologiki şertler adam aňynyň ýüze çykmagy üçin diňe mümkinçilikler bolup durýar. Zähmet gurallaryň taýýarlap başlamagy adamyň töwerekdäki tebigata täze gatnaşyklaryň döremeginiň başlangyjydyr. Şol gatnaşyklar adamyň özünde bar bolan zähmet gurallary bilen baglanyşyklydyr. Zähmet gurallaryň ösüş derejesine baglylykda adamyň tebigata täsir ediji, ony özgertmäge we adamyň hajatlaryna uýgunlaşmaga bolan mümnikçilikleri hem dürli – dürlidir. Adam töwerekdäki tebigaty özgertmek bilen özüniň hususy tebigatyny özgertýär. Adamyň döremegi onuň aňynyň kemala gelmegi we ösmegi bilen, şonuň esasynda gatnaşyklaryň başga bir ulgamynyň, adamyň psihikasynyň we aňynyň ösmegine gös – göni täsir edýän adamzat jemgyýetiniň emele gelmegi bilen döredilipdir.

Ozal bellenip geçişi ýaly, adamyň aňy taryhy jähte üýtgeýär. Elbet – de, haýwanlaryň psihikasy babatynda şeýle özgerişler hakynda gürrüň etmek bolmaz. Daşgy dünýäni şöhlelendirilmekde taryhy, ontogenetik we gnostik hadysalaryň birligi adamyň aňynyň haýwanlaryň psihikasynda tapawudynyň - ilkinji alamatydyr.

Adamyň aňynyň döredijilikli we maksada gönükdirilen häsiýeti bilen döredilýän işjeňligi, ony haýwanlaryň psihikasyndan tapawutlandyrýan - ikinji alamatydyr. Obýektiw dünýäniň adamzadyň umumylaşdyrylan tejribesiniň üsti bilen maksada gönükdirilen, düşünjeli subýektiw häsiýetde

şöhlelendirilmesi, adamyň aňynyň haýwanlaryň psihikasyndan tapawutlandyrylýan - üçünji alamatydyr.

Dünýäniň onuň köp sanly baglaşyklaryna we aragatnaşyklaryna akyl ýetirmek görnüşinde şöhleleindirilmegi adamyň aňynyň haýwanlaryň psihikasyndan tapawutlandyrylýan - dördünji alamatydyr. Adamyň aňynyň öňde görüjilikli häsiýeti ony haýwanlaryň psihikasyndan tapawutlandyrylýan - bäşinji alamatydyr.

Psihologiýanyň ylym hökmünde beýleki ylymlardan düýpli aýratynlygy bardyr. Onuň öwreniş obýekti bolup durýan psihikanyň güýç, wagt häsiýetnamasy bolup, emma giňişlik häsiýetnamasy ýokdyr. Bilişimiz ýaly, beýleki ylymlaryň derňew obýekitleri birbada giňişlik we wagt-güýç häsiýetnamasyny özünde jemleýär.

Eksperimental psihologoýanyň esaslandyranlaryň biri bolan Ebbingauz psihologiýany uzak geçmişi, emma gysga taryhy bolan ylym diýip häsiýetlendirdi.

Beýle diýildigi, bir tarapdan, baryp ilkinji gadym adamlaryň hem öz iş durmuşunda bir-birleriniň psihologik aýratynlyklaryny göz öňünde tutandyklaryny aňladýan bolsa, ikinji bir tarapdan, özbaşdak ylym hökmünde psihologiýanyň ösüşi we döreýşi, hakyky taryhy XIX asyryň ortalaryndan başlanýar. Psihologiýa grek sözi bolup, **“Psýuhe”**-jan, **“logos”**-söz, taglymat diýmekdir.

Psihologiýanyň dersini psohologik hadysalary, kanunalaýyklyklary we mehanizmleri öwrenýän ylym diýip kesgitlenýär.

Eýsem psihologiýa näme öwrenýär?

**Psihologiýa** – psihologik alamatlary, kanunalaýyklyklary we mehanizmleriň gurluşyny öwrenýär. Meselem: adamyň birnäçe ýyl mundan ozal gyzykly geçen wagt aralygy häzirki wagtda uzak, dowamly bolup görünýär, tersine şu pursatdaky gyzykly geçen wagt aralygy basym geçýän ýaly bolup görünýär – bu psihologik alamatdyr.

Psihologiýa önümiň ylym hökmünde ösüşiniň 3 döwrüni (etabyny) geçdi:

1.Psihologiki bilim – düşünjeleriň öz akymlarynyň döreýşi we toparlary. Bu ilki durmuş jemgyýet bolup geçýär.

2.Psihologiki bilim – düşünjeleriň çeper edebiýatyň içinde ösüşi.

3.Hakyky ylmy psihologiýanyň döreýşi we ösüşi (XIX as. II ýar.)

4. Döwür ilki durmuş gadymy adamlaryň ýaşan döwrüne degişlidir. Gadymy adamlar bilelikde aw zähmet işinde bir-biriniň gylyk-häsiýetlerini öwrenip, şoňa laýyklykda käbir adamlara golaý durup, ynanyp bolmajaklaryna daşrakda saklanypdyr. Eýýäm şu pursatdan başlap, adamlaryň hemmesi adamdyr-da diýen düşünjäniň nädogrylygy ýüze çykarylyp, adamlaryň psihiki taýdan tapawutlanýandygy anyklandy. Bu döwürde dörän psihologik pähimler atalar sözünde, nakyllarda saklanypdyr. Meselem: "Eşiden deň bolmaz gören göz bilen", "Öwrenilen gylyk örkläňde-de durmaz" we ş.m. Nakyllaryň birinde görüş analizatorynyň eşidişden has ähtibarlygy, beýlekisinde bolsa öwrenilen edep-gylymlaryň edil dogabitdi häsiýetler ýaly durnuklydygy beýan edilýär.

1. Aýdylşy ýaly, ikinji döwürde psihologik bilim düşünjeler çeper edebiýatyň mazmunynda döreýär we ösýär. Bu ýerde psihologik ýagdaýlaryň gadymy grek we beýleki epos tragediýalarynda beýn edilşi gözöňünde tutulýar. Meselem, gadymy grek tragediýasy " Edip şa" esrinde geljekgi psiholoanalitik taglymata ugrukma mysal bolup huzmat eden ýagdaýlar beýan edilendir. Biziň "Görogly" şadessanymyzda hem Z. Freýdiň ýazan psihologik konfliktini ondan 5-6 ýüz ýyl mundan öň beýan eden ýagdaýlar, onuň "Öweziň öýlenişi" bölüminde bardyr. Umuman, çeper edebiýatda ylmy derejede bolmasa-da, biz gylyk-häsiýetleriň psihologik keşbini tapýarys.

2. Ylmy psihoogiýanyň döreýşi we ösüşi. Bu döwür XIX asyryň ortalaryndan başlanýar. Üçinji döwürde ýüze çykýan

ylmy psihologiýa bu ylymda tejribe- eksperiment metodynyň özleşdirmegi bilen döreýär. Ilkinji psihologik tejribehana 2879-njy ýylda Leýpsiz Wilgelýem Wundt tarapyndan esaslandyrlyp, ol basym wagta ilkiji psihologik institutyna öwrülýär. Ilkinji psihologik tejribeler-eksperimentler daşky täsire adamyň jogap reaksiýasyny, duýmagyň bosagalaryny, gyjyndyrja uýgumlaşmagy-adaptasiýany we beýlekileri öwrenýär. Emma şeýle tejribeleriň esasynda adamyň gündelik durmuşuny gowylandrjak ylmy teklipleri döretmek kyn bolýar. Gysgaldyp aýtsak, XIX asyryň ahyrlarynda, XX asyryň başynda Freýdiň newrozlary bejermeklige esaslanýan pshoanaliz taglymaty döreýänçä, psohologoýa praktika-amalýete ýüzüni öwrüp bilmeýär.

Materiýanyň ilkinjidigi we psihikanyň ikinjidigi, psihikanyň materiýanyň ösüşiniň belli bir döwründe döreýänligini ylym tarapyndan subut etmek bolar. Ýeriň ýüzünde psihikasy bolan janly – jandarlar diňe birnäçe million ýyl mundan öň döräpdir.

Materialistik taglymata görä, psihika aýratyn usulda guaralan materiýanyň – beýniniň özboluşlylygy hökmünde düşündirilýär. Meselem: beýnä belli bir derejede zyýan ýetende, hökman psihikada kesgitli özgerişler döreýär. Beýniniň çep ýarym şarynyň ýeňse depe böleklerine zyýan ýetende adamyň giňişlige göz ýetirmek ukyby bozulýar, çekge böleklerine zyýan ýetende bolsa sözi, saz heňlerini aňlamak ukyby bozulýar. Şonuň ýaly birnäçe mysallar psihikany beýniniň içinden aýyryp bolmajakdygyny subut edýär.

Psihiki şöhlelenme hökmünde özünde jemleýän aýratynlyklaryň biri: psihika beýniň şöhlelendirişi hökmünde garalýar. “Biziň syzgylarymyz, biziň aňymyz daşarky dünýäniň diňe keşbidir”diýip, alymlar belleýärler.

- Psihika munuň özi gymyldysyz, herektsiz aýna şöhlelenmesi däldir – de hereket tutumdyr.

- Psihika munuň özi islendik daşky täsiriň, obýektiw hakykata täsir etmegiň netijesinde, hemişe häzirki ýagdaýyň üsti bilen aralaşdyrylyp beýnide şöhlelenmesidir.

Biz bu hadysa durmuşda, hususan-da çagalary okatmak we terbiýelemek tutumynda duş gelýäris. Meselem: synpdaky okuwçylar mugallymyň şol bir düşündirýän okuw bilimlerini diňleýärler, emma ony dürli derejede özleşdirilýär, tejribede ýerine ýetirmekde dürli kynçylyklara duş gelýärler. Daşky täsirleriň adamyň içki aýratynlyklaryna, laýyklykda üýtgemegi köp ýagdaýlarda: ýaşyna, bilim derejesine esasy zat bolsa, dünýä garaýşynyň kemala gelşine baglydyr. I.M.Seçenowyň we I.P.Pawlowyň işlerinde beýniniň işine tebigy – ylmy seljerme berilýär.

**I.M.Seçenowyň öňe süren düzgünleriniň ähmiýeti uludyr:**

- birinjiden psihiki hadyslaryň daşarky täsirlere görä, sebäpli şertliligi açylyp görkezilýär;
- ikinjiden psihika beýni bardasyndaky oýanmak we togtamak ýaly fiziologik tutumlaryň geçişiniň netijesi hökmünde garalýar;
- üçünjiden psihika daşky hereketleriň we umumy özüni alyp barşyň kadalaşdyryjy hökmünde garalýar;

Reflektor taglymaty I.P.Pawlowyň işlerinde amaly we tejribe taýdan has ösdürilýär. I.P.Pawlowyň şertli refleksler, kelle beýnisiniň bardasyndan döreýän wagtlaýyn nerw baglanyşyklary baradaky taglymatlary psihiki işiň mehanizmleriniň üstüni açdy. Ýöne, beýniniň fiziologik mehanizmleriniň işiniň öwrenilmegi bilen psihikanyň öwrenilmegi tamamlanmaýar. Psihikanyň daş – töwrekdäki dünýäniň şöhlelenmesidigini aýtmak gerek. Şonuň üçin beýnide şöhlelenşiniň hususy mazmuny bardyr. Bu mazmun bolsa, adamyň daş – töweregindäki dünýäni psihikada şöhlelendirmeginiň netijesidir. Psihologiýa – psihiki hadysalar,

olaryň kanunalaýyklyklary we mehinzmleri hakyndaky ylymdyr.

Psihologik hadysa- bu belli wagt aralygynda ýüze çykýan psihikanyň akyl- intellektual, duýgy- emonsiýanal we gatnaşyk- hereket tarapy häsiýetidir. Psihiki hadysalar wagt aralygy boýunça bölünýärler:

1 .**Psihiki prosesler**- gysga wagtlaýyn birnäçe minudyň dowamynda ýüze çykýan psihiki hadysadyr. Meselem: duýdansyz peýda bolan yşygyň, sesiň bada- bat kabul edilmegi, syzylmagy.

2 .**Psihiki ýagdaýlar**- dowamlylygy boýunça birnäçe minutdan birnäçe sagatlara, güne çenli dowam edýän psihiki hadysalar. Meselem, adamyň duýgusynyň ýokary göterilişi ýa-da gaýgy-hasratly görnüşde birnäçe wagtlap bolmaklygy. Munuň dowamlylygy adamyň temperamentine bagly bolýar.

3. **Psihiki hadysalar**-adamyň psihologik gurluşuna, onuň durmuşuna uzak ýa-da bütin dowamynda mahsus bolan psihiki hadysalar. Mesele, adamyň gylyk-häsiýeti, ukyplary we beýlekiler.

**Psihiki tutumlar**:

Hakykatda bar zada akyl ýetirmekligi öz içine alýar. Adam gös – göni duýgy organlaryna täsir edýän serişdeleri duýma we kabul ediş bilen şöhlelendirýär. Diňe geçmişdäki kabul edilenleri däl, eýsem geçmişdäki işleri, pikirleri huşa getirmek hem ýat tutumlaryna degişlidir. Pikirlenmäň kömegi bilen adamlaryň umumy häsiýetlerini suratladyryp hem – de zatlaryň arasyndaky baglanyşyklary we gatnaşyklary tapýarsy. Hyýal tutumynyň kömegi bilen, geçmişde kabul edilenleriň materialy esasynda täze keşpleri döretmäge mümkinçilik alýarys;

1. Duýma tutumlar diýilýänlere adamyň dürli hilli duýgulary degişlidir.

2. Erk tutumlarda isleglerin oýanmagy, belli bir derejede täsir etmek niýetleriniň döremegi we ýerine ýetirmeklik psihiki tutumlara degişlidir.

Şeýlelik – de psihiki tutumlar adamlaryň akyl işini, duýgularyny erk diýilýän tutumlaryny öz içine alýarlar. Adamyň özbaşdak aýratynlyklary bolsa, onuň gylygyny, temperamentini, ukyplaryny öz içine alýarlar.

Psihologiýa ylym hökmünde, diňe dürli psihiki hadyslary ýazmaça beýan etmek bilen çäklenmeýär. Psihologiýanyň wezipesi olary umumylaşdyrmakdan, olaryň manysyny, mazmunyny açyp görkezmekden, düşündirmekden, psihiki hadyslaryň döreýiş sebäplerini anyklap, bu hadyslaryň geljekde döreýşiniň sebäplerini öňünden görmäge mümkinçilik berýän kanunalaýyklyklary kesgitlemekden ybaratdyr.

Psihologiýanyň birnäçe şahalary bar.

Umumy psihologiýa, ýaş aýratynlyklaryň psihologiýasy, pedagogiki psihologiýa okatmagyň we trebiýe bermegiň psihologik esaslaryny öwrenip, ýaş aýratynlygy psihologiýasy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Munuň sebäbi mekdep okuwçylarynyň we beýleki adamlaryň ýaş we özdaşdak aýratynlykalryny nazara alman, okatmagyň we trebiýe bermegiň psihologik esaslaryny, psihologik kanunalaýyklyklaryny aýdyňlaşdyrmak mümkin däldir. Zähmet psihologiýasy, inženerlik psihologiýasy, kosmos + harby + sport + sungat + sosial + hukuk + medisina + pato + deňeşdirme.

Psihologiýa ylmyň beýleki jemgyýetçilik ylymlary bilen pedagogika, syýasy ykdysadyýet, taryh, sungat öwreniş we ş.m. üçin belli derejede ähmiýeti bardyr, sebäbi bu ylymlaryň hemmesi şahsyýetiň düşünjeli işi, ýagny psihologiýanyň meşgullanýan meselelerini öwrenýär.

Psihologiýany bilmegi öz – özüni terbiýelemek üçin ähmiýeti uludyr. Psihiki hadyslary ylmy taýdan düşünmek her bir adama öz şahsy häsiýetleriniň ösen we gowşak taraplaryna

dogry baha bermäge, öz synçylygynyň we ş.m. özbaşdak aýratynlyklarynyň kesgitlemäge, öz güýjüni, erkini öz şahsyýetiniň ýakymly taraplaryny ösdürmäge we ýakymsyz taraplaryny ýeňip geçmäge dogry we düşünjeli gönükdirmäge mümkinçilik berýär.

Psihologiýa şahsyýetiň akyl ýetiriş, duýgy, erk bilen bagly işiniň aýratynlyklaryny we psihikanyň kemala gelşiniň kanunalaýyklyklaryny öwrenilýänligi üçin, adamlaryň özara gatnaşyklarynyň, maksada gönükdirilen işiniň amala aşyrylýan hemme ýerlerinde psihologik bilimler zerurdyr.

Psihologik barlaglarynyň gönükdirilmesi adamyň psihiki işi barada takyk material ýygnamak üçin ulanylýan görnüşleriň üsti bilen durmuşa geçirilýär. Ol ýa – da beýleki görnüşi saýlap akmak, barlagyň dersine we wezipesine baglydyr. Bu görnüşleriň ulanylýanlary aşakylardyr: Syn etme, ekperiment – amaly barlag, laboratoriýa - tejribe ýa – da tebigy, gürriň geçirmek, işiň önümlerini derňemek, anketa – sorag - jogap, test, sosiometriýa görnüşleri.

Psihologiýa (grek sözünden **psihe** – jan, ruh, **logos** – ylym) adamyň psihologiýasy mehanizmlerini, alamatlaryny we kanunalaýyklyklaryny öwrenýän ylymdyr. Bu ylymyň birnäçe pudaklary bar. Olaryň köpüsi özbaşdak derejesini aldy.

## 1.2. Hukuk psihologiýanyň dersi we derňew usullary Psihologiýanyň ylmy esaslary we ösüş döwürleri

Hukuk psihologiýa – kanun gatnaşyklar bilen kadalaşan gurşawdaky adamlaryň psihiki işiniň mehanizmlerini we kanunalaýyklyklaryny öwrenýär. Bu ylym kanun tarapyndan kadalaşan serişdeleri işiň we şahsyýetiň dürli psihologik taraplaryny öwrenýär we "adam – hukuk" ulgamanyň psihologiki kanunlaýyklyklary işleýär.

Hukuk kadalaryň ulgamy we şahsyýetiň gurluşynyň özara baglanşygyna seredilýän işjeňligiň tutumynyň gurluş –

ulgamynyň seljermesi hukuk psihologiýanyň usul esasyny düzýär.

Şeýlelikde, adamyň we hukugyň ylalaşmaklarynyň psihologiki meseleleri bir ulgamyň düzüm bölekleri hökmünde bu ylymyň üns merkezinde ýerleşýär.

Hukuk psihologiýanyň ders we ulgam meselelerini öwrenip, bellemek gerek, ýagny hukukulanyş ulgamyň çäklerinde psihologiki kanunalaýyklar iki uly derejeler boýunça bölünýärler: hukuga boýun egýänleriň işleri ol ýa – da beýleki hukukbozmalar bilen bagly işler.

Bu usuly çaklamalar, şeýle hem iýerarhiýanyň esaslary bilen hukukboýunbolma gurşawynda hem – de sosial bozulma gurşawynda psihologiki kanunalaýyklyklar yzygider seljerilýän hukuk psihologiýanyň ulgam gurluşy kesgitlenilýär.

Ylmy derslerde psihologiýanyň we ýurisprudensiýanyň sintezi – hukuk psihologiýanyň we hukuk zähmetiniň psihologiýasynyň – bu ylymlaryň biri – birini baýlanşdyrmagyna getirmeli, bu öňe çykyp duran çäklerde has bir aktual meseleleriň çözgüdi – hukuggoraýjy işleriniň täsirliligini ýokarlandyrmak.

Döwrebap düşünje boýunça hukuk psihologiýasy – hukuk dolandyryşyk şertlerinde şahsyýetiň we işiň dürli psihologiki aspektlaryny öwrenýän ylym, diňe ulgamlaýyn garaýyşa baglylykda üstünlikli ösmegi hem – de onuň öňünde duran meseleler toplumyny çözmegi mümkin.

Hukuk psihologiýa – psihologiýanyň we hukuk bilimleriň çatrygynda ýerleşýär. Ol deň derejede psihologiýa we ýurispendensiýa degişlidir. Şol sebäpli bu ylmyň dersiniň iki häsiýetligi barada gürrüň edip bolýar.

Hukuk psihologiýanyň dersiniň özboluşyklylygy adamyň psihiki ýagdaýlarynyň üýtgeşik nazarýetde görmekde onuň hukuk ähmiýetini adalat tutumyndan barlamakdan durýar.

Hukuk psihologiýanyň dersini bellemekde dürli alymlaryň dürli çemeleşmeleri bar. Bu ýagdaý hukuk ylymyň ösüşdedigini görkezýär.

A.R.Ratinow ilkinji işleriniň birinde hukuk dersi hasap edip jenaýatly işe gatnaşýan bilen bagly bolan adamlaryň psihologiýasynyň kanunalaýyklyklaryny, psihiki hadysalaryny ýüze çykarýar.

Hukuk psihologiýanyň esaslarynyň biri A.W.Dulow hukuk islendik ylymyň dersi bolup kanunalaýyklygyň belli bir toparyny öwrenmekligidir diýip aýdýar. Onuň pikirine görä kazyýet kanunalaýyklyklarynyň dersi bolup adalatly kazyýet işini ýerine ýetirmekligi bilen bagly psihiki hadysalaryň kanunalaýyklydygyny ýüze çykmagyny we ösüşiniň aýratynlyklarydyr diýip belleýär.

W.L.Wasilýew hukuk psihologiýanyň dersini hukuk gatnaşyklary pudakdaky adamyň şahsyýetiniň we işiniň psihiki kanunalaýyklary diýip belleýär.

A.M.Stolýarenkanyň pikirine görä hukuk we psihologiýanyň arasyndaky baglanyşygyň barly sebäpli, psihologik alamatlary nazara alman jenaýat bilen göreşip bolmaýar diýip belleýär. Hukuk psihologiýa aralyk ylym. Şol sebäpli ol hukuk psihologiýanyň dersini hukuk ylmyň dersi hökmünde görmeli psihologiýa pudagynda psihologiýa ylmyň dersi höküminde görmeli.

**Hukuk psihologiýanyň esasy ugurlary:**

1. Hukuk psihologiýanyň umumy soraglary ( dersi, ulgamy, usuly, taryhy, beýleki ylymlar bilen baglanşygy).
2. Hukukaňlama we hukuk psihologiýasy.
3. Hukuk kärleriniň psihologiki häsiýetnamasy.
4. Kriminal psihologiýasy. Jenaýatçynyň we jenaýat etmegiň psihologiýasy.
5. Sülçilik işiniň psihologiýasy.

6. Jenaýatly kazyönümçiligiň psihologiýasy.
7. Kazyýet – psihologik barlag – ekspertizasy.
8. Kämillik ýaşyna ýetmedik kanuny bozujylaryň psihologiki aýratynlyklary.
9. Zähmet – düzediş psihologiýasy we beýlekiler.

Umumy aýdanymyzda, hukuk psihologiýanyň taryhynyň döreýşi we ösüsi şulardan ybarat.

Hukuk psihologiýanyň içinde umumy we aýratyn bölümleri bar.Umumy bölüminde dersi, ulgamy, taryhy, usullary, beýleki ylmy dersler bilen baglanşygy, şeýle hem umumy we sosial psihologiýanyň esaslary beýan edilýär.Ýörite bölümde hukukboýunegme özüňi alyp barşyň kanunalaýyklyklary barada, şahsyýetiň duýmasy – syzmasy we aňmasy hem – de kriminogenn ýagdaýlara şahsyýetiň immunitetiniň kemala gelmeginde olaryň orunlary.

Köplenç kazyýet psihologiýasy diýip atlandyrylýan hukuk psihologiýanyň esasy bölümi indiki bölümçelerden ybarat: kriminal psihologiýasy, jebir çekeniň psihologiýasy, kämillik ýaşyna ýetmedik kanuny bozýanlaryň psihologiýasy, sülçilik psihologiýasy, kazyýet tutumynyň psihologiýasy, kazyýet – psihologiki ekspertizasy hem – de zähmet – düzediş psihologiýasy.

Hukuk psihologiýasy – adamyň bütin durkyny öwrenýän özbaşdak psihologiki ders. Beýleki tarapdan bolsa, bu ders tarapdan öwrenilýän, şeýle hem obýektiw kanunalaýyklyklaryň toplumyny ýardam berýän hukuk aspektlary bu ylmy dersde aýdyň ýüze çykan. Ol psihologiki esaslary işläp düzýär:

1. kanunaboýunbolma özüňi alyp baryşyň ( hukukaňlama, ahlak, köpçülik pikiri, jemgyýet steriotipleri);
2. jenaýatçylykly özüňi alypbarşyň ( jenaýatçynyň şahsyýetiniň strukturasy, jenaýatçylykly stereotip,

jenaýatçylykly toparyň strukturasy, kriminogenn ýagdaý, jebir çekeniň şahsyýetiniň strukturasy we olaryň jenaýatçylykly özüňi alyp barşyň genezisindäki orny);
3. hukukgoraýjy işiniň ( kanunybozmalaryň profilaktikasy, sülçilik psihologiýasy, kazyýet tutumynyň psihologiýasy, kazyýet – psihologiki ekspertizasy);
4. kanunybozujylaryň resosializasiýasynyň ( zähmet – düzediş psihologiýasy, ZDE – dan boşadylandan soňra uýgunlaşma psihologiýasy);
5. kämillik ýaşyna ýetmedikleriň psihologiýasynyň ( 1-4 bölümlerde beýan edilen meseleleriň psihologiki esaslaryny).

Hukuk psihologiýasy indiki meseleleri çözýär:
Aýratyn adamlaryň, toparlaryň, köpçilikleriň hukukgoraýjy işleriniň we hukugyň täsiriniň psihologiki kanunalaýyklyklaryny öwrenmek;
Hukukgoraýjy işleriň täsirliligini ýokarlandyrmaklygyň, kanuny berk berjaý etmekligiň, adalatly kazyýet çözgüdini üstünlikli amala aşyrmakhem – de jenaýat eden adamlaryň täzeden terbiýelenmeginiň ylmy tekliplerini işläp düzmek.

Umumy bölümlerinde adatça hukuk psihologiýanyň dersi, mazmuny, meseleleri, usuly esaslary, psihiki tutumlar, şahsyýetiň özbaşdak aýratynlyklarynyň we hukuk goraýjy işgärleriň zähmetiniň psihologiýasyna seredilýär.

## Hukuk psihologiýasynyň ösüşiniň taryhy

**Hukuk psihologiýasy** – psihologiýanyň iň ýaş pudagynyň biri. Psihologiki ylmynyň usullary bilen ýurisprudensiýanyň käbir meseleleriniň ulgamlaýyn çözgüdiniň ilkinji synanşyklary XVIII asyra degişli.

Hukuk psihologiýasynyň ösüşinde indiki döwürleri ýüze çykarmak mümkin:

I. Hukuk psihologiýasynyň irki taryhy – XVIII asyr we XIX asyryň birinji ýarymy.
II. Hukuk psihologiýasynyň ylym hökmünde ilkinji resmileşdirilşi – XIX asyr soňy we XX asyryň başy.
III. Sowet hukuk psihologiýasynyň taryhy.

## Hukuk psihologiýasynyň irki taryhy

Kazyýet – psihologiki aspektlaryna sereden we gumanizm pikirini ýüze çykaran ilkinji alymlaryň biri M.M. Şerbatow ( 1733- 1790). Ol öz işlerinde kanunlar adamlaryň özbaşdak şahsy aýratynlyklary göz öňüne tutup çykarylmagyny talap edýärdi, jezany çekmeklikde şertli – wagtyndan öň boşadylmagynyň meselelerini ilkinjileriň biri bolup gozgady.Ol jenaýatçyny täzeden terbiýelemekde zähmetiň faktoryny oňaýly bahalandyrýardy.

Şeýle hem aýyplanýanlaryň we şaýatlaryň sorag edilmeklerine baglylykda psihologiki maslahatlar berilýän I.T. Posoşkowyň ( 1652 - 1726) işleri gyzyklanma döredýärdi, jenaýatçylaryň klassifikasiýasy, hem - de bir näçe beýleki soraglar gozgalýardy. Jenaýatçylaryň düzelmekleriniň we täzeden terbiýelenmekleriniň pikirini ýaýratmaklygy bu meseleleriň ylmy esaslandyrylmagy üçin psihologiýa ýüzlenmekliginiň hukugyny borçly etdi. Olaryň çözgüdiniň üstünde XIX asyrda Orsýetde W.K.Elpatýewskiý, P.D.Lodiý, L.S.Gordiýenko, Hr.Ştelser we başgalar işlediler.

Hukuk psihologiýasy boýunça aýdyň köp sanly işler Orsýetde XIX asyryň 3 – nji çärýeginde ýüze çykdy. Bu işler I.S.Barşewyň " Wzglýad na nauku ugolownogo zakonowedeniýa", K.Ýa.Ýanowiça – Ýanewskinyň "Mysli ob ugolawnoý ýustisii s toçki zreniýa psihologii i fiziologii", A.U.Freze " Oçerk sudebnoý psihologii", L.Ýe.Wladimirowyň

“Psihiçeskiýe osobennosti prestupnikow po noweýşim issledowaniýam” we bir näçe başgalar.

Atlary agzalan işlerde kazyýetwe sülçilik edaralaryň anyk işlerinde hakyky psihologiki bilimleriň ulanylşy görkezilen. Şeýlelikde, mysal üçin, I.S.Barşew şeýle ýazýardy, eger – de kazy psihologiýany bilmese, onda ol “kazyýet janly jandarlaryň üstünde däl – de, jesetleriň üstündedir”.

Şaýatlaryň görkezmeleriniň bahalandyrlyşynyň psihologiki meseleleri tanymal fransuz alym, matematik – Laplasy hem gyzyklandyrýardy. Fransiýada 1814 – nji ýylda “ Opytah filosofii teorii weroýatnosteý”, Laplas hasaplaýardy berlen görkezmeleriň hakykata gabat gelmeginiň weroýatnostynyň düzüm bölegi, goşulýardy:

1. şaýadyň beren görkezmelerinden şol wakanyň mümkinliligi;
2. sorag edilýäne baglanşykda dört sany çaklamanyň mümkinliligi:

a.) şaýat ýalňyşmaýar we aldamaýar;
b) şaýat aldaýar we ýalňyşýar;
ç) şaýat ýalňyşmaýar, emma ýalan sözleýär;
d) şaýat hem ýalan sözleýär, hem ýalňyşýar.

Hukuk tejribäniň we psihologiýanyň baglanşygy baradaky ylmy düşünjeler sülçileriň işleri bilen baglanşykda döredilen we şu ýüzýyllygň başynda “Sülçilik işiniň psihologiýasy” ýa-da “sülçilik psihologiýasy” diýilip atlandyrylyp başlady. Wagt geçýärdi, psihologiýa hukuk hereketleriniň beýleki guurşawlarynda hem ullanyp başlady. Hukuk psihologiýa bilimleriniň ulgamy bolsa “sülçilik psohologiýasy” diýip atlandyrylmagy dowam edýädi. Diňe 60-njy ýyllarda professor A.R.Ratinaow tarapyndan “hukuk psihologiýasy” diýilen täze at teklip edildi, ylmy hünärleriň hatarynda bolsa 1969-njy ýylda resmi taýdan girizildi. Bu diňe bir köne bilimleriň ýönekeý bir tazeden atlandyrylmasy bolman eýsem hukuk tejribesinde psihologiýanyň barlygynyň we mümkinçilikleriniň täze

düşünjesi bolup durýar, şunlukda ylmy bilimleriň bu pudagynyň dersiniň täze düşünjeleri bolup durýar.

## Hukuk psihologiýasynyň ylym hökmünde esasy meseleleri

Hukuk psihologiýanyň soňky maksady ýurisprudensiýa bilen ummy bolup durýar- hukuk döwletini gurmaklyk, aýratynlygy bolsa hukuk psihologiki hakykatyň baglylygynyň we täsiriniň açylşynyň esasynda onuň üstünlige ukyplylygy, şeýle hem olaryň optimatiýasynyň ýollaryny işlemek.

**Esasy meseleler:**

. hukuk ulgamyny döredilmegine we amala aşyrylmagyna degişli, hukuk- psihologiki baglanyşygy gowy düşünmäge mümkinçilik berýän, şeýle hem olara täsir etmegiň hukuk-psihologiki bilimlerini bilýän, hemme işgärleriň we raýatlaryň ýaraglanmalary;

. hukuk goraýjy edaralaryň işgärleriniň şahsyýetleriniň siwilizasiýa hilli hünär- psihologiki ösüşine we olaryň professionalizma ýardam bermeklik;

. kanun döredijilik, kanun ýerine ýetirijilik, kanun ulanylýan edaralaryň we olaryň hünärmenleriniň öňünde duran hünärmen meseleleriň çözgüdiniň täsirliligini ýokarlandyrmagyň ýoly bilen psihologiki esaslandyrylan işi, şeýle hem beýleki edaralar, guramalar we adamlar tarapyndan kanundüzgüni bekitmek üçin hereketler.

**Indiwidal- psihologiki hadysalar dürli esaslar boýunça bölünýärler:**

**Psihologiki alamatlar-** ýüzleý syn etmeler ( şol sanda psihologiki usullaryň kömegi bilen bellenilen) psihologiki fenomenlary-psihikanyň barlygynyn we işiniň ýüze çykmagy.

Psihologiki fenomenlary görmegi başarmak, näme barada olar şaýatlyk edýändigini, olaryň düşündirmegi, düşünmegi hünärmen hukukçy üçin zerur zatlar bolup durýar.

**Psihologiki kanunalaýyklyklar-** psihologiki hadysalaryň we olaryn şertlenmeginiň obýektiw bar bolan sebäp- sülçilik gatnaşyklary. Psihikada kanunalaýyklyklaryň mümkinçilik häsiýeti bar. Şonun üçin olary öwrenmeklik, baha bermeklik we gözöňüne tutmaklyk şu görnüş boýunça pikir alyşmak dogry bolardy: " düzgün boýunça" , köplenç we ş.m.
**Psihologiki mehanizmlar-** psihologiki alamatlar we kanunalaýyklyklar hemişe mehanizmlar bilen şertlenen. Mysal üçin hukuk ölçegleri bilmeklik we onun yzy bilen gitmek zerurlygynyň barlygynda ynandyrmak baglanyşyklary bar ýöne welin biriniň beýlekä geçmekligi psihologiki mehanizmlar bilen baglanyşdyrylan, eger-de biz olary bilýän bolsak we herekete getirip bilsek onda, ol " işlär".

## Hukuk gurşawyndaky psihiki hadysalaryň dünýäsi

Häzirki zaman hukuk psihologiýasy aşakdaky görkezilen usullary belleýär:
1.Hukuk psihologiýanyň taglymatlarynyň usullarynyň esaslaryny öwrenmek. Taglymat we amaly barlag usullarynyň ugurlaryny işlemek.
2.Şahsyýete gönükdirilen psihologik täsir etmeleriň usullary. Bular jenaýatçylyk bilen göreşýän adamlar tarapyndan amala aşyrylýar. Bu usul jenaýaty açmak, jenaýatly işiň öňüni almak maksadyny göz öňüne tutýar.
3.Kazyýet – psihologik barlaglaryň – ekspertizanyň usullary. Bu usulyň esasy maksady kazyýet ýa – da derňew organlarynyň karary boýunça psiholog – ekspert tarapyndan girizilýän doly we obýektiw barlaglardyr. Bu barlaglarda ulanylan usullaryň toplumy kanun talaplaryna görä çäklidir.
Ýokardaky görkezilen usullardan başga – da hukuk psihologiýasynda indikiler ullanylýar:
1. **Syn etme usuly**. Bu usullaryň gymmatlygy onuň adamyň işiniň adatky akymynyň bozulmaýandygyndadyr.

1.1.Obýektiw netije almak üçin belli bir şertleri ýerine ýetirmelidir:

a) öňünden syn etmäniň nähili kanunalaýyklygynyň bardygyny bellemeli;

b) syn etmäniň maksatnamasyny düzmeli;

c) barlaglaryň netijesini dogry bellemeli;

d) öwrenilýän adamlaryň içindäki syn edijiniň ornuny bellemeli.

2. **Anketa** – sowalnama hödürlemek usuly. Bu usulda adama ýörite soragnamalar hödürlenilýär, topara berilýän soraglaryň bermezligi bilen tapawutlanýar. Anketa usuly bilen deňlikde "jemgyýet pikirň awtomaty" diýen usuly ulanylýar. Bu usulyň gowy tarapy – onuň anonimligi – gizlinligi.

3. **Interwýu** – sorag – jogap alyşmak usuly. Bu usul goşmaça usul höküminde ulanylýar. Ol barlagyň başynda ugur bellemek we iş çaklamany döretmek maksady bilen geçirilýär.

4. **Eksperiment** - barlag usuly. Bu usul ulanylanda ekspert geçiriji synag edilýäniň daşky itergilerini, onuň psihiki tutumlarynyň aýratynlyklarynyň baglylygyny öwrenýär. Tejribe – barlag (laboratoriýa eksperiment) kazyýet psihologiýa barlagy girizilmekde ulanylýar.

## 1.3.Hukuk psihologiýanyň pudaklary

Hukuk psihologiýanyň häzirki zaman ulgamyny aşaky pudaklar emele getirýär:

1. **Kriminal psihologiýa**.

Ol jenaýatçynyň şahsyýetini we jenaýatçylykly özüňi alyp barşyň psihologik mehanizmlerini öwrenýär. Jenaýatçynyň şahsyýeti jenaýatçylykly işi bilen göreşmek amalyýetiniň işleri baglanşyklydyr. Kriminal psihologiýa içinde jenaýatçynyň şahsyýetiniň psihologik aýratynlyklary bilen onuň gurluşy hem jenaýatçylykly toparlaryň psihologiki aýratynlyklaryda seredilýär.

2. **Kazyýet psihologiýa.**

Hukuk psihologiýanyň pudagy adamlaryň kazyýet derňew iş bilen bagly psihiki kanunalaýyklary we mehanizmleri öwrenýär. Kazyýet derňew işdäki adamlara üstünlikli hünärmen hilli işi amala aşyrmak üçin şahsyýetiň hünärmen häsiýetleri we ýörite ukyplary gereklidir. Kazyýet psihologiýa ýuristleriň jenaýat işe gatnaşýan adamlar bilen özara hereket etmek üçin psihologiki usullary işleýär we esaslandyrýar. Şahsyýetiň psihiki tarapyndan öwrenilmegiň çägini serişdelerini we maksadyny belleýär:

- aýyplanýanlaryň, şaýatlaryň, ejir çekýänleriň psihologiýasyny;
- şaýatlaryň görkezmeleriniň psihologiýasyny;
- kazyý et tutumynyň psihologiýasyny;
- kazyýet psihologik- barlaglaryň - ekspertizasynyň usullaryny;
- kanun goraýyş edaralarynyň işgärleriniň psihologiýasyny.

3. **Düzediş psihologiýa.**

Hukuk psihologiýanyň bu pudagy jeza bermekligi bilen bagly ýüze çykýan psihiki hadysalary we jeza berlen adamlaryň täzeden terbiýelemek tutumyny öwrenýär. Düzediş – zähmet işi tussagyň şahsyýetine täsirini ýetirýär. Tussag adamlaryň jeza çekýän ýerlerindäki jemgyýetçilikli psihiki ýagdaýlary – toparyň we köpçüligiň adamlarynyň düzelmegindäki ornuny belleýär. Hukuk zähmetiniň psihologiýasy – özbaşdak psihologiki ders: hukuk professiografiýa, hünärmen maslahat we ugrukdyrmasy, hünärmen saýlap alma we hünärmen terbiýe berme, hukuk goraýjy edaralaryň işgärleriniň spesializasiýasy we hünärmen deformasiýanyň duýdyrylmagy onuň esasy öwrenýän meseleleriniň toplumy. Emma bu ylmynyň hukuk psihologiýanyň ulgamyna girmegine bitewi bir hatar serhet aspektlary bar: mysal üçin, işgärleriň özbaşdak şahsy

aýratynlyklary we olaryň hukukgoraýjy işindäki realizasiýasy ( sorag etmegiň özbaşdak stili )

## II Bap. Hukuk psihologiýasynda akyl ýetiriş hadysalary (kabul ediş, pikirlenme, hyýal); duýma, duýgy – emosional, erk hadysalary (hususy emosiýalar, keýip we ş.m.)

### 2.1.Emosiýalar we duýgular hakynda düşünje

Eger – de kabul edişde, duýmada, pikirlenmede we göz öňüne getirmede dürli serişdeler we hadysalar, olaryň dürli – dürli häsiýetleri we hilleri, mümkin bolan arabaglanşyklary we garşylyklary şöhlelendirýän bolsa, onda duýmalara we duýgularda adam öz akyl ýetirýän zadynyň mazmunyna bolan gatnaşygyny ýüze çykarýar.

Umuman, adamyň psihikasynyň gurluşy boýunça 3 bölege bölmek mümkin. 1- akyl ýetiriş ulagamy;

2- emosiýa-duýgy ulgamy;

3- hereket-erk ulgamy.

Emosiýalarda we duýgylarda adamyň özüni alyp barşyna, hereketlerine, aýdan zadyna, işine göwnüniň ýetýänligi ýa – da ýetmeýänligi ýüze çykýar, olar dürli ýagdaýlarda aňladylýar. Emosiýalar we duýgylar – munuň özi adamyň töwerekdäki zatlara we öz – özüne bolan özboluşly gatnaşyklarydyr. Olar adamyň akyl ýetirşinden we işinden aýrybaşga bolman, onuň iş tutumynda döreýärler we onuň gidişine täsir edýär.

Emosiýalar we duýgularyň çeşmesi bolup, obýektiw serişdeler we hadysalar, ýerine ýetirilýän iş biziň psihikamyzda we organizmyzde bolup geçýän özgerişler hyzmat edýärler. Şol bir serişdeleriň adam üçin ähmiýeti dürli wagtlarda bir meňzeş bolmaýar. Suwsan adamyň içen bir bulgyr suwy ony gandyrýar, lezzet berýär. Eger – de suwsamaýan adamyny suw içmäge mejbur etseň, onda närazylyk dörär, gaharlanar. Söz diňlemek ýakymly, ýöne konsert has uzaga çekse, tolgunmalar gowşaýar, kütelýär, adam ýadaýar, ünsi sowulýar.

## 2.2. Duýmanyň we emosiýalaryň esasy ýerine ýetirýän işleri we hilleri

Biziň duýgularymyz iki işi ýerine ýetirýärler: habar (signal) berijilik we dolandyryjylyk işlerini ýerine ýetirýär.

Duýgularyň habar berijilik işini gynançlaryň daşky gurşawda we adamyň organizminde bolup geçýän özgerişlere laýyklykda döreýänligi we üýtgeýänligi bilen baglanyşyklydyr. Duýgylaryň dolandyryjy işi durnykly gynançlaryň şahsyýetiň özüni alyp barşyna täsir etmekde ony goldaýanlygyndan, duş gelen päsgelçilikleri ýeňip geçmäge ýardam edýändiginden ýa-da işiň gidişine päsgel berip öňüne böwet bolýandygyndan ybaratdyr.

Emosiýalaryň we duýgularyň esasy hilleri. Duýgular dartgynlykda we dartgynlygyň degişli çözgütlerinde ýüze çykýar. Dartgynlyk daşky ýagdaýlaryň üýtgemegine baglylykda güýjäp hem biler.

Dartgynlygyň yzy – süre çözgüt ýüze çykyp, ol adam tarapyndan ýeňillik, köşeşmek ýa – da doly ysgynsyzlyk, gowşaklyk görnüşinde başdan geçirilýär. Hil taýdan tapawutly bolan islendik duýgular we emosiýalar (söýgi, ýigrenç, gorky, dözmezlik, begenç we ş.m.) ýakymly ýa – da ýakymsyz we näbelli görnüşinde garalyp geçilip bilner. Emosiýalar we duýgylar özboluşly aýratynlygy olaryň polýarlygynyň belläp geçmek bolar. Polýarlyk munuň özi iki taraplaýyn emosional gatnaşyklaryň garşylykly duýgularyň (şatlyk – gaýgy, söýgi – ýigrenç, mähirli – doňýürek) birligidir.

Şahsy we jemgyýetçilik durmuşyň täze şertleri täze duýgylary döredýär. Bu şertler häsiýeti we manysy boýunça täze – täze syzmalaryň, duýgylaryň döremeginiň çeşmesidir. Meselem: Türkmenistanyň özbaşda döwlet bolmaklygy türkmen halkynda täze duýgylary döretdi.

## 2.3. Duýgularyň görnüşleri

Psihologiýa manysy boýunça aşakdaky duýgylary tapawutlandyrylýar: ahlak (moral), akyl ýetiriş (intellektual), gözellik (estetiki) duýgylary.

**Ahlak duýgular**. Ahlak duýgular diýip, şahsyýetiň beýleki adamlaryň we onuň özini alyp barşyna bolan emosional gatnaşyklaryna aýdylýar. Ahlak duýgylary adamlaryň bilelikdäki işleriniň tutumynda döreýär we ösýär, bu jemgyýetde kabul edilen ahlak kadalaryň täsirini duýýarlar. Ahlak duýgylar adam gatnaşyklaryň ulgamy we şol gatnaşyklary kadalaşdyryjy etiki hormatlar tarapyndan döredilýär. Şeýle duýgylaryň döremegine halkymyzyň uzak taryhy döwürleriň mirasy bolan däp – dessurlaryň kem – kemden adamlaryň akyl ýetirilmegi, ahlak duýgylaryň, gatnaşyklaryň kemala gelmegi kömek edip biler.

**Akyl ýetiriş duýgylar**. Akyl işiň tutumynda döreýän başdan geçirmelere akyl ýetiriş duýgylar diýilýär. Bilesigeljilik, bilmäge höweslilik, geň galmaklyk, meseläniň çözgüdiniň dogrylygyna ynamlylyk, şowsuzlyklara uçranda şübhelenmeklik, has çuň bilimlere höweslendirýän täzelikleri duýmak – akyl ýetiriş duýgylaryň mysallarydyr.

Wäşilik we kinaýa duýgylary hem akyl ýetiriş duýgylara degişli bolup, olarda adamyň özi tarapyndan akyl ýetirilen we berlen obýekitlere bolan gatnaşyklary çykyş edýär. Wäşilik duýgysy, bir tarapdan, ýakymly (položitel) häsiýetlendirýän we söýgi döredýän, ikinji tarapdanbolsa, hoşniýetli gülki döredýän kemçilikleri bar bolan hadysalar we adamlarbilen baglylykda başdan geçirilýär.

**Kinaýa duýgysy** – dünýä, adamlara öz – özüne bolan ýiti tankydy garaýyşlaryň aňlatmasydyr. Kinaýa hiç kimi we hiç zady gaýgyrmaýar.

**Gözellik duýgylar**. Gözellik duýgylar adam gözellikleri kabul edende, döredende ýüze çykýar we ösýär. Meselem:

Gaýgysyz Atabaýewiň, Nedirbaý Aýtakowyň we beýleki taryhy şahslaryň başda geçiren kynçylyklary, bitiren işleri adamlarda guwanmak, hormat goýmak, haýran galmak duýgylaryny döredýärler.

## 2.4. Emosional ýagdaýlar

Şahsyýetiň durmuşynda emosional ýagdaýlaryň ähmiýeti ulydyr. Olar belli bir wagtyň dowamynda adamyň hemme psihiki işini bezeýärler we ysnaşyklyk derejesi boýunça tapawutlanýan keýplerde we göçgünli (affektiw) ýagdaýlarda ýüze çykýarlar. Emosional ýagdaýlar diňe bir dowam edýän psihiki işiň häsiýetine bagly bolmak bilen çäklenmän, eýsem oňa uly täsir edýärler. Emosional ýagdaý ýerine ýetirýän işe, edilen herekete, özüňi duýşyňa, diňlenen saza, okalan goşga we ş.m. bagly bolýar.

Emosional ýagdaý adamyň özini alyp barşynyň hil aýratynlyklary, şeýle hem tötänleýin, oňa mahsus bolmadyk hil hadysalar hökmünde-de ýüze çykýar. Adam üçin hilli emosional ýagdaýlarda şahsyýetiň özbaşdak – hil (indiwidual – tipologiki) aýratynlyklary beýan edilýär. Meselem: melanholikler uzak wagyt keýipsiz ýagdaýda bolmaga meýilli bolup, sangwinikler bolsa, şadyýan, gujurly emosional ýagdaýlary bilen tapawutlanýarlar.

Tötänleýin emosional ýagdaýlar şahsyýetiň düýpli aýratynlyklaryny ýüze çykarman emele gelen ýagdaýa laýyklykda ýüze çykýarlar. Meselem: käbir şertlerde örän parahat adamlarda-da göçgünlilik ýagdaýy döräp biler.

**Hyjuwlar** – ymtylşyň ýeketäk maksadyna, serişdesine ýetmäge gönükdirlen gowşamaýan güýji emele getirýän, güýçli, durnukly, uzak wagytlaýyn duýgylara hyjuw diýilýär. Hyjuwlar adamy hemişe işjeň herekete çagyryp, şonuň üsti bilen kanagatlandyrylýar we şonuň esasynda hem ösýär.

**Keýip**. Keýip – munuň özi adamyň ähli beýleki başdan geçirmelerini we işlerini bezeýän has köp ýa – da az durnukly emosional ýagdaýdyr. Keýp özüniň dowamlylygy bilen, aýdyňlylygy, aňlanylýanlygy ýaly häsiýetleriň dürli derejede bolmagy bilen tapawutlanýar.

**Göçgünlilik** (affekt) **ýagdaýy**. Göçgünlilik ýagdaýy kem – kemden ýokarlanýan emosional dartgynlyk arkaly ýüze çykýar. Göçgünlilik ýagdaýy üýtgediji we göze görnüp duran ýagdaýda bolýar.

**Dartgynlyk, dowul** (stress) **ýagdaýy** – munuň özi garaşylmadyk dartgynly şertlerde döreýän emosional ýagdaýdyr. Özüňi alyp barşyň dowul ýagdaýy garaşylmadyk, duýdansyz üýtgeýän şertlerde töwerekleýin hereketler, çalt we özbaşdak, karara gelmek zerurlygyny döredýän howply ýagdaýlarda täsire jogabyň çaltlygy ýaly häsiýetlerde ýüze çykýar.

Dowul ýagdaýynda maksada gönükdirlen işiň amala aşyrylmagy kynlaşyp, pikiriň başga zada geçmeginden we bölünmeginden başlap, hatda hereketleriň umumy togtamagy ýa – da bozulmagyda bolup biler.

**Frustruasiýa ýagdaýy** – bu durnukly ýaramaz (otrisatel) tolgunmasyny döredýän, aşa närazylyk meýilleriň gabalmagy, onuň we hereketleriň bozulmagy bilen üýtgeýän emosional ýagdaýdyr.

Islegiň, meýliň, maksadyň kanagatlandyrylmazlygy hemişe frustruasiýa ýagdaýynyň ýüze çykmagyna getirmeýär. Bu ýagdaý diňe närazylygyň derejesiniň adamyň çekip çydajak derejesinden ýokary bolan ýagdaýynda ýüze çykýar.

Frustruasiýa ýagdaýynda adam aýratyn güýçli nerw – psihiki tolgunmany başdan geçirýär. Ol aşa janyny ýakmak, gazaplylyk, tukatlyk, töwerekdäki zatlara parhsyzlyk, çäksiz özüňi horlamak görnüşlerinde ýüze çykýar. Durmuş ýagdaýlarynda agyr gam – gussany başdan geçirýän adamlarda frustruasiýa ýagdaýy gaýtalanyp durýar.

Agressiýa (lat - topulmak) özbaşdak ýa – da toparlaýyn özüñi alyp baryş, fiziki ýa – da psihiki zyýan, şikes ýetirmek maksady bilen edilýän hereket, ýa – da beýleki adamy ýa – da adamlar toplumyny ýok etmeklik. Agressiýa köp (babatlarda) şanly ýagdaýlarda subýektiň frustruasiýa jogap hökmünde ýüze çykýar we gazaplanmanyň, duşmançylygyň, ýigrenjiň we ş.m. emosional ýagdaýy bilen ugrukdyrylýar. Şuňa meňzeş reaktiw Agressiýa onuň dürli görnüşlerinde birine maksadaokgunly – aňlanylan zyýan ýetirmek bilen häsiýetlendirilýän (ekspressiw A.. impulsiw A., affektiw A.) duşmançylykly Agressiýany tapawutlandyrmak zerur we instrumental Agressiýa bu ýerde subýektiň hereketleriniň maksady garaşsyz, Affekt bolsa oňa ýetmegiň serişdeleriň biri bolup ulanylýar.

Affekt köpçilikleýin sosial ýüze çykmalaryň ( terror, genosid, rassa, dini, ideologiki çaklamalar) görnüşleri üçin olary ugrukdyrýan ýokuşma we özara induksiýa – umumylaşdyrma döredilen “duşman keşbinde” stereotipizasiýa düşünjesiniň.A. subýektiň agressiw özüni alyp baryşa taýýarlyk şahsyýetiň durnukly häsiýeti hökmünde seredilýär.

## III Bap. Erkiň, ýadyň, akyl ýetiriş, pikirlenmäniň hukuk meselelerinde ýüze çykyşy

### 3.1. Akyl ýetiriş tutumlaryň umumy häsiýetnamasy (duýma, kabul ediş, pikirlenme, hyýal, ýat, erk.)

Daş – töweregi öwrenmeklikde ediýän hereketde şahsyýetiň akyl ýetirşi ýüze çykýar. Akyl ýetiriş hereketler özüne indiki tutumlary jemleýär:

Sensor hilli (lat: sensus – duýma) akyl ýetiriş tutumlar serişdeleriň we ýagdaýlaryň aýratyn ähmiýetlerini şöhlelendirýärler. Bu hereketiň psihiki netijesine duýma diýip atlandyrylýar.

**Duýma** – munuň özi serişdeler, hadysalar adamyň duýgy organlaryna täsir edende olaryň aýry-aýry häsiýetleriniň beýnide şöhlelenmegidir. Duýmanyň bölümlere bölnüşi bir näçe esaslara görä berilýär. Reseptor bilen duýmanyň döredýän gyjyndyryjynyň arasynda göz göni baglanşygyň bardygy ýa-da ýokdygy boýunça distant - aralyk we kontakt - galtaşmak resepsiýalaryny tapawutlandyrýarlar. Görüş, eşidiş, ys alyş distant resepsiýa degişlidir. Duýmalaryň şu görnüşleri has ýakyn çäkdäki ugur alyşy üpjün edýärler. Tagam, agyry, temperature duýmalary gatnaşyk – baglanşyk arkaly syzmaklykdyr.

Reseptorlaryň bedeniň daşynda organizmiň içinde, ýa – da myşsalarda ýerleşişi boýunça eksterosepsiýa - (görüş, eşidiş, ys alyş we ş.m.), proprioresepsiýa - (myşsalar, dammar arkaly duýma) we interosepsiýa - (açlygy we suwsyzlygy duýma) ýaly görnüşleri tapawutlandyrýarlar.

Perseptiw (lat: persipere – kabul etme) akyl ýetiriş tutumlary, serişdeleri we ýagdaýlary bitewlikde şöhlelendirýärler. Bu serişdeleriň we ýagdaýlaryň psihiki şekillerine kabul ediş diýip atlandyrylýar.

**Kabul ediş** – munuň özi serişdeleri we hadysalary duýgy organlaryň täsir edenlerinde olaryň bölekleriniň we häsiýetleriniň bitewilikde şöhlelendirilmegidir. Kabul ediş dürli duýmalaryň esasynda döräp, ýöne olaryň jemine syrykdyrylmaýar. Kabul ediş duýmalaryň arasyndaky belli bir gatnaşyklara baglydyr.

Duýma bolmasa kabul ediş hem bolmaz. Ýöne kabul ediş duýmadan başgada gözöňüne getirmeler we düşünjeler görnüşinde adamyň geçmişdäki tejribesini hem öz içine alýar. Kabul edilýän serişde, mysal üçin: electron hasaplaýjy maşynyň täze görnüşi dürli, ýöne öňden tanyş serişdelere meňzeşdir. Kabul ediş tutum şahsiýetiň beýleki psihiki tutumlary bilen bilelikde geçýär: pikirlenme, (biz öňümizde duran zada akyl ýetirýäris), sözleýiş (kabul edilýän serişdäniň adyny tutýarys), duýgylar (kabul edýän zadymyza belli bir nazar bilen garaýarys), erk (nähili bolsa – da kabul ediş tutumyny ygtyýarly guraýarys) tutumlar bilen amala aşyrylýar. Kabul edişiň dolulugy we dogurlylygy adamlaryň jemgyýetçilik tejribesine, serişdeleriň alamatlary we aýratynlyklary barada toplanan düşünjelere baglydyr. Adam özüniň akyl ýetiriş işinde bilimini özleşdirýär, olary anyklaýar, giňeltýär, öz düşünjelerine jemgyýete belli – belli bolan düşünjeler bilen deňeşdirýär.

Kabul edişiň fiziologiki esasy analizatorlar ulgamynyň bitewleýin işidir. Reseptorlarda amala aşyrylýan ilkinji seljermäniň üsti analizatorlaryň beýni bölekleriniň çylşyrymly seljerme – baglanşdyrma (analitik – sintetik) işi bilen doldurulýar.

Talyp mowzugy kabul edeninde mugallymy görýär, onuň gürrüňini eşidýär, mowzugyň esasy mazmunyny ýazýar. Hereket edýän gyjyndyryjylaryň bitewleýin (kompleksleýin) görüş, eşidiş, hereket ediş, reseptorlaryna gyjynma döredýär. Emele gelen gyjynma beýnidäki barda merkezine iberilýär. Netijede kabul edişiň bitewliligi kesgitleýän nerw

baglanşyklaryň çylşyrymly ulgamy emele gelýär. Bu baglanşyklar bolsa şöhlelendirilýän hadysalaryň bitewliligini we serişdeliligini şertlendirýärler. Ikinji habar beriji (signal) ulgamy (sözleýiş şöhlelendirýän serişdeleriň düşünilmegine we oýlanyşykly bolmagyna ýardam edýär, we adamyň kabul ediş keşpleriniň kämil bolmak tutumyny kadalaşdyrýar).

**Kabul edişiň häsiýetleri**: kabul edişiň seçijiligi; kabul edişiň serişdesi we ýeri (fony); appersepsiýa – kabul edişiň geçişini mazmuny we häsiýeti aýry – aýry adamlaryň gönükdirilmesine, olaryň durmuş tejribeleriniň aýratynlyklaryna, höweslerine, şahsiýetiň umumy gönükdirilmesine baglydyr; kabul edişiň manylygy we jemlenenligi, kabul edişiň bir meňzeşliligi – (konstantlyk diýlip, kabul edilýän ululygyň aralyk, ýagtylyk derejesi üýtgäninde, onuň görnüşiniň we reňkiniň otnositel – hemişelik galmagyna aýdylýar).

**Kabul edişiň görnüşleri**. Wagtyň kabul edilişi – munuň özi hadysalaryň ýa-da wakalaryň dowamlylygynyň we yzygiderliliginiň şöhlelenmesidir. Hereketiň kabul edilişi – diýip, serişdäniň giňişlikdäki ugrynyň we tizliginiň şöhlelenmesine aýdylýar. Adamyň adamy kabul edişi. Aragatnaşyk saklamak tutumynda her bir adam özara işleşýän adamlarynyň keşiplerinde we düşünjelerinde özüniň ýaş, jyns, gurluş (konstatusion), psihologik aýratynlyklary bilen bilelikde şahsyýet hökmünde, özbaşdaklyk (indiwiduallyk) hökmünde şöhlelendirilýär.

Ygtyýarsyz we ygtyýarly kabul ediş şahsyýetiň işiniň maksada okgunlylygyna baglylykda kabul edişi ygtyýarly we ygtyýarsyz diýen toparlara bölünýärler. Ygtyýarsyz kabul ediş töwerekdäki serişdeleriň aýratynlyklary (olaryň açyklygy, hatara durşy, üýtgeşikligi), şeýle hem bu serişdeleriň şahsyýetiň isleglerine laýyk gelýänligi bilen dörediliýär.

Ygtyýarly kabul edişde adam öňünde maksat goýýar, özünde dörän hyýaly, islegi amala aşyrmak üçin, belli bir

tagallalar edýär, kabul ediş obýektini ygtyýarly saýlap alýar. Töwerekdäki zatlara akyl ýetiriş tutumlarda kabul ediş syn etmeklige geçip biler.

Intellektual (lat: intelektus – aň), ýa – da pikirlenmek, tutumlar hadysalaryň arasyndaky teýli (wajyp) gatnaşygy şöhlelendirýär.

Pikirlenme hakykaty şöhlelendirmegiň ýokary görnüşidir. Pikirlenme – munuň özi dil bilen aýrylmaz baglanşykly, aýry – aýry ýagdaýlar, hadysalar dogrusynda düýpli täzelik açmagyň we agtarmagyň düşünjelerini jemlemegiň tutumy bolup, onuň netijesinde barlyk (hakykat) seljermäniň we baglanyşdyrmanyň esasynda aralaşdyrlan usulda şöhlelendirilýär. Akyl ýetirşiň duýgy derejesinde daşky täsirler gös - göni biziň aňymyzda degişli keşpleriň döremegine getirýärler.

**Pikirlenmäniň ýerine ýetirýän işleri.**

Pikirlenmäniň esasy ýerine ýetirýän işlerine seljerme – baglanşdyrma, deňeşdirme, aýratynlaşdyrma, umumylaşdyrma, böleklere bölmek, ulgamlaşdyrmak ýaly düşünjeler degişlidir. Bu işleriň her biri akyl ýetiriş tutumynda belli bir işi ýerine ýetirýär we beýleki işler bilen çylşyrymly arabaglanşykda bolýarlar.

**Pikirlenme mesele çözmekde.**

Pikirlenme tutumy adatça, adam haýsy – da bolsa bir kynçylyga uçranda, bir zada düşünmäge, haýsy – da bolsa bir meseläni çözmäge isleg bildiren ýagdaýynda başlanýar. Başgaça aýdanymyzda, pikirlenme mydama meselenmeden başlanýar.

Pikirlenmede meseläniň çözgüdi dürli – dürli bolup geçip biler. Adamyň synanyşmak we ýalňyşlyklar usullary, has dogry we doly, nädogry çaklamalaryň üsti bilen hereket edýän ýagdaýlarda bolýar. Pikirlenmäniň görnüşleri: aýdyň – hereket, aýdyň – keşp, söz – manylyk ( logiki). Psihologiýada köplenç

akylyň çuňlygy, giňligi, çeýeligi, tankydylygy, özbaşdaklygy ýaly häsiýetlerine hem garalyp geçilýär.

Pikirlenme birbada logika we psihologiýa ylymlary tarapyndan öwrenilýär. Logika pikirlenmäni netije tarapyndan öwrenip, esasan, pikirlenmäniň logiki görnüşleri bilan düşünje, piker ýöretme we piker jemlenme ýlay hadysalary deňlenýär. Psihologiýa bolsa pikirlenmäni onuň içki gurluş, onuň esasy döredijileri tarapyndan öwrenýär.

Islendik pikirlenme problema situasiýasyndan-mesele ýagdaýyndan başlanýar. Problema ýagdaýy-bu haçanda adam näbellilige uçrap, ony çözmäge öňden taýýr usullar ýetmezçilik edýän wagtynda ýüze çykýan ýagdaýdyr. Hçanda adamnäbellilikden bir belli häsiýeti ýüze çykaran ýagdaýynda bu ýagdaý özüniň problemalygyny bes edýär; ol ýumuşa öwrülýär. Ýumuş bolsa öz gezgindepikirlenme operasiýalary bolan analiz, sintez, deňeşdirme, utgaşdyrma we beýlekileriň kömegi bilen çözülýär. Pikrlenme bilen ýumuş çözülende tötänleýin saýlaw (Meslsm: diş sogurýanyň sag dişiň üstünden barýnça beýlekileri tötänleýin yzly-yzyna sogurmagy); rasional saýlaw çözlüşiň has ähtimal kesimini tapyp, oňa iki taraplaýyn golaýlaşma arkaly batyp ýetmek ( Meslsm: tapmaça berlende öýdeçimi-düzdeçi, iýilýänmi-iýilmeýän ýaly soraglar bilen agtaryşyň meýdanyny daraltmak); jemleýji-hertaraplaýyn häiýetli saýlaw-bu haçanda çözülişiň mümkingadar köp sanly şertlerini göz öňüne tutup piker üsti bilen mysal çözmek;

Pikirlenme üsti bilen ýumuş çözülende öňündengörüjiligiň-intuisiýnyň hem ähmiýeti uludyr.

Pikirlenmäniň aýdyň-hereket (3 ýaşa çenliçagalarda), aýdyň-keşp (6-7 ýaşa çenli çagalarda), söz logiki görnüşleri bardyr. Pikirlenmädüşünjeden öňki we düşünjede aňladylýan döwürleri geçýär. Has kiçi çagalarda zatlary biri-birine düýpli meňzeşligi boýunça toparlara bölmektabşyrylsa, bu ýumuş dürli çagalarda dürli hili çözülýär. Mesele: 4,5,6 ýaşly çagalar

predmetler diňe bir-birine golaýlygy boýumça toparlara bölünýär. Biraz soňra predmetler obýektiw sypaty boýunça (reňkli görnüşi materaly we ş.m.) toparlara goşulsada soňky goşulan pedmete eýýäm birinçä meňzemeýän predmet ýanynda goýulýar. Bu ýagdaý mundan beýläk hem şeýle dowam edýär.

Geljekki şaýadyň, jebir çekeniň, guman edilýänin, tussag edilýäniň kabul edişide

**Hyýal** – bu hem pikirlenme ýaly ýokary akyl ýetiriş hadysasydyr. Hyýal edil pikirlenme ýaly ýumuşuň çözgüdini aralaşdyrylan usulda tapmaga mümkinçilik berýär. Ýöne hyýalyň netijesi düşünjede-sözde däl-de, aýdyň keşpde aňladylýar. Hyýal döredijilik işiniň möhüm düzüjisi, işiň aralyk we ahyrky netijelerini aňda döredýän problema situasiýanyň-mesele ýagdaýyň çylşyrymlylyk derejesi has ýokary bolanda, özüň alyp barşyň maksatnamasyny döretmäne mümkinçilik berýän aky ýetiriş hadysasydyr. Jemgyýetde döreýän döredijilik baglanşykly meseleler ýüze çykanda, köplenç maglumatlar ýetmezçilik edip, ony pikirlenme bilen çözmäge mümkinçilik bolmaýar. Meselem: XX asyeyň 60-njy ýyllarynda adam hakyky älem gämisinde aýa barmazdan ýüz ýyl ozal Žýulwerniň hyýaly gahrymanlary hyýalda döredilen älem gämisinde aýa barýarlar.

Hyýalyň işjeň-aktiw we işjeň däl-passiw görnüşleri bolup, işjeň hyýal öz gezeginde gaýtadan dikeldiji we döredijilikli hyýala bölünýär.

Döredijilik hyýalda original-gaýtalanmaz obrazy-keşbi döretmegiň usullary:

1. Agglitunasiýa-ýelmeşdirmek-zatlaryň, hadysalaryň hakyky düşünmeýän taraplaryny sepleşdirip, täze original-gaýtalanmaz keşp döretmek. Bu usul tehniki döredijilikde we beýlekilerde ulanylýar.
2. Ulaltmak (giperbollaşdyrmak), ýa-da kiçeltmek boýunça täze keşipler almak. (Ýartygulak, döw)
3. Ýitelmek, goýulaşdyrmak boýunça täze keşpler döretmek.

4. Tipikleşdirmek-bu zatlara haýsydyr bir sypat boýunça umumylaşdyryp, jemleýji keşp döretmek. Bu çeper eserlerde esasy we ikinji derejeli gahrymanlaryň ýatda galmagy üçin ulanylýan usul.

Mnimiki hilli (grek . mneme - ýat) tutumy – ýat keşplerini döredýärler. Ýadyň göz – öňüne getirmelerini täze şekil döretmeleri – hyýal tutumlary.

Hyýal – bu adamda bar bolan bilimleri täze ýagdaýa geçirmek arkaly keşipleri, serişdeleri, ýagdaýlary döredýän psihiki tutumdyr.

Hyýal boş ýerde döräp bilmez. Dogabitdi kör adamyň hiç haçan özüniň hyýalynda reňkli keşipleri döredip bilmeýşi ýaly, eneden dogma ker adam hem sesi hiç haçan göz öňüne getirip bilmez. Adam hyýaly döretmek üçin görmeli, eşitmeli, täsir almaly, duýmaly we olary ýatda saklamalydyr, göz öňüne getirmelere baý bolmalydyr.

**Hyýalyň görnüşleri**:

Hyýalyň gaýtadan dikeldiji we döredijilikli hyýal ýaly iki görnüşi tapawutlandyrylýar.

Gaýtadan dikeldiji hyýal söz, san, nota we beýleki öň kabul edilen belgi ulgamlaryň esasynda emele gelýär. Adam gaýtadan dikeldiji hyýal bilen ýada düşürmek esasynda öz ygtyýarynda bar bolan belgi ulgamyny bilimler bilen baýlaşdyrýar.

Döredijilik – hyýal – täze we nusga keşiplerini özbaşdak döretmekdir. Bu hyýal ýazyjylarda, nakkaşlarda, binagärlerde, kompoziterlerde,alymlarda,we başga – da ençeme hünärli adamlarda has ösendir.

Döredijilikli hyýal gaýtadan dikeldiji hyýaldan has çuň we çylşyrymlydyr. Atomyň gurluşyşynyň planetar görnüşini (Rezerford, Bor), otnositellik taglymatyny esaslandyrmak (Eýnşteýn), türkmen halysynyň gölini döretmek (näbelli gadymy ussat) ýaly ýokdan bar edilen zatlary, öňden bar bolan zatlary göz öňüne getirmekligi gaýtadan dikeltmek bilen

deňeşdirip bolmaz.Hyýalyň ygtyýarly we ygtyýarsyz görnüşleri – de bardyr.

Arzuw – bu hyýalyň aýratyn görnüşi bolup, täze keşipleri özbaşdak döretmekdir.

Ýat. Ýat – bu durmuş hadysalaryny we şahsyýetiň işini ýatda galdyrmak, ýatda saklamak we gaýtadan dikeltmekdir.

Ýadyň esasy tutumlary: Ýatda saklamak. Ýatda saklamagyň tutumy üç görnüşde bolup geçýär: ýatda galdyrmak, ygtyýarly we ygtyýarsyz ýatda saklamak.
Ýatda galdyrmak – serişdäniň bir näçe sekuntlap bir gezek görkezilmegi netijesinde wakanyň gysga wagytlaýyn we uzak wagytlaýyn ýatda pugta we dogry saklanyp galmagydyr.

Ygtyýarsyz ýatda saklamak – munuň özi wakalaryň bir näçe gezek gaýtalanmagy netijesinde olaryň ýatda galmagydyr. Ygtyýarsyz ýatda saklamak hemişe bolup durian, gaýtalanýan wakalary şöhlelendirýär. Çaga bir ýaşanyndan soň, belli bir dil gurşawynda bolmak bilen ene diliniň sözlerini ýat tutýar. Mugallym mekdepde okuwçylar bilen bir näçe gezek duşyşandan soň olar bilen sapak geçirmese – de, käbirini ýatda saklaýar.

Adamyň ýatda saklamagynyň esasy görnüşi ygtyýarly ýatda saklamakdyr. Ol zähmet çekmek, adamlaryň aragatnaşyk saklamagy netijesinde döräp, zähmet çekmek üçin zerur bolan bilimleri, endikleri ýatda saklamak, ýerine ýetirmek zerurlygy bilen baglydyr.

Ýat tutmak – munyň özi haýsy dyr bir serişdäni ýatda saklamak maksady bilen ýatda galdyrmakdyr.

Psihologiýa ylmynda akyl işiň tutumynda döreýän başdan geçirmelere akyl ýetiriş (intellectual) duýgylar diýilýär. Bilesigeljilik, bilmäge höweslilik, geň galmaklyk, meseläniň çözgüdiniň dogrulygyna ynamlylyk, şowsuzlyklara uçranda şübhelenmeklik, has çuň bilimlere höweslendirýär.

## 3.2. Kyn ýagdaýlarda deň däl meseleleriň ewristiki çözgüdi hökmünde jenaýatlaryň açylşy

Geljekki kabul edişinde illýuziýalar ( ýalňyşlyklar, aldawlar ) ýer eýeläp bilýärler. Olaryň döremekleriniň tutumynyň öz kanunalaýyklyklary bar.

1) Illýuziýa käwagtlar syn etmäniň aýratyn şertleriň netijesinde ýüze çykýar, meselem: bir göz bilen syn etmeklik, gözüň göreçleriniň hereket etmezliginde syn etmeklik, jaýrykdan syn etmeklik we ş.m.

2) Görüşiň illýuziýasy köp babatda görýän zadyň barada ýalan pikir ýöretmeklik bilen ýüze çykýar, görüş keşbiniň nädogry pikir ýöredişinde bu ýerde aldaw başlanýar.

3) Köp illýuziýalar gözüň optiki kämilleşmedikligi bilen şertlenip hem – de göreş tutumyna (setçatka, nerwylaryň reflekslary) degişli her dürli analizatorlaryň käbir aýratyn esaslary bilen. Şeýle hem blizorukostyň, dalnozorkostyň, daltonizmyň hem – de köp adamlara mahsus bolmadyk görüş apparatynyň beýleki kemçilikleri netijesinde görüş duýmanyň käbir zaýalanmaklyklary bolmagy mümkin.

Ylmy - tehnikanyň häzirki ösüş döwründe köplenç şaýatlary, jebir çekenleri, guman we tussag edilýänleri döwrebap aragatnaşyk serişdelerinden alnan maglumatlar barada sorag etmeli bolýar.

Şeýle hem awiasiýa heläkçiligi, tiylik ulaglaryň we apparatlaryň işleri bilen baglanşykly täze jenaýat işleriniň derejeleriniň sülçilik edaralarynda döreýänligi. Şonuň üçin sülçi işgärlerine hem – de şaýadyň, jebir çekeniň, guman

edilýänin, tussag edilýäniň tehniki gönükdirilmelerinde mümkinçiliginiň bardygyny bilmek zerur.

Üns meselesi – psihologiýanyň esasy soraglarynyň biridir. Üns diýip haýsydyr bir anyk zada aňyň gönükdirilmesi we jemlenmegine düşünilýär.
Ünsüň ugry hem şu adam üçin anyk faktlaryň manysy we gyzyklanmasy bilen kesgitlenilýär. Her kimi özüniň meşgullanýan işine ýakyn zatlar gyzyklandyrýar, edil şu wagt meşgul zady, onuň ýerine ýetirýän işi.

Kabul edişe adamyň şahsyýetiniň aýratynlyklarynyň täsirini görkezmek bilen adamyň duýgy organlaryny ýagdaýyna kabul edişiň hiliniň baglylygyny bellemek gerek.
Görşimiz ýaly, her bir anyk serişdäniň kabul edişe – çylşyrymly hadysa. Adamy kabul edilişik has çylşyrymly bolup durýar: sülçilik işiniň geljekki agzasy diňe bir onuň bütin durkyny we bolekleýin fiziki alamatlary alýar hem pikirlenýär. Bu tutuma şeýle hem oňa mahsus alamatlaryň atlandyrmalary degişli bolup durýar: sözleýşiň, aýdyşyň aýratynlyklary boýunça, sypaty we özüni alyp barşy boýunça ýaşy, milleti, işiniň görnüşi, häsiýeti, adamlara bolan oňa mahsus emosional gatnaşyklar barada pikir etmeklik.

Adam adamy kabul etmek tutymynda “dakylmaklygyň” gönükdürmä kesgitli baglyly ýüze çykaryldy. G.M. Andrewiň belleýşi ýaly nätanyş adamlar barada ilkinji täsiriň döremeginde bu dakylmagyň orny has wajyp. Bu A.A. Bodalewiň tejribelerinde ýüze çykarylypdy. Şeýlelikde talyplaryň iki toparyna şol bir adamyň suraty görkezilipdi. Ýöne birinji topara hödürlenýän suratda görkezilen adam kökuran jenaýatçy diýip maglumat berildi, ikinji topara bolsa şol bir adam barada uly alym diýip aýdyldy. Soňra bolsa her tioara şul adam barada dil üsti surat düzmekligi teklip edilipdi. Birinji ägdaýda gabat gelýän häsiýetnama alynypdy: çuň oturdylan gözler gizlenen gzap barada, öňe çykyp duran äň- “jenaýatda soňuna çenli gitmek” baradaky aýgytlylygyna

şaýatlyk edýärdi we ş.m. Şeýle hem ikinji toparda çuň oturdulan gözler çuň pikirler barada, öňe çykyp duran äň bolsa-bilesigelijiligiň ýolundaky kynçylyklary ýeňip geçmäge erk barada maglumat berýärdi we ş.m.

Bu hilli tejribeler şahsy ara kabul ediş tutumynda aragatnaşykda ýoldaşa habar berýän we bu häsiýetnamalara gönükdirmäniň täsiriň derejesine häsiýetnamalaryň orunlary baradaky soraglara jogap bolmaly.

Her bir adamda sosial alamatlaryň anyk kabul ediş her hili bolup biler, şeýle hem ýene – de durmuş tejribesine bagly bolup durýar. Kabul ediş “ oýlanyp alnan pikirler ” (predwzýatyýe) uly üns berip bilýär, mysal üçin gürläp duran adamyň sözleriniň we hereketleriniň nähili manysynyň barlygy baradaky öňünden dörän göz öňüne getirmeler. Bu aýdylanlar diňe şaýadyň, ejir çekeniň, guman we tussag edilýänleriň kabul edişe degişli bolman, eýsem sülçiniň işine, haçan – da ol sorag eden wagty soňkylary diňläninde hem degişli bolup durýar.

Sülçiniň aňy jenaýaty açmagyň üstünde uly güýç sarp edip işleýär, ýagny pikirlenmäniň döredijilik tutumy bolup geçýär. Bu döwürde bilesigelijilik işleri bolup geçýär: täze maglumatlaryň gözlegi- jenaýat bolan ýeriň gözden geçirilişi, zerur materiallary ýygnamak, işe gatnaşýan adamlary sorag etmeklik. Soňra bolsa bu maglumatlaryň seljerilişi umumylaşdyrmasy- netijeleşdirmesi bolup geçýär hem- de onuň esasynda sülçi dürli çaklamalary düzýär. Ýöne bu çaklamalar isleg bildirilen netijä getirmeýärler. Olar biri-biriniň üstüne münüşip we gatlaşyp gidýärler, emma şonuň bilen birlikde olaryň her haýsy nähilidir bir aňda galýarlar.

Intellekty anyklamak synanşykda indiki esasy gatnaşyklary ýüze çykarmak mümkin:

1. Intllekt - bu öwrenmeklige bolan umumylaşdyryjy ukyp;
2. Intellekt - bu abstrakt, bölnüp alnan pikirlenmä bolan ukyp;
3. Intellekt - bu çylşyrymly gurşawda özüňi alyp barşyň täsirli uýgunlaşmasyny üpjün edýan zat.

4. Intellekt - bu intellekt testleri bilen ölçelinýän zat.

Organizmyň we gurşawyň arasyndaky gatnaşygyň guralyşy intellektyň özeni diýip düşünilýär, onuň ösüşi bolsa adekwot uýgunlaşmada ýüze çykýar.

Intellektyň bu hilli düşünjesi ony Owrenmäge bolan ukyp hökmünde abstrokt pikirlenme hökmünde ýüze çykýan netije dälde, tutum hökmünde seretmekligi ygtyýar edýär.

Köp babatda sülçi her hilli çaklamalarda haýsydyr bir fakty hasap etmeýär,
sebäbi şol wagt onuň aňlaýan hadysalarynyň köp sanly alamatlary bar.
Ýöne welin sülçiň rasional- tygşytly, aňlaman guramaçylykly hereketleri bu döwürde duýgurlyk üçin uly orun eýeleýärler. Bu ýerde meseleli ýagdaýlaryň aňlanylmaýan çözgüdi hem bolup geçýär we bu çözgüdiň gurluşynyň düzüm bölekleriniň ( ilkibaşda aňlanylmaýan) gönükdirýärler, emma " garaşylmadyk" sülçi üçin dogry ýoluň tapylmagy – "ýagtylandyryş" daşky ýüze çykma, intellektual duýgurlyk bolup durýar.

---

Duýgurlygy köplenç "inseýt" (iňlis dilinden "incite" – ýagtylandyryş).
Bu aňlanylýan düzüm bölekleriň we duýgurlygyň gatnaşygyny ýa.A. Ponamarýow seretdi- işledi. Ol duýgurlyk gerek bolan ýeňiljek meseleleriň çözgüdi üçin döredijilik işiniň şertlerini ,odelleşdirilen birnäçe telribeler geçirdi. Ýa. A. Ponamarýowyň barlag – gözleg usullary indikide jemlenýärdi: ol mesele çözmegi \ hödürleýärdi \ teklip edýärdi; emma welin synag edilýän adam işläp bilmedik ýagdaýynda, Ponamarýow birinjiň bolup beýleki meseläni berýärdi. Beýleki ýagdaýlarda Ponamarýow ilki başda " kömek etmek" berýärdi( ýagny, beýleki meseläniň çözgüdinin açary bolan meseläni), soňra bolsa – esasy meseläni.

Barlag- gözleg işleri görkezdi, "kömek etmeklik " meseleden öň berilse, onda "kömek etmek" kömek bermeýär,

eger-de ony meseleden soň berilse, soňra bolsa ýene-de mesele, onda mesele çözülýär.

Bu hadysanyň mehanizmini düşündirýän çaklamanyň esasyna kömek edilen ýagdaýynda işiň netijesiniň birsydyrgyn däldigi barada hakykat( fakt) goýuldy. –Onda göni (aňlanylýan) we gapdal ( aňlanylmaýan) önümleriň barlygy.

Bu çaklamanyň esasynda mümkinçilik ýüze çykýar, haçanda kömek edilen meseleden öň gelýän bolsa, meseläniň çözgüdiniň açary bolup duran jogabynyň şol bölümi kabul edilmeýär hem-de meseläniň çözgüdiniň serişdesi hökmünde ulanmak mümkin bolmaýar.

Emma welin anyk şertlerde bu bölümiň hereketiň netijesi hökmünde kabul etmek mümkinçiligi bolýar.

Herketiň aňlanylmaýan önüm hökmünde ýüze çykmagyň duýgurlygyň döremeginin dänesi bolup durýar.

Duýgularyň aňlamasyzlykdan aňlamaklyga psihologiki tutumynyň geçilşiniň özboluşlylygy bar. Şonuň üçin sülçiniň işinde syn etmegiň ussatlygy zerur. Ýagny, ygtyýarly we ygtyýarsyz hem – de ygtyýarly ünsden soňky ünslilik sülçi üçin örän wajyp bolup burýar. Ünslilik sülçiniň esasy hünärment häsiýetleriniň biri bolup durýar.

Duýgurlyk, döredijilikli aňlamagyň bölümi hökmünde, tapmaçany kesgitleme gurlyşynda açylşy ukyplylygy, esasyny tapmak tutumyň gidişini düşündirmäge, ahyrynda dogurlylygyny ýa-da ýalňyşlylygyny öz içine almakda, ony aňlamak hökmünde göz öňüne tutýarys. Sülçi başga adamyň eşitmeýän ýerinde ses eşitmäni başarýar. Onuň üçin bu derejede (wersiýalary öňe sürmekde) subut etmeleriň toplumy duýgyrly, ewristiki aňyň toplumy häsiýetlendirlen.

Duýgyrlyk ewristiki çözgüt hökmünde ýüze çykýar, subut etme tutumy hökmünde bolmaýar we onuň netijesi müňkürlik hilli bolýar.

Pikirlenme mesele çözmekde : pikirlenme tutumy adatça, adam haýsy –da bolsa bir kynçylyga uçranda, bir zada düşünmese,

haýsy – da bolsa bir meseläni çözmekde isleg bildiren ýagdaýynda başlanýar. Başgaça aýdanymyzda, pikirlenme hemişe meseleden başlanýar.
Pikirlenmede meseläniň çözgüdi dürli – dürli bolup geçip biler. Adamyň synanyşmak we ýalňyşlyklar usulda, has dogry we doly nädogry çaklamalaryň üsti bilen hereket edýän ýagdaýlarda bolýar.
Ewolýusion ösüş tutumynda haýwanlaryň ençeme nesilleriniň durmuş şertlerine laýyk gelýän endikler, kem – kemden bermeýärler we özüňi alyp barşyň nesile geçýän görnüşini öwrülýärler. Özüňi alyp barşyň zehin görnüşi. Zehinli özüňi alyp baryş – bu özüňi alyp barşyň ýokary görnüşidir. Ony ýokary derejede ösen maýmynlarda we delfinlerde görmek bolýar.

Zehin - akyl – öziňi alyp baryş haýwanlaryň üýtgäp duran daşky gurşawda has doly we dogry uýgynlaşmagyny üpçün edýär. I. P. Pawlow köp sanly tejribeler netijesinde maýmynlaryň öňden dörän endiklerini üýtgedip bilmeýänlikleri, olary daşky ýagdaýyň üýtgemegi täze birikmelere (kombinasiýalara) birikdirmäge ukyplydyklary barada netijä gelipdir. Özüňi alyp barşyň zehin görnüşi haýwanlaryň gurşawyň üýtgeýän şertinde üstünlikli uýgunlaşmagyny üpçin edýänligi bilen tapawutlanýar. Bu özüňi alup baryşda diňe bir aýry – aýry serişdeleri däl – de, olaryň arasyndaky gatnaşyklaryny hem höweslendirmek mümkinçiligi döreýär: özüňi alyp barşyň bu görnüşiň esasy meseläniň üstünlikli çözülmegini üpjün edýän taýýarlyk görüş döwrüni hem öz içine alýar.

## 3.3 Sorag edilende ýadyň kanunalaýyklaryny ulanylşy we ýüze çykyşy

Hukuk psihologiýasynda sorag etmegi iki adamyň arasyndaky jenaýat tutumlarynda hukuk kadalary bilen berk

baglanyşdyrylan gürrüň hökmünde kesgitlenilýär. Gürrüňe gatnaşýanlar hukuk tarapyndan borçly bolmaýarlar. Gürrüňi sazlaşykly alyp barmak üçin, söhbetdeşligiň maksadyna ýetenligi üçin, dogry netije çykarmak üçin sorag etmegiň bäş sany esasy bölümleriniň kanunalaýyklyklarynyň esaslary boýunça geçirmeli.

Sorag etmegiň esasy serişdesi ýagdaýlar bolup durýar, sebäbi olar jenaýatçylyga nähilidir bir zady degişli bolýar, ýagny haýsydyr bir gatnaşyk boýunça ýakyn bolýar.

**Ýat** – bu durmuş hadysalaryny şahsyýetiň işini ýatda galdyrmak, ýatda saklamak.

**Ýadyň esasy tutumlary**.

Ýatda saklamak, ýatda galdyrmak, ygtyýarly we ygtyýarsyz ýatda saklamak, ýat tutmak. Ygtyýarsyz ýatda saklamak hemişe bolup duran gaýtalanýan wakalaryň birnäçe gezek gaýtalanmagy netijesinde olaryň ýatda galmagydyr.

Sülçi jenaýatçylar bilen hemişe berk kanuny gatnaşyklarda bolup,olaryň özlerini alyp baryş, hereketlerini ýat tutýarlar. Sülçiler nobatdaky jenaýatçylaryň özlerini alyp barşyndan eýýäm tejribelikde gaýtalanyp duran häsiýet bolan soňra berk ýatlarynda ornaşan hereketleri tanaýarlar. Daş töwerekdäki bolup geçýän zatlara düşünmeklik ukyby adama onuň geçen durmuşy mümkinçilik berýär, sebäbi onuň esasynda ýat bar.

**Erk** – munuň özi psihologik häsiýetine edýän gymyldy hereketleriniň derejesine ýagdaýyna gözegçiliik edip bilmek, ony dolandyryp bilmek, başarjaňlyklaryň ýüze çykmasydyr. Erk ýa – da erkli hereket adamlary özlerini alyp barşynda ýüze çykýan psihologiki tutum hökmünde onuň durmuşynda uly orun eýeleýär.

Psihiki hadysa bolan erk adamyň ähli zada bolan islegleriniň:uky, dynç alyş, iýmit, fiziki iş, kadaly akyl işi, hem – de geljekdäki edäýjek, amala aşyryp biläýjek arzuwlary we maksatlary.

Her bir erk tutumy adamyň tutuş häsiýetini, özüni alyp baryş derejesini görkezmeýär. Olar dürli ýagdaýda ýüze çykýarlar. Emma çagalarda erkli hereket göreşde we oýun esasynda kämilleşýär we üç ýaşdan başlap olar özlerini; “men” diýen şahsy kesgitleme bilen tanamaga, eden işine baha bermäge ymtylýarlar. Meselem: men pikir etdim, men bildim, men düşündüm, we ş. m.

Aňyň psihologik gurluşuna geçmezden ozal adamyň psihikasynyň umumy gurlyşy bilen tanyşmak zerurdyr. Adamyň psihikasy akyl ýetiriş (duýma, Kabul ediş, pikirlenme, hyýal), duýgy-emosiýa ( emosiýa adamynyň işini dolandyrýan duýgy hökmünde, duýgy adamynyň işinde şahsyýet hökmünde dolandyrýar, emosional häsiýet hökmünde) hem-de gatnaşyklar düzüm bölekleri öz içine alýar.

I Psihikanyň akyl ýetiriş ulgamy öz düzüminde akyl ýetirşiniň pes (duýma, kabul ediş) we ýokary derejelerini (pikirlenme we hyýal) saklaýar.

II Psihikannyň duýgy-emosiýa ulgamy zatlaryň, hadysalaryň adamyň isleglerini kanagatlandyryp bilmek ähtimllygyny beýnide şöhlelendirýär.

III Psihikanyň hereket ulagamy

Adamyň aňynyň birnäçe psihologik aýratynlyklary bardyr:

1. Haýwanyň psihikasyndan tapawutlylykda adam aňy özünde ontogeneziň (bir jandaryň ýaşaýyş dowamynda döreýän aýratynlyklar), filogeneziň (bütin janly-jandaryň, ýeke öýjüklerden adama çenli aralykdaky häsiýet aýratynlyklary) we taryhy-logiki mazmuny bütewilikde jemleýär. Haýwan esasan ontogenezde nesle geçijilik esasynda filogenezde döreýän psihiki aýratynlyklary özünde jemleýär.

Haýwan üçin adama mahsus bolan taryhy gazanyşlar we gelejege geçirişler ýatdyr.

2. Adam aňy birbada fiziki we psihologik ( belgiler, sözler, we ş.m ) gurallaryň ulanylmagynda hereketlenýär.

3. Adam aňy ýokarda aýdylyşý ýaly, akyl ýetiriş, isleg-duýgy ulgamlary bilen bir hatarda gatnaşyklary hem özünde jemleýär.

4. Haýwanlaryň uýgunlaşma häsiýetli psihologiýasyndan tapawutlylykda adam aňy döredijilik häsiýetdedir.

5. Adam aňy öz mazmunynda predmet aňy we öz-özüňi aňlamaklygy saklaýar. Bellenilşi ýaly, adam aňy mazmun taýdan dürli-dürli bolup,onuň bir bölegi predmet aňy ( obýektiw-barlyk aňy ), ikinjisi bolsa öz-özüňi aňlamaklykdyr.

Predmet aňy-öz gözüň görýän, eşidýän, syzýan zatlaryna laýyklykda howupdan gaça durup, amatly ztlary bolsa kabul etmek, özleşdirmek häsiýetdäki özüňi alyp barşy göz öňünde turýar. Predmet aňy agyr ruhy-psihiki kesel ýagdaýynda hem (şizofreniýa, aligofreniýa) köp derejede saklanýar. Bu hili kesellerde predmet aňy saklansa-da öz-özüňi aňlamaklyk zaýalanýar, ýitip gidýär.

Öz-özüňi aňlamaklyk-bu has umumylaşdyryp aýdylanda, adamyň birbada pikirlenip, hereket edip sözläp şol bir wagtyň özünde hem özüniň nähili pikirlenýändigine gürleýändigine baha berip bilmegidir. Muňa refleksiýa hem diýilýär.

# IV Bap. Hukuk psihologiýasynda jenaýatçynyň şahsyýeti barada düşünje

## 4.1. Adam, şahsiýet, indiwiduallyk hakynda düşünjeler

**Adam hakynda düşünje**. Jemgyýetçilik ylymlarynda, durmuş tejribesinde **“adam”**, **“şahsyýet”**, **“indiwiduallyk”** düşünjeleri giňden ulanylýar. Olar kä halatlarda deň manyda garalýar, käte bolsa biri – birine garşy goýulýar. Bu garaýyşlaryň ikiside nädogrydyr. Adam hakyndaky düşünje iň düýpli, başlangyç düşünjedir. Adam – munuň özi ozaly bilen süýt emdirijiler synpyna degişli homosapiýens, pähimli biologik jandardyr. Bu görnüşiň haýwanlarda tapawudy, onuň aňly – düşünjeli, daşky dünýä we hut öz – özüne akyl ýetirip bilýän, şoňa laýyklykda parasatly herekede ukyplylygyndan ybaratdyr. Adam biologik görnüş hökmünde aýratyn alamatlary bolan jismi gurlyş hökmünde häsiýetlendirlip, ol alamatlara onuň göni ýöreýşi, zähmete ukyply elleri, dünýäni düşünjeler boýunça şöhlelendirip, ony öz isleglerine, bähbitlerine we ideallaryna laýyklykda özgertmäge mümkinçilik berýän ýokary derejede ösen kelle beýnisiniň bolmaklygy degişlidir.

Şonuň bilen birlikde adam jemgyýetçilik jandary bolup, bu onuň iň esasy alamatydyr. Jemgyýetçilik durmuşy we zähmet diňe bir adamy tebigy gurluşyny kämilleşdirmek bilen çäklenmän, eýsem ony öz gurlyşyna tabyn edipdir. Adam hususy jemgyýetçilik önümi bolup durýan aňy döredijidir. Adam jemgyýet gurluşyň kömegi bilen diňe bir akyl ýetirmäge we zähmet çekmäge ukyply bolman, eýsem özüniň içki tutumlaryna düşünmäge, olary durmuşyň daşarky ýagdaýlary bilen deňeşdirmäge, parasatly hereket etmäge hem ukyplydyr. Adam köp taraplaýyn bolup, bir bada tebigy ylymlaryň hem – de jemgyýetçilik ylymlarynyň öwrenýän obýekti bolup durýar.

**“Şahsyýet”** diýen düşünje **“adam”** diýen düşünjeden biraz darrakdyr. Şahsyýet – jemgyýetçilik – taryhy dereje

bolup, onuň jemgyýetçilik häsiýeti we jemgyýetçilik işleri (funksiýalary) ony häsiýetlendirýän esasy sypatlardyr. Şahsyýet esasan jemgyýetçilik ylymlaryň – taryh, filosofiýa, sosiologiýa, etika, estetika, psihologiýa, pedagogika,we ş.m. öwrenýän obýektidir.

Şahsyýet – jemgyýetçilik ösüşiň subýekti bolup, onda belli bir orny eýeleýän we jemgyýetçilik orny ýerine ýetirýän aňly – düşünjeli indiwiddir. Bu orun şahsyýetiň jemgyýetçilik işidir: mysal üçin, ata – enäniň çagalara terbiýe bermek orny, mekdep müdirini mugallymlar toparyna (kollektiwine) ýolbaşçylyk etmek we okuwçylary okatmak tutumynyguramak boýunça we ş. m.

Şahsyýetiň nukdaýnazary (pozisiýasy) – onuň gatnaşyklarynyň ulgamyndan durýar. Şahsyýetiň esasy gatnaşyklary onuň durmuşyň maddy şertlerine, jemgyýete we adamlara, öz – özüne, öz borçlaryna jemgyýetçilik we zähmet çekmek borçlaryna we ş. m. Bolan gatnaşyklaryndan durýar. Bu gatnaşyklar şahsiýetiň ahlak keşbini, onuň jemgyýet işlerini häsiýetlendirýär.

Gatnaşyklary diňe bir olaryň obýekte gönükdirilmegi boýunça däl – de, eýsem olaryň aňlanylyş derejesi boýunça hem tapawutlandyrýarlar. Köplenç pes aňlanylan we çuň aňlanylan gatnaşyklary tapawutlandyrýarlar.

Pes aňlanylan gatnaşyga – gysga wagytlaýyn söýgi ýa – da ýigrenç duýgylary mysal bolup biler. Çuň aňlanylan gatnaşyk – munuň özi gatnaşyk bolup, ol pursatyň talaby bilen däl – de, içki ynamlar, şahsyýetde kemala gelen ahlak pikirleri, borjuňa we wezipäňe düşünmek bilen kesgitlenilýär.

Şeýlelik – de psihologiýa ylmy şahsyýeti jemgyýet mazmunly gurlyş hasaplaýar. Şahsyýet – munuň özi şol bir adam bolup, ýöne adam bu ýerde jemgyýetçilik zähmetliligi, jemgyýetçilik işi nukdaýnazarda seredilýär. Fiziolog adamy organizm hökmünde öwrenip, sosiolog we psiholog bolsa oňa esasan şahsyýet hökmünde çemeleşýärler. Hut şonuň

üçin hem şahsyýete, onuň gurlyşyna kesgitleme berlende jemgyýetçilik we tebigy tarapyna deň ähmiýetde garamak bolmaz.

**Şahsyýet** – munuň özi aňly – düşünjeli indiwiddyr. Ýöne şahsyýetiň psihologiýasyna, onuň işiniň, ukyplarynyň we häsiýetiniň mazmunyna, käbir ýagdaýlarda onuň beden gurlyşynyň aýratynlyklaryny (mysal üçin: kelle beýnisiniň gurluşyny) seljerme etmän onuň jemgyýetçilik ornuna düşünmek bolmaz.

**Indiwiduallyk** – Indiwiduallyk şahsyýetden uly ýa – da onuň ýokarsyndaky bir zat däldir. Indiwiduallyk – munuň özi şahsyýetiň özboluşlylygynyň derejesidir. Indiwiduallyk hakynda gürrüň edilende, şahsyýetiň originallygy göz öňüne tutulýar. Köplenç "indiwiduallyk" sözi bilen şahsyýetiň ony başga adamlardan tapawutlandyrýan haýsy dyr bir esasy aýratynlygy aňladylýar. Her bir adam indiwidualdyr, ýöne käbir adamlaryň indiwiduallygy has aýdyň, ýiti ýüze çykyp, käbir adamlaryňky bolsa çala göze ilýär. Indiwiduallyk akyl, duýgy, erk gurşawynda, başgaça aýdanyňda psihiki işiň ähli gurşawynda birden ýüze çykyp biler. Akylyň originallygy, onuň başgalaryň görmeýän zatlaryny görmek ukybyndan, habarlary täzeden işlemek baradaky aýratynlyklardan, meseleleri goýmagy we olary çözmegi başarmagyndan ybaratdyr. Duýgylaryň özboluşlylygy olaryň biriniň (akyl ýa – da ahlak duýgysynyň) adatdan daşary ösmeginden, duýgunyň has çaltlygyndan ybarat bolup biler. Erkiň aýratynlygy bolsa onuň güýjünde, aýratyn edermenlikde ýa – da özüňe erk etmeklikde ýüze çykýar. Originallyk mundan başga – da anyk adamyň aýratynlyklarynyň onuň hereketlerine we özüni alyp barşyna aýratyn äheň berýän özboluşly sazlaşygynda hem ýüze çykyp biler.

Indiwiduallyk şahsyýeti has anyk, takyk we şonuň bilen bilelikde has doly häsiýetlendirýär. Ol şahsyýetiň psihologiýasy öwrenilende, psihologiýanyň beýleki

ugurlarynde hem hemişelik derňew obýektdir. Durmuş tejribeliginde hem – de ylymda “indiwiduallyk” diýen söz bilen birlikde “indiwid” diýen söz hem ulanylýar. “Indiwid” sözi adatça haýsy – da bolsa bir umumylygyň, birligiň, janly organizmleriň bir görnüşiniň ýekelik wekilini aňladyp, biziň gürrüňimiziň çäkleri özüne mahsus aýratynlyklary bolan şol bir anyk adama düşünilýär.

**Şahsyýetiň esasy psihologik taglymatlary.**

Has umumylykda şahsyýetiň psihologik taglymatlaryny 3 ugra bölmek mümkin:

1. Şahsyýetiň psihologiki taglymatlary. Munda şahsyýetiň psihologik guluşyny kesgitleýän esasy zat şahsyýetiň içki psihologik meselelrini, motiwleri, piker-duýgulary hasaplanýar.

2. Şahsyýetiň sosiodinamiiki taglymatlary. Munda şahsyýetiň gurluşyny kesgitleýän esasy zat daşky sosial gurşaw, onuň adama edýän täsiri hasaplanýar.

3. Şahsyýetiň interiaksionistik-özara täsiri taglymatlary. Munda şahsyýetiň gurluşy içki we daşky şertleriniň özara täsirinden getirilip çykarylýar.

Egre-de bulary formulada aňlatsak, onda 1-njy taglymat

**Ş=F(Ş)**

bu ýerde, "Ş”, şahsyýet, “F” funksianol hereket tabynlygy, garaşlylygy.

2-nji taglymat:

**Ş=F(G)**

bu ýerde, “G” daşky guşaw.

3-nji taglymat:

**Ş=F(Ş.G)**

Psihodinamiki häsiýetdäki taglymata Zigmund Freýdiň psihoanalitiki taglymatyny görkezmek bolar. Bu taglymatda şahsyýet, onuň hereketlenişi dogabitdi, aňlanylmaýan instinktleriň özara görnüşleri netijesi hökmünde serdilýär. Şeýle instinktler hökmünde adamyň aňlanylmaýan ýagdaýda ölüme ymtyluş inistinkti-tanatos we aňlanylmaýan ýagdaýda söýgä ymtylşy-eros degişlidir.

Sosiodinamiki taglymatlara mysal hökmünde bihewioristik-özüňi alypbaryş taglymatlary görkezmek mümkin.

Klassika diýmek başlangyç diýen manyny berýär.

Interaksionistik taglymatlara mysal hökmünde Z.Midiň "simwoliki interaksionizm" taglymatyny görkezmek bolar. Interaksionistik taglymatlary esasynda şahsyýetiň asakdaky esasy häsiýetleri ýüze çykarylýar:

Şahsyýetiň ukyplary, kognýutiw-akyl ýetiriş strategiýasy, garaşmalary, gymmatlyklary, özüňi alyp barşyň meýilnamasy.

## Şahsyýetiň häsirki zaman taglymatlary

Jemleýji görnüşde şahsyýetiň psihoanalitik, bihewioristik, kognitiw, ynsanperwer taglymatlary bardyr.

Psihoanolitik taglymaty esaslandyran Z.Freýddir. Onuň pikiri şahsyýet ömür boýy biri-birine gapma-garşy güýçde bolýan instikleriň we olary barlaşdyrjak bolýan admyň "meniň" dartgynly ulgamyndan durýar. Munuň düýpgöter gapma-garşylygy bolan gumanistik taglymatydyr. Tersine şahsiýeti sazlaşykly, biriniň ösüşini beýlekisini gollaýan gurluşdan ybaratdyr diýip kesgitlenilýär. Şomuň üçin bu taglymat şahsyýeti stimullaryň we oňa dogry jogap bermegi öwretmegiň bitewiligi bolu durýar. Bu taglymatda ýene-de bir düşije öwredilipdir.

Aýdylşy ýaly, şahsyýetiň esasy psihologik taglymatlarynyň ýene-de biri kognitiwistik taglymatydyr. Bu

taglymatyň esasy düşünjesi adamyň akyl ýetirişi, pikirlenmesi, aňlaýjy bilen baglanşyklydyr. Munuň düşündirilşine görä, her bir adamyň öz boluşly derňewçi bolup, ýaşaýşynyň her bir pursty dogrusynda çaklamalar döredip, bulary bolsa subutnama esasynda çözýär. Durmuşda näsazlyk dörände, adam ony akyl ýetirmek, çözlüş tapmak arkaly deňagramlaşdyrýar. Bu ugurda has giňden ýaýran taglymatlara akyl ýetirişiň çaprazlygy, kognitiw laýyklyk taglymatlarydyr. Jemläp aýdanyňda kognitiwistik taglymatda şahsyýet işi we durmuşy esasan onuň akyl ýetiriş dünýäsinde bolup geçýär.

Bu taglymatlaryň şahsyýetiň esasan bir gurluşy ulgamynda üns berýänligi üçin olar bitaraplaýyndyr. Şeýle bitaraplaýynlylyk şahsyýetiň toplumlaýyn kompleks derňewi asasynda ýeňilip geçilýär.

## Şahsiýetiň psihologik gurluşy

Ýokardaky biososial düzümi göz öňünde tutýan nusga hökmünde şahsyýetiň psihologik gurluşynyň mysaly görnüşi häsiýetde K. K. Platonowyň teklip eden nusgasyna ýüzlenmek has oňaýlydyr:

1. Şahsyýetiň gönükdirilmesi-bu düzüm bölegi özünde motiwleriň, gatnaşyklaryň toplumyny jemleýär. Başgaça aýdylanda, şahsyýetiň gönükdirilmesi adamyň drmuşda nämäniň haýryna, bähbidine ugrugyp hereket edýänligi görkezijidir. Adatça şahsyýetiň jemgyýetçilik (il bähbidine) gönükdürilmesi, indiwidual-özünelik (öz bähbidiňe) hem-de işewir gönükdirilmeklik ýaly görnüşleri tapawutlandyrýarlar. Psihologik jähitden, şahsyýetiň gönükdirilmesi onuň düzümindäki iň esasy aýgytlaýjy düzüjisidir. Sebäbi ol adamyň jemgyýetdäki öz hususy ornuny , nukdaýnazaryny, öz ýörelgesiniýär.
2. Şahsyýetiň sosial tejribesi- bu düzüm bölegi özünde başarnyk endikleri jemleýär. Şu ýerde “name üçin sosial tejribe

däl-de şahsyýetiň gönükdirilmegi esasy hasaplanýar?” diýen sowal ýüze çykýar. Munuň has golaý jogaby bilimbaşarnyk-endikleri başga birinden kabul edip özleşdirip bolýar. Emma şahsyýetiň gönükdirilmesiniň döredilmesi mydama onuň öz doýnuna ýüklenýär. Didronyň “Kabul edijilik entek zehin däldir” pikiri hem şuňa bagalyşykda bolýar. Eger-de ýada salsak 40-erenler Göroglynyň düýşünde oňa zerur zady has gowy bilýän hem bolsalar, öz durmuş ýolunyň esasy ugruny aňlatmagy Göroglynyň hut ozone tabşyrylýar.

3. Psihiki hadysanyň indiwidual aýratynlyklary-bu akyl ýetiriş, duýgy-emosional, gymyldy-hereket ulgamlarynyň ozboluşly aýratynlyklarydyr. (güýji, çalt-hyýallygy, möçberi, çuňlugy we beýlekiler).

4. Şahsyýetiň biopsihiki düzüm bölegi-munda temperament, bilen üýtgeşmeleri, inistunkler we beýlekiler bolýar.

Şahsyýetiň düýpli psihologik taraplary bolan gylyk we ukyp ýokardaky gurluşa bäşinji we altynjy düzüji bolup goşulmaýar. Başgaça aýdanyňda, islendik ýokarda görkezilen 4 düzüm böleginiň elementleri degişli talaplary kanagatlandyran ýagdaýda olar hem gylyk hem ukyp bolup bilýär.

Şahsyýetiň taglymatlarynyň bir ugry-da interaksionastik, ýagny, içki we daşky şertleriň özara täsiri taglymaty bolup, onuň görnükli wekilleriniň biri Maýşeldir. Maýşel şahsyýetiň gurluşunda aşakdaky düzüm bölekleri ýüze çykarýar.

1. **Ukyplar**
2. **Kognetiw-akyl ýetiriş strare giýsy**
3. **Şahsyýetiň garaşmalary**
4. **Şahsyýetiň gymmatlyklary**
5. **Özüňi alyp barşyň maýilnamasy**

Şahsyýetiň has giňden ýaýran tglymatlarynyň biri-de Z. Freýdiň psohoanaliýik şahsyýet nazaryetidir. Ol şahsyýetiň psihologik düşünjeleri görnüşünde:

**It** ol) -aňlanylmaýan jyns instinkleriniň toplumy;

**Ego** (men) -şahsyýetiň ýeke-täk aňlanylýan düzüm bölegi;

**Super ego** (ýokary men) – öz mazmunynda ahlak çäklendirmeleri, gadagan etmeleri jemleýän düzüm bölegi.

## 4.2. Şahsyýet biziň jemgyetimizde we häzirki zaman günbatar psihologiýasynda

Jemgyýetçilik we şahsyýetiň ösüşi gös – göni we organiki özara baglanyşyklydyr. Ýöne, şol aragatnaşyk diňe jemgyýetiň belli gurluşynda sazlaşykly häsiýetde bolýar. Şahsyýet jemgyýet üçin, jemgyýet her bir şahsyýet üçin işleýär, sebäbi onuň aladalarynyň merkezinde şahsyýet, onuň maddy we ruhy isleglerini kanagatlandyrmak wezipesi durýar: öz gezeginde bolsa her bir şahsyýet jemgyýet üçin işleýär, onuň ruhy, sosial we maddy talaplary näçe doly kanagatlandyryldygyça, şonçada ol köp gujur we pikir bilen işleýär.

Şahsyýetiň ösüşi esasan durmuşdaky köpçilik başlangyçlaryň ösüşi bilen berk baglydyr. Şahsyýetiň we jemgyýetiň, şahsy we jemgyýetçilik bähbitleriniň kadaly ösen jemgyýetdäki sazlaşygy şahsyýetiň baý gurluşyny döredip, onuň hertaraplaýyn ösüşine şert bolup durýar. Şu ýerde hem adamyň köpçülikde ýaşamak we işlemek höwesi, toparlar onuň ilkinji höwesine öwrülýär.

Şahsyýet häzirki döwürde psihologiýanyň, pedagogikanyň we etikanyň üns merkezinde durýar. Şahsyýete bolan gyzyklanmanyň has güýçlenmegi syýasy we önümçilikli maksatlary bilen döredilýär. Şahsyýeti öwrenmek – onuň işini netijeli dolandyrmagyň möhüm şertidir. Şahsyýet hakyndaky ylym jemgyýetiň syýasy bähbitlerine galtaşýar. Şonuň üçin hem bu ugurda döredilýän taglymatlar olaryň eýeleriniň pikir gönükdirilmesine bagly bolýar. Günbataryň psihologiýasynda şahsyýet barada köp dürli, köplenç biri – birine garşy durýan we garşy göreşýän taglymatlar ýaýrandyr. Şolaryň arasynda biologik, biososial we sosial taglymatlar has tapawutlanýarlar.

Aýratyn hem Z.Freýdiň şahsyýete berýän düşündirişinde biologizm has aýdyň ýüze çykýar. Onuň taglymatyna görä, şahsyýet aýrybaşga biologik indiwiduallyk hökmünde hemişe jemgyýetde bolýar we özünde onuň täsirlerini duýýar, emma şol bir wagtyň özünde – de oňa garşy durýar. Şahsyýetiň özüni alyp barşy tutuşlygyna biologik meýiller ýa – da instinktler bilen, esasan hem seksual meýiller bilen kesgitlenilýär. Freýd meýilleriň gurluşyndan uruşlaryň gutulgsyzdygyny getirip, adama söýmeklige bolan meýil bilen ölüme we weýrançylyga bolan meýilleri dogabitdi hasaplaýar. Freýdiň taglymaty şahsyýetiň biologik indiwidualizmini absolýutlaşdyrýan taglymatdyr. Biososial taglymatyň wekilleri (olar has köpçülikdir) bütewi şahsyýeti iki bölege bölmäge synanyşýarlar we adamyň psihiki tutumlarynyň biologik tebigaty bolup, şol wagtyň özünde şahsiýetiň gönükdirilmesi jemgyýet hadysalar tarapyndan kesgitlenilýär diýip tassyklaýarlar. Şeýle düşünje nädogrydyr , sebäbi eýýäm ýönekeý duýma tutumy adamyň jemgyýet taýdan döredilen häsiýetleri bilen çylşyrymlaşandyr.

Günbataryň psihologiýasynda şahsyýetiň sosial taglymaty (Dýurkgeým) giňden ýaýrandyr. ABŞ – da aýratyn hem sosiallaşdyrmak diýilýän taglymata aýratyn işlenilýär. Şu taglymata laýyklykda, adam biologik şahs bolup dogulmak bilen durmuşyň jemgyýet şertleriniň täsiri arkaly şahsyýete öwrülýär. Onda adamlaryň aragatnaşygyna psihologik taýdan biri – birine düşünişine aýratyn ähmiýet berilýär, şol bir wagtyň özünde adamlaryň ykdysady we syýasy gatnaşyklaryna, olaryň şahsiýete edýän täsirine kembaha garalýar.

Şu taglymatyň wekilleri konformizm (adamyň toparyň talabyna biygtyýar tabyn bolmagy) hadysasynyň derňewlerine, jemgyýet toparyň şahsiýete edýän täsirine uly üns berýärler. Günbataryň psihologlary adamyň toparda özüni alyp barşyny derňemek bilen şahsiýetiň toparyň talaplaryna ýa – da başgaça aýdanyňda jemgyýetiň düzgünlerine uýgynlaşmagyna bolan

aňlanylan ýa – da aňlanylmaýan meýillerini ähliumumy kanunalaýyklyk diýip yglan edilýär. Şol bir wagtyň özünde konformizm şahsiýetiň jemgyýetçilik düzgünlerine uýgynlaşmagy üçin hemmetaraplaýyn mehanizm hasap edýärler.

Hakykatda bolsa, toparyň, şahsyýete edýän täsiri dürli häsiýetli bolup biler. Munuň özi şahsyýetiň aýratynlyklarynda, onuň pikiri taýdan tutýan ornuna, häsiýetine şonuň ýaly hem täsir etmegiň aýratynlyklaryna bagly bolýar.Ýoldaşlyk hyzmatdaşlygy we özara kömek şertlerine köpçiligiň we şahsyýetiň aragatnaşyklary anyk häsiýetlidir, köpçiligiň agzalarynyň toparyň bähbitleri üçin edýän hereketleri bolsa ynamly köpçiligiň hereketleridir. Şeýle hereketleriň konformlyk hadysasy bilen hiç hili umumlygy ýokdyr.

Şahsyýetiň aladalaryna galtaşýan sosial – psihologik taglymatlaryň biri – de öwretmek taglymatydyr. Bu taglymata laýyklykda şahsyýetiň durmuşy, onuň gatnaşyklary öwrenmegiň, bilimleriň toplumyny özleşdirmegiň netijesidir (E.Torndaýyk we başgalar). Mekdepde okatmagyň we öwretmegiň ýaş ösüşiň durmuşa taýarlamakda, şol sanda şahsyýeti kemala getirmekde ähmiýeti ulydyr. Ýöne şahsyýetiň tutuş ösüşini diňe öwretmegiň täsirine syrykdyrmak bolmaz. Onuň kemala gelmegine jemgyýetçilik, durmuş, gurşaw, zähmet, adamlaryň aragatnaşyklary aýgytlaýjy täsir edýärler.

Daşary ýurt psihologiýasynda orunlar taglymaty hem has giňden ýaýran. Ol durmuşda her bir adamyň diňe özi üçin niýetlenen haýsydyr bir orny oýnaýanlygyndan ugur alýar. Ýerine ýetirilýän orna baglylykda şahsyýetiň özüni alyp barşynyň, onuň başga adamlar bilen gatnaşyklarynyň häsiýeti kesgitlenilýär.

Şahsyýetiň ornuny derňemegiň psiholgik taglymata hem – de durmuşy tejribä düşünmek üçin hem möhümdigi gürrüňsizdir. Emma günbataryň psiholagiýasynda orna diňe psihologik gatnaşyklaryň ulgamy hökmünde garalyp,

şahsyýetiň nukdaý nazaryny, şeýle hem onuň jemgyýetçilik durmuşyndaky ornuny kesgitleýän maddy, syýasy we ideologik gatnaşyklar ünsden düşürilýär.

Görşümiz ýaly, şu taglymatlaryň her birinde adamyň jemgyýet taýdan özüni alyp barşy şahsyýetiň ýa – da gurşawyň diňe özleri üçin mahsus bolan aýratynlyklaryndan ugur alyp düşündirilýär. Şeýle bolanda adamyň durmuşy, onuň özüni alyp barşyny kesgitleýän obýektiw jemgyýetçilik şertleri kän bir nazara alynmaýar. Bu taglymatlar hakykatda jemgyýetiň, jemgyýet toparlaryň we şahsyýetiň ösüşiniň hakyky kanunalaýyklaryny doly açyk görkezip bilmeýärler.

Şahsyýetiň jemgyýetçilik tebigaty açyk görkezmeklige aýratyn üns berip jemgyýetiň we şahsyýetiň aragatnaşyklaryny, onuň kemala gelmeginiň kanunalaýyklaryny şu nukdaýdan düşündirýärler. Şahsyýet taglymatyny işläp düzmekde rus psihology A.F.Lazurskiniň işleriniň uly ähmiýeti boldy. Ol psihologiýada ilkinji gezek gatnaşyklar meselesini atdy we olaryň durmuşyň jemgyýet şertlerine baglydygyny açyk görkezdi.

N. Leontýewiň aýtmagyna görä şahsyýet iki gezek dogulýar.

- Birinji gezek – üç ýaşly çaga “men özüm ” diýende dogulýar.
- Ikinji gezek – haçanda aňly şahsyýet dörände.

Psihologiýada ýakyn bolan, ýöne deň bolmadyk düşünjeler bolýar. Adam – çelowek – ýaşaýşyň ösüşiniň iň ýokary derejesiniň özünde jemleýän jemgyýetçilik taryhy işiň subýekti. Psihologiýa adamyň psihikasyny we onuň ösüşini, özbaşdak – psihologik aýratynlygyny olaryň jemgyýet durmuşyndaky ornuny, işini we sözleýşini öwrenýär.

Şahsyýet – liçnost – (psihologiýada) – indiwidi jemgyýetçilik gatnaşyklaryna goşulmak jähdinden häsiýetlendirýär, serişde işiniň we sözleýşiň tutumynda kemala

gelýän ulgamlaýyn häsiýet. Adam indiwid hökmünde kemala gelýär. Indiwid – lat: - indiwiduum - bölünmeýän .

1. Adam – ýeke häsiýetdäki tebigy jandardyr. Homo sapiýens – iň wekili, filogenetiki we ontogenetiki ösüşiň önümi, dogabitdi we gazanylan häsiýetleriň birligi, özbaşdak özbolușly sypatlary özünde jemleýji hökmünde.
2. Adamzat umumyýetligiň aýratyn wekili, gural we belgileri ullanmak netijesinde özüniň alyp barşyny we psihiki tutumlaryny dolandyrýan.

Şahsyýet # indiwid

## 4.3 Jenaýatçynyň şahsyýeti barada düşünje

Jenaýatçynyň şahsyýeti barada aýdanymyzda bu taglymat adamyň jemgyýet ýüzi, onuň jenaýat edenligi barada gürrüň gidýär. Hukuk goraýjy edaralaryň işgärleriniň arasynda jedel gidýär, sebäbi jenaýatçy düşünjesi giňdir. Ol düşünjä – adam öldüren, adam zorlan, we ş.m. girýär. Jenaýatçynyň şahsyýeti diňe özüni jemgyýet gurşaw bilen täsiriniň seljermesi esasynda öwrenmek bolýar. Jenaýatçylyk özüňi alup barmagyň – kadaly özüňi alyp barmakda, gymmatlyk nazarlanmalarynda, jemgyýet gönükdirilmelerinde tapawutlyk edýär. Subýektiň belli bir jenaýat etmegi şu zatlar bilen şertlenýär:

1. Daşky ýagdaý (situasiýa) – obýektiw alamat.
2. Subýektiň gönükdirilmesi, ol subýektiw alamat.

Awenosow G.A. adamyň özüni alyp barşynda belli bir tebigy öňünden dörän sebäpleriň ýaramaz orny eýeleýär diýýär :

1. Tebigy islegleriň bozulmasy.Bu ýagdaý köplenç seksual we jyns gatnaşykly jenaýatlar.
2. Nerw – psihiki keseller (psihopatiýa, newrosteniýa) – bu ýagdaýlar nerw ulgamynyň duýgurlygyny güýjedýär.

3. Nesilden – nesile geçýän keseller (alkogolizm).
4. Psihofiziologik – agramlyklaryň, dawaly ýagdaylar, daşky gurşawyň himiki üýtgemeleri.

Jenaýatçyny (kompleksi) çekiňjeňlik esasy bolup aňan adamlaryň islegleriniň kanagatlanmazlygy.

Kriminal psihologiýa üçin "Marginal" şahsyýetleň bolýanlygydyr. Olaryň esasy häsiýetnamasynda içki jemgyýet orun (status). "Marginal" şahsyýetler beýleki medeni däplerini, beýleki gurşawyň edebini, däplerini almak kyn düşýär. Meselem: Obadan geleniň ýagdaýy: "Marginal" şahsyýet ýokary jemgyýet dartgynlyk duýýar we jemgyýet gurşaw bilen dawaly ýagdaýlara ýeňil girýär.

Jenaýatçynyň şahsyýeti diňe özüni jemgyýet gurşaw bilen täsiriniň seljermesi esasynda öwrenmek bolýar. Jenaýatçylykly özüňi alyp barmagyň kadaly özüňi alyp barmakda, gymmatlyk nazarlanmalarynda jenaýat gönükdirilmelerinde tapawutlyk edýär.

## 4.4.Jenaýatçylygyň sebäpleriniň taglymatlary
## I. Jenaýatçylygyň sebäpleriniň biososial taglymatlary

### 1. Ç. Labrozowyň taglymaty

Bu alymyň pikiri boýunça jenaýatlar dogabitdi bolýarlar, olar dürli fiziki häsiýetlere dogabitdi özbaşdak alamatlara eýe bolýarlar. Onuň pikiriçe beýleki adamlardan daşky sypaty boýunça tapawutlanýar, pes maňlaý, uly eňek, egri burun, gulagy kellä ýelmeşen, ýiti gözleri bolýar. Labrozow dogabitdi jenaýatçynyň hukuk çözgüdini işleýär.Ýöne tablisanyň barlaglary onuň işiniň ylma, durmuşa gabat gelmeýändigini görközdi.

### 1. Gurluş taglymaty

Ol Labrozowyň taglymatyna ýakyn durýar. Bu taglymatyň tarapdarlary Kreçmer ol "Häsiýet we beden " ("Stroýeniýe tela i harakter ") atly ylmy işinde şahsiýetiň fiziki

we psihiki baglanşygynyň arabaglanşygyny belleýär. Adamyň jemgyýete garşy özüni alyp barşy (antisosial), onuň fiziki gurluşy bilen baglanşyklygy. Şelden adamlaň myşsa, ýag we süňki matasy boýunça 3 sany somatik görnüşi bolýar, diýýär we temperamentiň 3 sany görnüşine degişli edýär.
Adamyň ýaramaz tarapy jenaýatçynyň esasy tarapy diýip belleýär.

## 2. Howply ýagdaýyň taglymaty

Howply ýagdaý düşünjäni Italiýaly kriminolog Çarafola howply ýagdaýyň derejelerini öz kitabynda girizýär. Ol gedaýa belli bir adamlara degişli we üýtgäp durýan we içki jenaýat etmäge meýil diýýip düşünýär.

Renatel alym howply ýagdaýy kliniki hadysa hökmünde jenaýat etmäge ukyply diýip düşünýär. Howply ýagdaýdaky şahsiýetiň merkezi ol onuň egosentrizmi durnuksyzlygy (agressiwligi) gaharjaňlygy we emosional biperwaýlygy diýýär.

Onuň pikiri boýunça, howply ýagdaýyň kämil bolmagy we onuň jenaýatlarda amala aşyrylmagy üç döwri geçýär:

1. Etiki egosentrizm.
2. Jeza bermek bilen bagly saklanýan düzüm bölekleriň ýok bolmagy.
3. Krizis Renotel howply ýagdaýda jenaýat etmäge ukyply şahsiýet bolýar, gowşak jenaýatçynyň şahsiýeti. Howply ýagdaýlar gös – göni häsiýetnama berilmeýär. Agressiwlik, emosional biperwaýlyk we ş. m.

## 4. Jenaýatçynyň Freýdistik taglymaty

Bu taglymatyň mazmuny Freýdiň taglymatyndan gelip çykýar. Bu taglymata görä adam doglanda dürli jemgyýete garşy (antisosial) mistika mydamalyk özara göreşe tebigy

tarapyndan gönükdirlendir. Adamyň gaharjaňlygy ahlak gönükdirilmesi bilen göreşýär.
Bu taglymatyň tarapdarlarynyň pikiri boýunça adam öz – özünde aşaky jemgyýete garşy erklerini saklap bilmän jenaýat edýärler.

### 5. Nesil geçiş taglymatlar

Bu taglymatyň tarapdarlarynyň pikiri boýunça jenaýat sebäbi bolup adamyň hromosomasynda jemgyýete garşy özüňi alyp barşyň maksatnamasy bar. Olam nesilden geçýär. Olar jenaýatçynyň maşgalasynyň seljermesinde görmek bolýar. Mysal üçin: arakhorlyk ýa-da sifilis kesel bilen kesellänler degişli bolup durýar.

### 6. Jenaýatçylyk sebäbiniň psihiki bozulma (psihopatalogok) taglymaty

Bu taglymatyň esasy wagzy: jenaýatçy elmydama akylly keşpli şahsiýet diýýär. Bu taglymatyň tarapdarlary esasan ruhy lukmanlar (psihiatorlar).

### 7. Rasowyý – jyns taglymatlary

Bu taglymatyň tarapdarlary: m/ü:
Negirler beýlekilere görä antisosial – jemgyýete garşy özüni alyp barşynda - ukyply bolýarlar diýip belleýärler.

## II. Jenaýatçylygyň sebäpleriniň jemgyýet (sosial) taglymatlary

### 1. "Differensial asosiasiýa" taglymaty

Başgaça aýdanymyzda dürli baglanşygyň köplüginiň taglymaty. Edwin Satirlen bu taglymata görä jenaýatçylykly özüňi alyp baryşy okamagyň netijesinde bolup durýar diýip

belleýär. Ol jenaýatçylyk esaslaryny gymmatlyklarynyň özleşdirlen adamlardan öwrenýär. Jenaýatçylykly özüňi alyp barşyň belli bir uly däl – de jemgyýet tarapyň işinde okamagyň, öwrenmegiň netijesi bolup durýar diýip belleýär.

## 2. Daşky gurşaw sebäp taglymaty

Bu taglymata jenaýatlaryň ösmegini – siwilizasiýa, emigrasiýa ösmegi netijesi bilen düşündirilýär. Bu agzalan zatlar maşgala ýagdaýyny, medeniýetini, dinini bozýar. Adamyň özbaşdaklygy bozulýar. Şular ýaly şertlerde jenaýatçylyk aşakdaky görnüşlere öwrülýär:

1. Psihiki dartgynlygyň gaharjaňlyk (agressiýa) jenaýatçylyga geçmegi.
2. Durmuş ölçegleri saklamagy.
3. Belli bir adamlara meňzemezligi.

3.“Sosial dizorganizasiýa” taglymaty.

Bu taglymat Dýurkgeýmiň işleriniň esasynda ösýär. Ol jenaýatyň sebäbi bolup “anamiýa” diýilýär. “Anamiýa” diýmek, özüňi alyp barşyň kadalarynyň bozulmagy, kadaň ýetmezçiligi adamlaryň arasyndaky jemlenişmegiň bozulmagy adamy “anamiýa” ýagdaýa getirýär.

4.“Sosiomedeniýet” taglymaty.

Bu taglymaty T.Sellin alym teklip edýär. Bu alymyň pikirine görä, adam belli bir medeniýet şertlerde döreýär. Onuň birinji jemgyýet gatnaşyklary şol medeniýetiň içinde bolup geçýär, öz durmuşynyň dowamynda jemgyýet tarapyndan oýarlan pikiri saýlap alýar.

Ol jemgyýet durmuşyň özüni alyp barşyň kadasy boýunça jemgyýetdäki jemgyýet toparlar öz jeminiň işini çäklendirýärler.

4. “Köp faktorlyk” taglymaty.

Muny fransuz hasabatçylar Kettl we Gere döredýärler. Şularyň pikirine görä jenaýatyň sebäbi bolup, alamatlaryň uly topary çykyş edýär. Olar dürli tebigatda, dürli manyda bolýarlar.

M/ü: fiziki, klimatik, taglymat we ş. m.

## 4.5. Kämillik ýaşyna ýetmedik jenaýatçynyň psihologik aýratynlyklary

**Kämillik ýaşyna ýetmedik hukuk bozujylaryň psihologik aýratynlyklary.**

Biziň hemmämiz çagalygymyzdan gelýäris. Bu meselede D. Nolte has gyzykly maglumatlary berýär:

Eger bir adam çagalygynda irginsiz tankyt astynda alnyp terbiýelenen bolsa, soň elmydama töweregindäkilerden närza, olary tankytlap ýören bolup ýetişýär.

Eger öýke-kineleriň arasynda terbiýelenen bolsa, soň öýkelek, dawaçyl adam bolup ýetişýär.

Eger çagalygynda kemsidilip, üstünden gülnüp terbiýelenen bolsa, soň ol utanjaň, çekinjeň, ýygra adam bolup ýetişýär.

Eger mähir bilen, düşünişmek arkaly terbiýe alan bolsa, soň ol sabyrly, giň adam bolýar.

Eger götergilenip, mydama goldaw berilip ulaldylan bolsa, ol özüne ynamly adam bolup ýetişýär.

Eger bir adam söýülip, töweregindäkileriň göwnünden turmak häsiýeti bilen terbiýelense, ol soň töweregindäkileriň gowy işlerine gowy baha bermegi başarýan adam bolup ýetişýär.

Çagalykda hak- hukugyna hormat goýulyp terbiýelenen çaga son adalatly bolup ýetişýär.

Eger çaga ynanylyp terbiýelenilse, soň ynamdar adam bolup ýetişýr.

Eger çaga edenine däl diýilmän, lälik ulaldylsa, soň ulumsy bolýar.

Eger çaga dostluk duýgusy bilen terbiýelense, soň agzybir ýaşamaga ukyply bolýar.

Şeýlelikde, hemmesi düşünikli... Ata-babalarymyzyň aýdyşlary ýaly: edepli perzent öz-özünden döremeýär. Perzent terbiýä mätäçdir. Terbiýesiz çaga baş öwredilmedik at ýalydyr. Nemes atalar sözünde aýdylşy ýaly: "Dowamly damja daşy deşer". Terbiýäň manysy çaga öňden ykrar edilen jengyýetçilik gymmatlyklaryny siňdirmekdir we ony jemgyýetçilik ýaşaýşyna ýaramly, ukyply şahsyýete öwürmekdir. Maşgala we mekdep terbiýesi jemgyýetçilik terbiýesiniň çagalyk we ýetginjeňlik döwründäki iki sany esasy we deň hukukly alyp baryjysydyr. Meseläniň çözgüdi bularyň wezipesini aýrybaşgalaşdyryp, maşgalanyň jogapkärçiligini peseltmek däl – de, oňa kemalyýet kollektiwiň täsirini birikdirip, terbiýe tutumyny çuňlaşdyrmak arkaly bilim berşiň we terbiýäniň hilini ýokarlandyrmagyň töwereginde jemlenýär. Diňe şeýle şertlerde okuwçylaryň zähmet okuwyny we hünäre ugrukdyrylyşyny üpjün edip, ýaşlarda ýokary ahlak sypatlaryny döretmek bolar. Ata – eneler jemgyýeti özüni kemalyýet kollektiwiň "mätäç hossary" däl – de, terbiýäniň maksadyny we serişdelerini amala aşyrmakda, kemalyýet täsirini şol bir mekdebiň, ösdürimiň maşgala – durmuş gurşawynyň aýratynylygyna laýyk guramakda bu kollektiwiň arkadaşy hasaplamalydyr. Ata – eneler özlerini aşakdaky orunlarda görkezmelidirler:

Mekdebiň kadaly işini serişdeler bilen üpjün etmekde ( özüniň mümkinçiliklerini ulanyp) ;

Okuw tutumynda (meselem, ahlaknama – etika, kasaňnama – estetika, hukugyň esaslary sapaklaryny alyp barmakda);

Terbiýeçilik işinde (mekdep bilen ylalaşyklykda okuwçylaryň durmuş meýilnamalarynyň, isleg – höwesleriniň, boş wagtynda toplan maglumatlarynyň bahalandyrylmagynyň şertleriniň kemala getirilmegine täsir etmek);

Okuwy gutaranlary täze durmuş keşbine öwrenişmekde goldamak, olarda zähmetsiz gazanç etmek meýliniň döremeginiň öňüni almak.
Özara gatnaşyklarynda mugallymlar ata – eneler diňe maşgala terbiýesinde göýberýän säwliklerini görkezmän, eýsem ata – eneler hem mugallymlara mekdebiň işindäki hut şeýle kemçilikleri ýaňzytmalydyrlar. Ýöne özara tankyt düýpli esaslandyrylan we meseläniň anyk çözgüdine gönükdirilh bolmalydyr. Bu işde umumy sözlerden, birek – biregi esassyz ynjalyksyzlandyrmalardan gaça durup, takyk teklipler bolmalydyr.
Sözleýiş we çekişme guramak medeniýeti diňe bir mugallymyň we ata – eneleriň özara gatnaşmagynda däl – de, eýsem okuwçylaryň özara gatnaşmagynda hem deň – derejede möhümdir. Elbetde, kemalyýetçiniň okuwçylar bilen aragatnaşygynda, olara täsir edişinde kynçylyklaryň döremegi tebigydyr. Ýöne yagdaýdan çykalgany arza - şikaýat etmek, okuwçynyň gündeligine hemleli talaplar ýazmakdan gözlemeli däl – de, döreýän meseleleri bilelikde maslahatlaşyp, terbiýäniň netijeli guralyşyny gazanmaga çalyşmalydyr. Ata – eneler jemgyýeti muny mugallymlardan aýgytly talap edip bilýär. Diňe şeýle ýagdaýda mekdebiň we maşgalanyň esasy maksady bolup durýan jemgyýete peýdaly şahsyýeti we raýaty terbiýelemeklik doly amala aşyrylyp bilner. Ata – eneleriň, olaryň jemgyýetiniň mekdebiň işine gatnaşmagy haýyr – sahabat işi däldir. Mekdebe kömek etmek bilen maşgala çaga terbiýelemekde hut özüne kömek edýär. Häzirki zaman maşgalasy üçin onuň agzalarynyň özara aragatnaşyk usuly wajyp meseleleriň biridir. Maşgala kemalyýeti maşgala terbiýesiniň görnüşleriniň esaslary hökmünde onuň iki sany gapma – gatşylykly görnüşini ýüze çykarýar: awtoritar we demokratiki.
Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýat işlerine goşulmaklarynyň sebäpleri:

1. Maşgala ýagdaýy ( doly däl maşgala, tertipsiz maşgala, jenaýat eden maşgala ).
2. Mekdep ( öz – özüňe bolan ýigrenç )
3. Daşky gurşaw.

Ene – atalar bilen mugallymlaryň özara gatnaşyklary bozulan ýagdaýynda dawaly ýagdaýlar emele gelýär.

Şahsyýetiň gylyk – häsiýetleri we temperamenti. Gylyk – häsiýet terbiýäniň esasynda gazanylýar. Temperament – dogabitdi bolýar, nerw ulgamynyň gurlyşy boýunça.

1. Halerik – gaharjaň, hereketleri çalt, gürrüňçil, gyzma, öýkelek.
2. Melanholik – nerw gurşawy gowşak, deňagramsyz, jogapkärçiligi güýçli.
3. Sangwinik – hiç zady gaýgy etmeýän, göwnüne almaýan deňagramly.
4. Flegmatik – nerw ulgamy güýçli, ýöne haýal hereket edýär, gürrüňçil däl, şübheli, haýal netije çykarýar.

Adamlary gylyk – häsiýeti boýunça tapawutlandyrylýar:
Atletik – daýaw, uzyn, agalyk ediji.
Atletik – hor, uzyn, az gepleýän, ownukçyl.
Piknikler – togolok, orta boýly, şadyýan, gürrüňçil.

Uly adamlardan tapawutlykda kämillik ýaşyna ýetmedik ýetginjeklere ýörite häsiýetler we aýratynlyklar degişlidir. Ol aýratynlyklar olaryň psihiki tutumlaryny belleýärler. Kämillik ýaşa ýetmedikler özbaşdak bolmaga ymtylýarlar, öz mümkinçiliklerini we ukyplary barada köp pikir edýärler, olar ýokary emosional gaharjaň (affektiw) bolup, olaryň özüni alyp barşynda ýaramazlyk, öýkünmeklik gabat gelýär. Ýetginjekler işiniň netijesinde biperwaý bolýarlar ýa – da eden işi üçin jeza çekmezlige ynanýarlar (sebäbi olar ýakyn garyndaşlaryna arka goýýarlar). Ýokary gaharjaň bolýarlar, käwagt olaryň “ýarylmak” mümkinçiligi bolýar.

Nemes atalar sözlerinde : ”Garga bilen ýoldaş bolan kepderiniň tüýi aklygyna galsa – da kalby garalar ” diýlip,

aýdylşy ýaly, ýetginjekler öz dostlaşýan adamlary bilen eden gatnaşyklar netijesinde jebir çekýärler. Jenaýatda öz ornuny has ýokary görkezjek bolýan ýaly beýleki dostlaryndan günäni aýyrjak bolýalar we olaryň pikiri boýunça dogry beren jogaby onuň häsiýetiniň gowşaklygyny görkezýän ýaly, olar gorkandygyna ýa – da dostlaryny satandygyna müňkür bolýarlar.

## 4.6.Jenaýatçynyň şahsyýetini öwrenmek, jenaýatçylaň görnüşleri

Jenaýatçylaň görnüşleri:

1. A.R.Kowalýow jenaýatçylaň şahsiýetiniň şu aşakdaky görnüşlerini belleýär:

- Global görnüş. Bu jenaýatçylaň görnüşine ady jenaýatçylyk bilen "kesellänler" häsiýetlidir.
- Parsial görnüş. Jenaýatçylaň bu görnüşi şahsiýeti ikä bölýär :

1 – nji tarapdan kadaly adam;

2 – nji tarapdan ol jenaýatçy. Esasan bu jenaýatçylar wezipesinden hyýanatçylykly peýdalanýan adamlar.

- Kriminaldan öňki görnüş. Jenaýatçylaň bu görnüşine gaharjaň, özüni saklap bilmeýän, özüne gözegçilik edip bilmeýän adamlar degişli, huliganlar degişli

2. N. S. Leýkina: jenaýatçylaň şu görnüşleri boýunça bölünmeleri berýär:

Hökümet masştabynda örän howply jenaýatçylar (terrorçylar).

- Aňlanan, gazaply jenaýat eden adamlar.
- Öz bähbidini öňe tutup jenaýat edýän adamlar.(karistnyý).

- Jenaýatçy – tertibi bozýan, jemgyýetde özüňi alyp barşyň bellenilen kadalaryny ýerine ýetirmeýän adamlar.
- Tötänleýin, bilmezlikden jenaýat eden adamlar.

## V Bap. Jenaýatçylykly toparlar we olara gatnaşýanlaryň psihologik aýratynlyklary

### 5.1.Toparlar we köpçilikler hakynda düşünje

Ýaşaýşyň we aragatnaşyk saklamagyň taryhy şertleri adamlaryň milletlere, döwletlere, synplara, partiýalara we beýleki umumylyklara birleşmegine getiripdir. Olar isleg boýunça dälde jemgyýetçilik kanunlaryň esasynda döräpdirler. Umumylyklaryň her biri haýsydyr bir psihologik aýratynlyklar bilen häsiýetlendirilýär. Synpy psihologiýa bolan aýratyn gyzyklanma islendik ontogonistik formasiýanyň garşydaş synplara bölünýändigi bilen düşündirilýär. Synplaryň arasyndaky göreş bolsa taryhy ösüşiň hereketlendiriji güýjidir.

Adam öz ömrüniň dowamynda, maddy, ruhy, medeni we beýleki zerurlyklara görä, beýleki adamlar bilen gös – göni aragatnaşykda bolýar. Şol gatnaşyklar toparlarda we köpçiliklerde bolup geçýär. Bu umumylyklar bir meňzeş däldir. Olar bir näçe esaslar boýunça böleklere bölnüp bilner: emele gelýän gatnaşyklaryň ýakynlygy we çuňlygy, döreýşi şahsyýetiň toparyň kadalaryna gatnaşygy boýunça we ş.m. Emele gelýän aragatnaşygyň ýakynlygyna we çuňlygyna baglylykda ilkinji topary tapawutlandyrýarlar.

Ilkinji topar. Möçberi boýunça uly bolmadyk, düzümi garaýyş durnukly, agzalary umumy maksatlar boýunça baglanşdyrlan we agzalaryň arasynda gös - göni gatnaşyk saklanylýan adamlaryň birleşmesine Ilkinji topar diýilýär. Oňa girýän adamlaryň hemmesi biri – birlerini ýakyndan tanaýarlar we toparyň öňünde wezipeleri çözmek tutumynda özara gatnaşyk saklaýarlar. Ilkinji toparda adamlaryň sany 2 az we 30 – 40 adamdan köp bolmaly hem däldir.

Döreýişi boýunça we usuly boýunça real – hakyky we şertli resmi we resmi däl toparlary tapawutlandyrýarlar.

Hakyky – real we şertli toparlar. Hakyky – real topar – munuň özi hakynda bar bolan, birleşmäniň agzalarynyň

arasynda hakyky – real gatnaşyklar dowam edýän topar bolup, onuň belli maksatlary we wezipeleri bolýar. Hakyky – real topar az wagytlyk ýa – da uzak möhletleýin, san taýdan uly ýa – da kiçi bolup biler. Ol umumylyk hüküminde ýaşaýar we hereket edýär.

Resmi we resmi däl toparlar. Resmi topar ýerli rejesiniň, düzgüniň ýa – da başga resmi resminamalaryň esasynda döredilýär. Resmi topar üýtgedilnip hem bilner, ýöne ol hem diňe buýryk ýa – da karar esasynda durmuşa geçirilýär. Aragatnaşygy häsiýetiniň, temperamentiniň, ukyplarynyň, gatnaşyklarynyň görnüşleri boýunça meňzeş bolmadyk adamlar alyp baranlygy üçin resmi toparlardaky özara gatnaşyklar hatta bir düşündiriş esasynda hem meňzeş bolup bilmez. Işewir gatnaşyklar düşündiriş göz öňünde tutulmadyk şahsy gatnaşyklar bilen baýlaşdyrylýar. Psihologik ýakynlyk (göwne ýaramlylyk, hormat goýmak, dostluk) resmi topary berkidýär, öňde goýlan wezipereri çözmäge kömek edýär. Resmi toparyň we iş gatnaşyklarynyň çäklerinde birek – biregi halamazlyk, ýigrenmek, duşmançylyk ýa – da ýakymsyz (otrisatel) emosional gatnaşyklaryň hem bolmagy mümkindir.

Referent topary. Referent (etalon) topary garaýyşlary özüni alyp baryş kadalary şahsyýet üçin nusga bolup hyzmat edýän, real bar bolan ýa – da hyýalda döredilen topardyr. Şahsyýet kadalaryny, gymmatlyklaryny ykrar edýän, gollaýan we iň gowy diýip hasap edýän toparyna girip biler. Şonda şahsyýet diňe bir bu kadalary berjaý etmek bilen çäklenmän olary goldaýar, goraýar. Eger zerur bolsa olary ündeýär, wagyz edýär, ýöne şahsyýetiň özi bir toparlaryň agzasy bolup, gymmatlyk idealy hökmünde başga bir toparyň garaýyşlaryny, kadalaryny kabuletmegi hem mümkindir.

Köpçülik. Köpçilik diýip, bir maksada birigen, jemgyýetiň maksatlaryna boýun egýän adamlaryň toparyna aýdylýar. A.S.Makarenko köpçiligiň alamatlarny ylmy we tejribe taýdan esaslandyrypdyr : "Köpçilik – munuň özi

şahsyýetleriň guramaçylykly, köpçiligiň düzüm bölekleri bolan, maksada gönükdirlen, birleşmesidir. Köpçilik guramasy bar ýerinde bolsa, köpçiligiň düzüm bölekleri bolup, şol ýerde köpçilik tarapyndan ynanylan, wekilçilikli adamlaryň guramasy döreýär we ýoldaşyň ýoldaşa gatnaşygy barada mesele hem dostluk meselesi, söýgi meselesi, goňşyçylyk meselesi bolman, munuň özi jogapkärçilikli garaşlylyk meselesidir.

Köpçülik adamlaryň bir topary bolmagyna görä, oňa toparyň alamatlary häsiýetlidir. Ýöne köpçilikde toparda ýok alamatlary özünde jemleýär. Şonuň üçin her bir köpçilik - topar, emma her bir topar - köpçilik däldir. Resmi we resmi däl toparlar eger köpçiligiň adamlaryna eýe bolsalar köpçilige öwrilip bilerler. Şeýle ýagdaýda köpçiligň esasy alamaty bolan – maksatlaryň we wezipeleriň jemgyýetçilik taýdan ähmiýetliligi üýtgewsiz galýar. Eger şu alamat bolmasa topara köpçilik diýmek bolmaz.

Beýleki köpçilikleriň baglanşyklary we olaryň arasynda tutýan orunlary boýunça olary ilkinji we esasy köpçiliklere bölýärler. Ilkinji köpçilik – munuň özi köpçiligiň alamatlary bolan adamlaryň ilkinji topara birleşigidir.

## 5.2. Şahsyýet we köpçülik

Şahsyýet köpçilikde beýleki şahsyýetler bilen baglanşykly bolýar we olar bilen şu umumylygyň gönükdirilmesini döredýär. Şahsyýet köpçiligiňiň üsti bilen beýleki köpçiliklere we tutuş jemgyýete gatnaşýar. Köpçilik – jemgiýetiň bir bölejigi bolýandygyna görä, onuň jemgyýetiň syýasy, gözellik, ahlak we beýleki pikirlerini özünde jemleýänligi tebigydyr. Şahsyýet bu pikirleri peýdalanýar, we özüni alyp barşynda olardan ugur alýar.

Şahsyýet maddy dünýä we adamlar bilen özara gatnaşykda bolmagy bilen diňe bir özbaşdak sypatlary kemala getirýän tejribe toplaman, özüniň ruhy baýlygynyň möhüm

düzüm bölegine öwrülýän jemgyýetçilik tejribesini-de özleşdirýär. Ýakyn we has giň jemgyýet gurşawyň pikir we ahlak taýdan umumylygy şahsyýetiň bütewi, sazlaşykly ösmegi we kemala gelmegi üçin şertler döredýär.

Şahsyýet bilen köpçiligiň özara gatnaşyklary köpdürlidir. Bu ýerde iki sany esasy derejäni tapawutlandyrmak bolar: köpçiligiň şahsyýete edýän täsiri we şahsyýetiň köpçilige edýän täsiri.

Köpçüligiň şahsyýete edýän täsiri. Käbir günbatar psihologlary köpçilik şahsiýeti gysýar, ony ýeketäk nusga, galypa salýar, diýip ykrar edýärler. Munuň özi şahsy eýeçilik şertlerinde şahsyýet azatlygy diýilýän taglymaty esaslandyrmaga synanyşypdyr.

Köpçülik - ösýän jemgyýetiň merkezi bolup, onuň agzalaryna mahsus köpçilik pikiri bolsa ony pugtalandyrýan ruhy güýçdir. Sagdyn köpçilik şahsyýetiň özboluşlylygyny gysman, tersine ol şahsyýetiň hemme taraplaýyn ösmegi ugrunda çalyşýar, çünki köpçiligiň her bir agzasynyň dolulygyndan we baýlygyndan köpçiligiň durmuşy hem başlaýar. Şonuň bilen birlikde hem, köpçiligiň oňa girýän şahsyýete belli derejede täsir edýändigini inkär etmek bolmaz, hut şunuň ýaly-da şahsyýet hem köpçilige täsir etmän durup bilmez.

Köpçülik indiwidi täzeden terbiýelemek işinde aýratyn möhüm ähmiýete eýe bolýar. Ol özüňi alyp barşyndaky, psihiki gurluşyndaky kemçilikleri şahsyýetiň özünden öň duýýar. Munuň özi geň hem däl, sebäbi köpçilik oňa girýän şahsyýetleriň hereketlerine we üstünliklerine şahsyýetiň özi bilen bir deň jogapkärdir.

Jemgyýetiň ösüşinde zähmet diňe bir jemgyýetçilik bolman, eýsem ol köpçilik häsiýetlidir. Her bir adam - zähmet birleşmesiniň agzasydyr. Ol köpçilik önimiň özi tarapyndan öndürilýän bölüminiň hili üçin jogapkärdir. Şunuň üçin hem

umumylyk adamdan onuň zähmet borçlaryny ýerine ýetirilişi barada soramaga haklydyr.

Konformizm meselesi. Konformizm munuň özi çaknyşyklaryň öňüni almak maksady bilen şahsyýetiň pikirini köpçiligiň pikirine tabyn etmekdir.

Şahsyýetiň köpçiligiň edýän täsiri. Şahsyýetiň köpçilige edýän täsiriniň ölçegi abraý, ýolbaşçylyk, lidirlik ýaly derejelerde aňladylýar.

Abraý şahsyýetiň jemgyýetçilik tarapyndan ykrar edilmegidir. Adamyň subýektiw häsiýetleriniň, işiniň obýektiw taraplaryna kybapdaşdyrylmagyna köpçiligiň berýän bahasydyr. Abraýlylyk ozaly bilen adamyň şahsy häsiýetlerine baglydyr. Giň düşünjelilik, baý durmuş tejribesi, öwrenilen başarjaňlyk we endikler - bularyň hemmesi adamyň beýleki adamlardan tapawutlandyrýar. Şeýle adamyň sözüne gulak asýarlar, oňa maslahat, kömek sorap ýüz tutýarlar. Abraýly adamy başgalara ak göwünlilik bilen kömek etmäge çalyşmak duýgusy, başarjaňlygy beýleki adamlardan tapawutlandyrýar, bu bolsa adamlarda oňa bolan minnetdarlygy döredýär. Şeýlelik bilen abraýyň esasynda şahsy häsiýetler bardyr. Şonuň bilen birlikde hem oňa töwerekdäki adamlaryň, toparlaryň, köpçiligiň dahyly bardyr. Olar abraýy goraýarlar we pugtalandyrýarlar, käte bolsa ony syndyrýarlar. Adamyň gymmatly taraplaryny onuň şahsy häsiýetlerini näçe köp adam görse, onuň bitiren asylly işleriniň sany näçe köp bolsa, onuň abraýy şonça-da ýokarydyr, ol şonça-da köp ykrar edilip, şonça-da töweregindäki adamlara köp täsir edip biler.

Abraýly şahsyýet hökman ýolbaşçy bolmaly däldir. Ol köpçiligiň ýönekeý agzasy bolup biler, köplenç şeýle hem bolýar. Ol özüniň ýönekeý agzalyk ornunda şol umumylygyň durmuşyna we jebisleşenligine uly täsir edýär.

## 5.3. Toparlarda we köçülikler de şahsyýetara gatnaşyklar

Toparlarda, köpçiliklere gatnaşyklar we özara gatnaşyklar bardyr. Gatnaşyklar munuň özi şahsyýetiň töwerekdäki zatlara we öz – özüne bolan derejesidir. Her bir adamda zatlara, wakalara, jemgyýet durmuşa, adamlara bolan haýsydyr bir gatnaşyk bolýar. Oňa bir zat ýaraýar, bir zat ýaramaýar, käbir wakalar, alamatlar ony tolgundyrýar, käbiri bolsa tolgundyrmaýar. Adamyň gatnaşygyny, onuň derejesini aňladýan psihiki tutumlar - onuň duýgulary, islegleri we ünsüdir. Jemgyýet umumylykda ( toparlarda, kollektiwlerde) olary düzýän adamlarda gatnaşyklar özara gatnaşyklar häsiýetde bolýar.

Özara gatnaşyklar – munuň özi bir şahsyýetiň başga birine, häsiýetiň umumylyga bolan derejesidir.

Özara gatnaşyklar – adamlardan adamlara gönükdirilen, "birek – biregi garşylaýan" gatnaşykdyr. Şeýle ýagdaýda, eger gatnaşyklarda adama garşylykly jogabyň gelmegi hökman däl bolsa, özara gatnaşyklarda birtaraplaýyn gatnaşyk yzygiderli amala aşyrylýar. Aragatnaşyk saklaýan taraplaryň özara gatnaşyklarynyň hemişe şol bir modallygy ( hemişe şol bir tony, sypaty ) bolmaýar.

Aragatnaşyk saklamak bilen gatnaşyklaryň we özara gatnaşyklaryň arasynda belli bir baglanşyk bardyr. Aragatnaşyk - adamlaryň göze görünýän, syn edip bolýan, ýüze çykarylýan daşky aragatnaşygydyr. Gatnaşyklar we özara gatnaşyklar - aragatnaşygyň taraplarydyr. Olar aç - açan göze görünmeýän, gizlin hem bolup bilerler. Özara gatnaşyklar aragatnaşyklarda we aragatnaşyklaryň üsti bilen durmuşa geçirilýär. Şol bir wagtyň özünde hem özara gatnaşyklar aragatnaşyklarda yz galdyrýarlar, onuň özboluşly mazmuny bolup hyzmat edýärler.

Özara gatnaşyklary işewir we şahsy özara gatnaşyklar bölýärler. Işewir özara gatnaşyklar düşündirişe, düzgüne, kara

çäklendirilen, gulluk wezipesi ýerine ýetirilende döreýär. Topar kemala gelende onuň agzalarynyň wezipeleri hem kesgitlenilýär. Mysal üçin, mekdep - internat açylýar. Rejesi boýunça direktor, okuw bölüminiň müdüri, mugallymlar, terbiýeçiler, hojalyk bölüminiň müdüri we ş. m. göz öňünde tutulýar. Şol resminama bilen olaryň her biriniň etmeli işleri hem kesgitlenilýär. Haýsydyr bir wezipä bellenen adam bir işleri ýerine ýetirmeli bolýar, şeýle hem gulluk wezipesi bilen baglylykda ýüze çykýan gatnaşyklaryny ýola goýmaly bolýar.

Psihologik barlaglaryň netijesinde işewir tabynlygyň birnäçe görnüşi kesgitlendi.

1. Deňlik iş gatnaşyklar. Şeýle ýagdaýda toparyň köpçiligiň iki ýa-da birnäçe agzalarynyň bir meňzeş hukuklary we borçlary bolýar, bir meňzeş işini ýerine ýetirýärler. Muňa mysal edip okuw toparyndaky talyplary we gurluşykçylar toparyndaky iki sany hekçini we başgalary almak bolar.

2. Tabynlyk iş gatnaşyklary. Şeýle gatnaşyklarda bir adam resminamalara laýyklykda beýlekini başga bir adamyň zerurlygy üçin obýekt taýarlamaga , ýerine ýetirişiň tärlerini bellemäge, gözegçilik etmäge, ýerne ýetirilen işleri käbul etmäge borçly edýän wezipäni eýeleýär. Beýleki adam ony ykrar edýär, resminamada bellenilen zatlary ýerine ýetirýär, ol zatlar gös-göni resminamalardan gelip çykman, wekilçilik berlen adam tarapyndan buýrylýan ýagdaýda hem şeýle edýär. Işewür özara gatnaşyklary hemişe düşindirişlerde, düzgünlerde, buýruklarda berkidilen düzgünlerden ybarat bolýarlar.

Şahsy özara gatnaşyk mähir, garaýyşlaryň we höwesleriň meňzeşleri, sulhuň alyp-almazlyk we başgalar ýaly psihalogik meýilleriň esasynda döreýär. Şahsy öz gatnaşyklarda resminamalaryň ähmiýeti bolmaýar.Şahsy özara gatnaşyklary buýruklar, görkezmeler bilen ýola goýup bolmaz. Şeýle özara gatnaşyklaryň ýüze çykmagynyň zerur şerti birek-birege düşündirmekdir. Hut akyl ýetirmegiň barşynda özara gatnaşyklar başlanyp, olar pugtalandygyça toparlaryň agzalary

biri-birlerini gowy tanaýarlar. Özara gatnaşyklar döreden meýilleriň kesilmegi bilen, olaryň özi hem kesilip biler. Şahsy özara gatnaşyklaryň ulgamy dostluk, ýoldaşlyk, söýgi, ýigrenç, ýekelik ýaly derejelerde aňladylyp bilner.

1. Ýakymly hüý häsiýetleriň gabat gelmegi.
2. Dartgynly iş gatnaşyklary we ýaramaz garaýyşly şahsy gatnaşyklar.
3. Bitarap işewir we şahsy gatnaşyklar. Bitarap gatnaşyklar diýip iki tarapyň hem düşündirşini berjaý edip, onuň çäklerinden çykmaýan gatnaşyklaryna düşünmek bolar.

Şahsyýetara gatnaşyklar adamyň topardaky, kollektiwdäki ornuny kesgitleýärler. Olaryň ýagdaýyna baglylykda adamyň emosional abadançylygy, şu umumylykda bolmagyndan kanagatlanýanlygy ýa-da kanagatlanmaýandygy şol gatnaşyklaryň ýagdaýyna baglydyr. Kollektiwiň, toparyň agzybirligi, öňde goýulan wezipeleri çözmäge bolan ukyplylyga hem baglydyr. Şahsyýetara gatnaşygyň okuwçylar kollektiwinde dogry ýola goýulmagy bilimiň hilini, düzgün-nyzamlylygy berjaý etmäge täsir edýär.

## 5.4. Jenaýatçylykly toparlaryň kemala gelmeginiň şertleri we sebäpleri

Jemgiýet hereket edişde toparyň aşaky häsiýetleri bellenilýär. Topara gatnaşýanlar.

1. Toparyň agzasy tarapyndan şu topara degişliligini aňlaňok.
2. Toparda belli özara şahsyýetara gatnaşygy guramak.
3. Toparda belli bir hereket ediş gurluşy bolmagy we onuň içinde status bolmagy – liderlik, borjy ýerine ýetirmek we ş. m.

Topara basyşyň hereketi esasynda oňa gatnaşýanlaryň toparyň kadalaryna, däplerine gabat gelýän görnüşde özüňi alyp barmak.

A. W. Petrowskiý şeýle toparlaň bölünmelerini belleýär.

1. Diffuznyý topar.
2. Asosiasiýa.
3. Korporasiýa.
4. Köpçilik.

Şol jenaýatçylaň toparynyň ösüşi diňe korporasiýa ýetip biler. Sebäbi jenaýatçylaň toparyna jemgyýete, jemgyýet gymmatlyklaryna ýaramaz gatnaşykly garaýyş bolýar, jemgyýetdäki kadalara olaryň özüni alyp barşy gabat gelmeýär. Olaryň biri-birine gatnaşygy esasy gorkylara maddy, ruhy garaýyşlykda bolýar. Olaryň esasy toparlaýyn tutumynda onuň agzalarynyň iş gatnaşyklary 1-nji ýerde bolýar.

Jenaýatçylykly topar – bu jemgyýete garşy gönükdirilen bileleşikli jenaýatçylykly işiň esasynda adamlaryň birleşmesi. Toparyň bileleşmek mehanizmiň esasynda belli bir islegler kanagatlandyryş garaýyşlar ýatyr. Indiwidleň toparlaryny döretmek üçin belli bir şertleri ýerine ýetirmeli:

1. Indiwidler bir- biriniň bardygy barada ynanmaly.
2. Indiwidleriň belli bir meýilleri, islegleri, gymmatly ornunyň bolmasy.
3. Indiwidleriň özara hereketi onuň her bir agzasy bilen gatnaşykda işlemegiň islegi bolmaly.
4. Topara gatnaşýan indiwidler öz toparyny gymmatlyk hökmünde garşy almaly.

## 5.5. Jenaýatçylykly toparlaryň umumy beýanlary we olara gatnaşýanlaryň psihologik aýratynlyklary

Topara girýän agzalaryň düzümi birden tä ýüzden gowraga ýetip bilýär. Jenaýatçynyň birleşme derejesi boýunça jenaýatçylykly toparlaryň şu görnüşlerini bellenilýär:

1. Jenaýatly topar;
2. Guralan jenaýatly toparça (gruppirowka);
3. Bandit topary,
4. Jenaýatçylykly gurama;
5. Mafiýa;
6. Kanundaky ogrylaryň birleşmesi.

1. Jenaýatly topar (organizowannaýa gruppa) – bu jenaýatçylaň birleşmesiniň ýönekeý topary. Bu toparda ýüze çykyp duran baştutan ýok, sebäbi ol toparyň sany iki – üç adamdan ybarat. Olaryň umumy höwesleri, meňzeş kriminal hünäri, çylşyrymly gurluşy talap etmeýär. Bu toparda orunlar öňünden bellenilen, jenaýatçylaň birleşmesiniň bu görnüşine jübi, jaý ogrylar, arak önümleriniň spekulýantlary girýär.
2. Guralan jenaýatly toparça (organizowannaýa gruppirowka) – bu öňkä görä durnukly jenaýatçylaň birleşmesi. Ol belli bir taýýarlykly bolýar. Onuň başynda (glowar, lider) durýar . Ol toparçanyň gönükdirilmesini belleýär. Jenaýata gatnaşýanlaryň orunlaryny belleýär. Gerek ýagdaýda lider toparyň beýleki agzalary bilen birleşýär. Ol azatlykda, türmede döräp bilýär. Türmede toparyň lideri : "kanundaky ogra" ýa – da "nahala " boýun bolýar. Azatlykda toparçalar özbaşdak hereket edýärler. Toparçanyň içine ortaça 7 – 8 adam girýär. Olaryň ýörite öz meýdany (zonasy) bolýar.
3. Bandit topary – bu guralan jenaýatyň görnüşiniň biri bolup durýar. Onuň aýratynlygy onuň ýarag bilen üpjün

edilmegidir. Ol hökümiýete , jemgyýet edaralaryna belli bir raýatlara gönükdirlen hereket. Olaryň tapawudy :

- Yaragly bolmak;
- Açyk topulmak

Bandit toparynyň gurluşynda berk taýýarlyk, ýokary işjeňlik we oňa gatnaşýanlara hem – de jeza berilýänlere rehimsizlik bar. Bandit topara 10 – dan gowrak adam girýär. Banditleriň lideri edaralarda, hökümet işlerinde belli wezipe alýarlar.

1. Jenaýatly gurama (prestupnaýa organizasiýa) – bu jenaýatyň birleşmesi mafiýa elemently alamatlar. Jenaýatly guramada 5 sany esasy häsiýet bolýar:
2. Maddy bazaň bolmagy. Kömek üçin we belli bir adamlary satyn almak üçin umumy pul alamatlary bardyr.
3. Ýolbaşçylyk edýän gurama kollegiýan hilli bolýar. Ýolbaşçylyga bir näçe adam girýär.
4. Özüňi kadaly alyp barşyň kadasy , kasamy, kanuny bozulsa onuň, jezasy bolmagy.
5. Iş – hereket tabynlyk ulgamy. Guramanyň topara bölünmesi. Olaryň biri – birine baglanyşygy. Ýolbaşçylar, telehronitiller.
6. Habar beriş bazaň bolmagy. Ol razwedka, kontrrazwedka.
7. Kanundaky ogrylaryň birleşmesi – bu jenaýatçylykly birleşmäniň üýtgeşik görnüşi. Ol ussat jenaýatçylaň birleşmesi. Onuň öz aýratynlyklary bar:
    a) Belli bir meýdanlarynyň ýoklygy;
    b) Gurluşynyň gowşaklygy, sebäbi bu birleşme resmi däl kanunlaryň jenaýatçylykly däpleriň esasynda bolup geçýär;
    c) Bu birleşmä girýänleň hemmesiniň deň hukugy bar.

Jenaýatly birleşmelerde öz işine hünäri ýokary hilli ýöriteleşdirlen, bölünip alnan bolýar. Ogrylaryň bölünmeleriniň içinde olar birnäçe toparlara bölünýärler, jübi ogrylar, öý ogrylary, maşyn we ş. m.

Jübi ogrylar – onuň içinde 6 – sany ýöriteleşdirmeler bar. Ol jenaýat edilýän ýerine görä, bazar ogrylar, demir ýollaryň ogrylary, şäher ulgamynda, dukan, teatr, köçe ogrylary. Ogrylyk etmek usuly boýunça belli bir toparlara bölünýärler:

a) tehnikanyň ösmeginiň kömegi bilen, sumka, eşik – ogrylaryň ýokary derejesi;
b) belli bir serişdäniň kömegi bilen ele almak – şirmaç;
c) ýörite edilen krýuçok – rubalow;
d) adamyň eliniň kyn barýan ýerini pinset – hirurglar;
e) adamlaryň köp üýşen ýerinde ogurlamak – şipaç;
f) serişdeleri adamlaryň itelenmeginiň kömegi bilen ogurlamak – trýasun;
g) aýallaryň sumkasyny ogurlamak – sumaçnik;
h) hojalyk sumkasyndan ogurlamak – dubila.

Mysal üçin: öý ogrulary bölünýärler, olaryň kriminal hünäri boýunça:

a) ogrluk gurallary bilen;
b) köp sanly açarlaryň kömegi bilen;
c) gapyny döwüp girmek;
d) penjire ogrylar;
e) öýe adamyň hünäriniň üsti bilen ulanyp öýüne barmak;
f) wiktemalogiýa alamaty, gapyny açyp gitmek.

Jenaýatçylyk dünýäsi boýunça 6 esasy jenaýatçylaryň görnüşlerine bölünýär. Olaryň 5 – si hünärmen merkezinde durýar: olar “bir kanundaky” ogrular, (wor w zakone).

- “Abraýlylar”
- Deltiler, sehowikler
- Katalalar
- Şistýorkalar

- hünärmen däl derejeler “mupsikler”, “passanlar”, “obižennyý”, “opuşennyý”.

“Kanundaky ogrularyň” topary – bu topara ogrylaryň ýygnagyna bir näçe gezek kazyýet jogapkärçiligine çekilen we kriminal medeniýetiň özüne alan jenaýatçylar degişlidir. Olaryň köpüsiniň ortaça 10 – 15 ýyl türmede oturan. “Kanundaky ogrularyň” belli bir topary:

1. Ogrularyň kadasyna boýun bolmaly.
2. Guramaçylyk ukyplary bolmaly.
3. Jenaýatçylykly tejribesi bolmaly.
4. Ogrylaryň kanunlaryny bilmeli.
5. Goşun gullugynda, Demokratik partiýanyň agzasy bolmaly däl, we hökümet tarapyndan sylaglary bolmaly däl.
6. Jenaýatçylaryň içinde abraýy bolmaly.

Belli jenaýatçylykda hödürnama almaly, ýöne edil şu wagt “kanundaky ogrulyga” belli bir pulyň, belli bir möçberinde geçip bolýar. Ogrulygyň däplerinden çykmaklygy ol türmede oturmak bilen belli pula ogrylaryň pul alamatlarynyň bolmagy olaryň gazna bölümine girmeginiň hökmanlylygy bilen düşündirilýär.

1. Häzirki “kanundaky ogrylaryň” öňkülerden tapawutlylygy bar. Täzeleriň jenaýata gatnaşmagy hem bolýar.
2. Häzirkiler hukuk organlary bilen baglanşyk guraýarlar.
3. Özi ogrylyk edenok.

Abraýlylar (awtoritetlar) – bu jenaýatlaryň daş – töweregindäki belli bir orun alýar ussat jenaýatçylar. Olar bu töwerekde abraýa eýe bolýarlar. Bu jenaýatlaryň derejesi iki topara bölünýär :

“Kanundaky ogra ” ýakyn bolup duran topar olaryň dürli atlary bar “fraýer”, “swoýak”(özüňki), “blatnoý” (özüne göwni ýetýän).

1. Ol öz maddy mümkinçilikleriň esasynda garaşsyz adam. Öz adamlary, goragy, maslahatdaşlary bar, köplenç bu ýagdaýda abraýyň ornunda wymogateller bu görnüşli abraýlylar bilen "kanundaky ogrylar" pikirlerini diňläp, belli bir dawa (komformis) gidýärler.

Delsi we sehowikler – jenaýatlaryň bu derejesine ykdysadyýet hojalyk gurşawynda hyzmat edýär. Delsi – wymogateller, spekulýantlar öz wezipesini ullanýarlar. Sehowikler – bu kanuna garşy gidýän iş bilen kanunsyz çykarylan edaralar.

# VI Bap. Hukuk psihologiýasynda agtaryş barada düşünje

## 6.1. Agtaryş barada düşünje

Agtaryş psihologiki düşünje boýunça çylşyrymly we özboluşly barlag işi bolup durýar. Agtaryşyň dowamynda – sülçi we agtaryşa gatnaşyjylar gizlenen (gözlenýän) zady tapmak maksady bilen jaýy, howlyny, adamyň eşigini, gerek bolan ýagdaýynda onuň bedenini hem barlamaly bolýar.

Agtaryş üçin sülçiniň we agtaryşa gatnaşýanlar bir tarapdan we agtarylýan adamyň maksatlary beýleki tarapdan gapma – garşylykly häsiýetde bolýar. Hukuk goraýjy edaralaryň işgärleri kyn bolsa – da gizlenen serişdeleri, gymmatly zatlary, jenaýatyň gurallaryny, serişdelerini tapmaly bolýarlar. Sülçide agtaryşdan öň maglumatlary az bolýar.

## 6.2. Agtaryş işiniň umumy häsiýetnamasy

Agtaryş (operatiw agtaryş) iş – hukuk goraýyş işiniň has çylşyrymly görnüşleriniň biridir. Agtaryş işi ýerine ýetirýänlere talaplaryň aýratyn toplumyny görkezýär. Onuň zerurly hukuga garşy, hasam jenaýatly, oňa gizlin taýýarlanmak häsiýeti bilen, jenaýaty ýerine ýetirmek we onuň yzyny gizlemek häsiýetli iş bilen şertlenýär. Agtaryş işsiz köp jenaýatlaryň üstüni almak we günälileriň üstsni almak asla mümkin däl.

Agtaryş işiniň gurluşy ýeterlikli çylşyrymly, onuň hereketleri we operasiýalary dürli – dürli we olaryň kömegi bilen çözülýän meseleleriň häsiýetine bagly. Umumy aýdanda agtaryş işi üçin bu meseleler kanunda kesgitlenen we jenaýatyň üstüni açmagyna, öňüni almagyna, öňünden duýdurmasyna, anyklamasyna alyp barýar, şeýle hem şahsyýetleriň dürli derejeleriniň gözlegine - derňew bilen kazyýetden boýun egýänleri, jezany çekmekden gaçýanlary, habarsyz ýitenleri we birnäçe başgalary.

Agtaryş işiniň sebäbi ýerine yetirilýän hereketlere many berýär, şonuň bilen hem onuň geçirilmeginiň we maksada ýetmegiň mümkinçiliginiň hilini kesgitleýär. Hukuk goraýyş işiniň görnüşi bolup, operatiw - agtaryş iş jenaýata garşy göreş bilen isleglenen jemgyýet sebäplenen, emma onuň özbaşdak sebäplenmesi dürli bolup bilýär. Has wajyp bolup bu ýerde gizlin we bilgeşleýin gizlenýän alamatlaryň we kriminal wakalaryň hakyky çeşmeleriniň anyklanmasynyň öwrenişişen sebäbi öňe çykýar.

Operatiw – agtaryş işini düzýän agtaryş hereketleri dürli we işiň örän çylşyrymly özbaşdak görnüşlerinde ýazylyp bilýärler - olaryň ýerine ýetirmeginiň ýolunda maksada ýetmäge kynçylyk döredýän hadysalar dörände. Bu päsgelçilikler ýerine ýetirilýän hereketleriň şertleri bilen baglanyşykly. Şertleriň üýtgeýşini öňünden bilinmeýän köp pursatlar bar. Şonuň üçin, hereketler ýaly olaryň operasion düzümem köplenç saýlanýarlar hem ýerine ýetirilende tiz - tizden üýtgedilýärler. Soňky ýagdaý operatiw - agtaryş işini ýerine ýetirýän şahsyýetlere aýratyn talaplary bildirýärler.

## 6.3. Agtaryşa psihologik taýýarlyk

Agtaryşa başlamazdan öň sülçi gowy taýarlyk görmeli, öz hünär bilimlerini, başarnyklaryny, endiklerini, psihologik aýratynlyklaryny ulanmaly.

Agtaryşdan öň sülçiniň özi aşakdaky soraglara jogap bermeli:

1. Näme gözlemeli ? Gözlenýän serişdeleriň daş suraty nähili (görnüşi, isy, reňki we başgalar.).
2. Gözlenilýän obýekt nähili görnüşde?(obýektiň alan meýdançasy, onuň relefy, meýilnamasy, jaýlarynyň sany, penjireleriň, gapylaryň sany we olaryň ýerleşmesi, we ş. m. ).
3. Agtaryş wagtynda agtarylýan adamdan başga kim bolup biler?

4. Agtarylýan obýektiň ýagtylandyrlyşy nähili?
5. Obýektde telefon we başga aragatnaşyk (jaň, selektor, rasiýa we ş.m.) serişdeler barmy?
6. Gözlenilýän serişdeler nirede ýerleşip biler?
7. Agtaryşy kim geçirmeli?
8. Ýanyň bilen nähili tehniki serişdeleri almaly?
9. Agtaryşy haçan başlanlygyň ähmiýeti barmy?
10. Agtaryş näçe wagytlap dowam eder?

Şu soraglara sülçi näçe gowy jogapberip bilse, şonça - da agtaryşyň üstünlikli geçirmek mümkinçiligi artýar.

Agtaryşa taýýarlyk wagtynda agtaryş işini üstünlikli geçirilmegine maksat gönükdirmesini öňünden goýmaklygy wajypdyr. Başgaça aýdanymyzda döredijilikli, gözleýiş işi alyp barmak üçin belli bir emosional ýagdaý döretmeli. Bir zady tapmak üçin ony örän gaty islemeli. Haçanda adam öz güýjine, işiniň üstünligine ynanmasa, näme bolsa şol bolsun diýse agtaryşy üstünlikli geçirip bolmaýar we bu zatlar psihologik gatnaşykda päsgelçilik berip biler.

Düýpli psihologik päsgelçilikleriň ýene – de biri – bu sülçiniň nätanyş, kop serişdeli şertlerdäki ünsüniň bölünmegidir. Bu alamatyň täsirini peseltmek üçin sülçi daşky zatlary belli böleklere paýlamaly we olaryň barlamagynyň yzigiderligini bellemeli. Agtaryş wagtynda bolsa ýadowlygy peseltmek üçin we belli bir derejede işeňňirligi saklamak üçin ulydäl arakesmeler etmeli. Ondan daşaram agtaryşyň dowamynda adamyň psihikasyna, sülçiniň aňyna täsir edýän ünsüni sowyjy, ýakymsyz (otrisasel) gyjyndyrmalary aýyrmaly (m/ü: daşky gürrüňler, gaty söz we ş. m. ). Sülçi öz emosional ýagdaýynada üns bermeli. Esasan hem gaharlanan wagtynda.

Agtaryşyň üstünlikli geçmegini sülçiniň akyl häsiýetleri, onuň uly akylýetiriji işjeňligi, döredijilikli ölçegleri, gabat gelmeýän pikirlenmesi, maglumatlaryň tiz üýtgäp duran ýere ullanyp bilmegi, ünsüni basym uly maglumatyň täsir etmegiň şertlerinde geçirip bilmezlik we ol maglumatlardan şu pursatda

gerek maglumatlary alyp bilmek täsir edip biler. Bu häsiýetlere ýene – de goşmaly zat, olam sülçiniň ykjamlylygy, guramaçylyklygy, işeňňirligi operatiw seljermä ukyplylygy, dürli alamatlary deňeşdirip onuň esasynda gizlin baglanşyklary ýüze çykarmak ukybydyr.

## 6.4. Agtaryş işinde gizlemegiň psihologiýasy

Agtaryş wagtynda maglymat almagyň esasy usuly bolup onuň netijelerine seljerme we syn etmekdir. Diňe daşky şertlere däl – de agtarýanlaryň we agtarylýanlaryň özüni alyp barşyny syn etmeli. Agtaryş işi geçirilýän pursatynda serişdeleriň "kadaly" adaty tertibinde üýtgedilip goýulmagyna üns bermelidir.
Gözlenilýän serişdeleriň tapmagyň iň ýeňil ýoly olaryň kynlyk bilen ýetip boljak ýerlerde gizlenmegidir.

Käbir akyl taýdan ösen jenaýatçylar sülçiniň kyn ýetip bolýan ýerlerde agtarýandygyny bilip, gözlenilýän zady açyk ýerde goýýarlar, ýa – da aýagyň aşagyna taşlaýarlar. Ony açyk ýerde, gözüň görüp duran ýerde goýmaklyk psihologiýada "kwazimaskirowka" diýilýär. Öý eýeleri şol gün pullardan belli bir möçberini alyp, howlukmaç ýagdaýda galan pullary telewizoryň üstünde goýup gidipdirler. Haçan – da ogrylar öýe girenlerinde olar hemme gizläp bolaýjak ýerleri döküpdirler.

Olaryň kellesine, pullaryň açyk ýerde goýuljakdygy gelmändir. Ondan daşaram jenaýatçylar bir näçe ýalan gizlinlikler guraýarlar. Olaryň pikiri boýunça sülçi bir, iki boş gizlinligi tapyp soňkylara üns bermez diýip hasap edýärler. Ýene – de jenaýatçylar sülçiniň medeniýetliligine, adamçylyk sypatlaryna ynanaýp gizlenýän zatlary keselli hassalaryň, kiçi çagalaryň ýatan ýerlerinde gizleýärler.

Agtaryşyň dowamynda agtarylýan adamyň özüni alyp barşyna syn etmeklik sülçi üçin köp maglumat berip biler.

Şonuň üçin hem sülçi agtarylýanyň özüni alyp barşynyň esasy psihologiýasynyň kanunalaýyklaryny bilmeli.

Agtaryş üçin garaşylmadyk ýagdaý bolsa (bu ýagdaýda ol subutnamalary gizläp ýetişmeýär, sülçiniň işi ýeňleşýär);

Agtaryş öňünden bilinýär, duýulýar we garaşylýar (bu ýagdaýda subutnamalar "ynamly" ýerde gizlenen we boljak agtaryşa psihologik taýarlyk görülen).

Agtaryş geçirilýän wagtynda özüniň alyp barşyna, gözlenýän zady gizlemäge onuň pikirlenmesiniň aýratynlyklary, akyl ösüşiniň derejesi, akyl ýetiriş höwesleri, hünär boýunça bilimleri we endikleri, gylyk – häsiýetleriniň aýratynlyklary täsir edip biler.

Şol sebäpleri mümkinçilik bolan ýagdaýynda sülçi agtaryşdan öň agtarylýanyň şahsy aýratynlyklaryny we häsiýetlerini öwrenmeli.

Agtarylýanyň özüni alyp barşy aşakdaky alamatlar bilen bellenilýär:

1. Agtaryş ýagdaýda ol öz geljegini agtaryşyň netijesine görä meýilnamalaşdyrýar.

Bu ýagdaý agtarylýany adatça güýçli emosional tolgunma getirýär we bu ýagdaýy ol gizlejek bolup çemeleşýär.

2. Agtaryşy alyp barýan adamlaryň gizlenen zadyň ýanyna barmasy, agtarylýanyň beýnisiniň belli öýjikleriniň güýçlenmesine getirýär.

Agtarylýan adamlaryň öz – özüne gözegçiligi beýik derejeli bolsa, olar öz tolgunmasyny gizlemek üçin we sülçini aldamak maksady bilen dürli mekirliklere ýüz urýarlar:

- Sülçä öz raýdaşlygyny görkezip, oňa kömek etjegini bildirýärler. Şeýdip olar sülçä onuň gözlegi biderekdigini, gizlenen zadyň ýokdygyny görkezjek bolýarlar.
- Sülçiniň ünsini biderek gürrüňler, haýyşlar bilen eýläk – beýläk biderek ýöremekleri bilen sowýarlar.

- Sülçiniň gaharyny getirmek üçin onuň adyna her zat diýýärler.

Şular ýaly ýagdaýlarda sülçi öz mertebesini saklap, agtarylýanyň bu hereketlerini beseltmekliklerine çemeleşmeli.

Agtaryş wagtynda maglumatlar ünsden çykmazlyk üçin ýalňyşlyklar bolmazlyk üçin agtaryşy iň azyndan 2 – 3 adam bolup geçirmeli. Olaryň biri agtaryşy alyp barsa, beýlekisi oňa daşyndan syn etmeli, hemme mümkinçilikleri ullanmaly. Diňe hemme zat edilenden soňra işi besetmeli.

## 6.5 Hukuk goraýjy edaralaryň işgärleriniň hünärmen hillerine talaplar

Ýörite barlaglar agtaryş işleriniň psihomaksatnamasyny düzmäge we onuň operatiw işgärlere esasy talaplaryny kesgitlemäge mümkinçilik berdiler. Hukuk goraýjy edaralaryň işgärleri agtaryş işiniň esasy soragyna jogaby gözlemek kriminal ýa – da başga jenaýaty etdi – özi bilen degişli ýagdaýda hereket edýän adamlaryň pikirlenme tutumy görkezýär. Aýdyň pursatyň aýratynlyklaryna baglylykda bu görnüşiň düzüm bölekleri hökmünde mysal üçin şular bolup bilýärler: özüni alyp barşyň sebäpleri hakynda umumy düşünjeli bolmak, haýsy – da bir şahsyýetleriň özbaşdak psihologik aýratynlyklary hakynda düşünje. Obrazlaýyn az – da kän gurluş düşünjeler şahsyýetleriň derejeleri hakynda jenaýaty eder diýlip garaşylýanlardan. Köplenç kriminal wakalaryň ýa – da başga operatiw agtaryş pursatlaryň görnüşleriň mazmuny işgärleriň tejribesinde döreýär. Onuň ähmiýeti pursatlaryň görnüşleriň pikirleniş mazmuny ýaly, olaryň düzüm bölekleriniň anyk derejesinde – de görünýär. Idial hadysada operatiw işgäri anyk şahsyýetleriň doly belli edilen we meňzedilen maglumatlara görä keşplere laýyklykda pikir edýär. Aýdylan zatlar operatiw – agtaryş işiniň psihologiki esasyny adamlaryň gurluşynyň ösüşiniň görnüşlerini we olaryň özüni

alyp barşynyň ulgamy bolup durýan mazmunly bilimleriň ýörite hazynasynyň bolýanlygyny aňladýar.

Işiň şu görnüşiniň düýbünde ýatan esasy integral psihiki tutum bolup ony ýerine ýetirýän işgärleriň operatiw pikirlenmesi durýar. Onuň mazmuny esasy operatiw – agtaryş görnüşli pursatlara getirýär. Ol pursatlaryň esasynda operatiw agtaryş meseleler we olaryň çözgüdüniň ýollary döreýärler. Psihiki görnüşleriň başga görnüşlerinden, mysal üçin pedagogiki işinden, tapawutlulykda, operatiw habar beriş görnüşleriň düzüm bölekleri bolup şahsyýetleriň hukuga garşy hereketleriniň subýekti bolup ösüşdäki keşpleri bolýarlar: adamyň jenaýatçylykly özüni alyp barşy subýekti hökmünde umumy düşünjeden we onuň özini alyp barşynyň mehanizimlerinden belli bir şahsyýetiň belli bir şertlerde hereket edýänlere çenli.

Operatiw pikir etme, agtaryş işini dolalandyrýan düýpleýin pisihiki tutum bolup, bu işiň tejribesine ornaşdyrylan, onuň netijeleri bilen bagly we operatiw işgäriniň hünärmen derejesiniň esasy bolup durar. Operatiw – agtaryş görnüşleriň mazmunyndan alyp gaýtsak, operatiw – agtaryş üstünliliginiň esasyny diňe tejribede alynýan ýerine ýetirýän şahsyýetleriň hünärmen tejribesi bolup durýar.

Operatiw – agtaryş iş döwlet – hukuk işiniň görnüşi bolup durýar, şonuň üçin onuň daşky hereketlerde içki pisihologik mazmunyny amala aşyrmak möhüm şertleriň we çäklendirmeleriň hatary bilen baglaşykly. Has möhümleriň biri bolup işiň bu görnüşiniň gizlin häsiýeti bolup durýar. Agtaryş hereketleri köplenç adamlaryň goralan hukuklaryny girmek bilen bagly bolup durarýar. Jenaýat bilen baglylygyna müňkürlik edilýän adamlaryň (olaryň hakykatdan günäsi anyklanmaka). Ol hereketler wezipeli şahsyýetleriň rugsat bermekleri bilen getirilýär. Olar diňe hereketlerini agtaryş häsiýetini gizlemeli däl, hereketleriň maksatlarny hem özleriniň hukuk goraýyş edaralara degişliliginem gizlemeli.

Agtaryş hereketleiniň ýaşrynlygy – olaryň esasy häsiýetnamasy, onsyz köplenç gerekli netijä ýetmek mümkin däl. Ýaşrynlygyň manysy hakyky maksatlaryň ýörite gizlenmeginden, hukuk goraýjy edaralaryň ýerine ýetirýän hereketleriniň ýa – da başga adamlarda ol hakynda nädogry düşünje döretmekden, hasam adamlaryň grizilen işiň umumy gurluşy hakynda nädogry düşünje döretmekden ybaratdyr. Edil şonuň üçünem kanun operatiw - agtaryş işiniň ýöriteleşdirilen usullarny jenaýata garşy göreş maksatlary bilen peýdalanmagy berk nygtaýar.

Operatiw – agtaryş hereketleriniň ýaşyryn häsiýeti ony ýerine ýetirýänlerden öz wezipe meselelerni ýerine ýetirende özüni alyp barşynyň hemişe gözegçilik etmekligiň ýokary ösen derejede endik etmelerni talap edýär, hasam başga adamlar bilen gatnaşykda,başgaça aýdanda ýokary ösen refleksiýany talap edýär.Şonuň bilen
birlikde özüni berk gözegçilik işgäriň tebigylyga täsir etmeli däl,başga adamlaryň tarapyndan nähili-de bolsa hakyky maksatlaryny müňkürçilik döretmeli däl.

Agtaryş işler geçirilende çözülýän umumy mesele bolup taýýarlanylýan, edilýän ýa – da edilen jenaýatlar hakynda az – da – kän degişli adamlarlardan her hili habar – alamatlar wakalar, serişdeler we şahsyýetler hakynda tapyp almak bolup durýar. Gözlenýän adamlar hakynda-olaryň ýerleşýän ýeri barada maglumatlaram bolup durýar. Agtaryş hereketleriň üsti bilen başga – da aýratyn meseler bolup bilýärler. Olaryň mazmuny dürli edara resminamalarda bolup bilýär, diňe oňa degişli adamlar bilen baglanyşykly wezipe we döwlet gizlin syry bolup bilýär.

Bu herekleriň psihologiki ybaratlygy örän möhümdir. Ilki bilen agtaryş işini geçirýän işgärler gerek habarlaryň çeşmesini anyklamagyň usullarynyň köpüsini hem – de çeşmeleriň özlerini bilmeli. Bu bilimler ýöriteleşdirilen okuw jaýlarynda alynýarlar. Emma tejribe işinde köplenç şu

pursatlar:habarlaryň çeşmeleri öňünden belli bolmaýar we anyklamak gerek. Käwagt bu meseläni çözmek üçin işgärlerden örän gowy analitik zehinleri,aňly pikirlenme we duýgurlygy talap uly bolýar.

Köp meseleleriň möhüm aýratynlyklary agtaryş işnde näbellilik agtaryş obýektiniň ýokary derejede näbellilik durýar. Şol obýekt bolup belli bir şahsyýet bolsa, habaryň çeşmesiniň döremeginiň ýollarynyň biri bolup psihologiki görnüşleriň (portretiň) işläp döretmegi – jenaýatçynyň şekili bolup bilýär. Onuň esasynda jenaýatçynyň gözleginiň taktikasy gurulýar. Bu meseläni çözmeklik çuňňur,akademiki däl, amaly tejribäni, adamyň psihologiýasyny bilmekligi talap edýär.

Agtaryş işiniň başga – da örän möhüm meselesi oňa meňzeş – şahsyýetiň ýerleşýän ýerini anyklamak. Onuň çözgüdi köplenç şahsyýetiň prognostik görnüşini – onuň häsiýetini gurmak. Ol görnüşiň esasynda onuň ýerleşýän ýeri hakynda çaklama aýdyň bolýar. Bu taýda esasy ýerde özüni alyp barşyň psihologiki mehanizmlerini bilmeklik ýatyr, şahsyýetiň ýerleşmesinde ol ýa – da belli ýagdaý – da, şertlere bagly anyklamak.

Agtaryş işiniň meseleleriniň öz manysynda psihologik özbaşdak toplumy gerek maglumatlary olaryň çeşmelerinden alyp bilmegiň usuly bilen bagly.Bu meseläň çözgüdi çeşme göterýäniň häsiýetine hem habarynyň özüne bagly. Onuň ýaly çeşmeler bolup serişdeler, resminamalar, adamlar, gyzyklanylan wakalaryň ýagdaýlary bolup bilýär. Olaryň her haýsy bilen işlemek öz usuluny talap edýär. Ol usullary öňünden bilmek amaly taýdan mümkin däl. Tehniki mümkinçiliklere garamazdan,agtaryş işinde esasy bolup belli bir adamlardan habar almak,ony soraşdyrmak bolup durýar.Haýsy görnüşde ol geçirilse-de,operatiw işgäre sorag edilýän adam bilen ýörite gatnaşyk döretmek zerur, ýörite şert döretmek sorag bilen,şol adam habar berer ýaly, käwagyt

hakyky maksatlary gizlemek,sorag edilýände özüne garşy habarlaryň aýdýanlygyna müňkürçilik döretmezlik.

Operatiw – agtaryş işde işgärler köp hereketleri ýerine ýetirýärler, dürli adamlar bilen gatnaşyga girýärler.Olaryň esasy meselesi – köp habarlaryň içinde esasy gereklerni saýlamak, özlerne gyzyklysyny saýlamak we başga habarlary operatiw işgäri hökminde belläp almak.

Pursat has – da kynlaşan halynda habar göteriji adam bolanda we ýörite gyzyklanma operatiw işgäri tarapyndan açyp bolmanynda. Bu ýagdaýda bir giden özbaşdak psihologiki meseleler ýüze çykýar, mysal üçin, gyzyklanylýan adam bilen aragatnaşygyň ýollaryny we usullaryny kesgitlemek, habarlary işde peýdalanmak soňky agtaryş hererketlerde, gizlinligi alyp barmak we ş.m.

Kazyýet psihologiýasy soragy iki adamyň arasyndaky gürrüňi ritual hökmünde häsiýetlendirýär, ýöne gürrüňiň görnüşi jenaýat hukuk kadalar bilen berk Gürrüňe baglanşdyrlyp bellenilendir.

# VII Bap. Sorag etmegiň psihologiýasy

## 7.1. Sorag etmek barada düşünje

Jenaýat eden adamyň psihologiýasyny, jenaýat edilen wagty we jenaýaty açmak tutumyndaky onuň özüni alyp barşynyň seljermesini bilmän, şeýle hem jebir çekenleriň we şaýatlaryň olaryň jenaýat wagtynda we jenaýaty açmak tutumynda kabul edişinde ýüze çykýan onuň kanunalaýyklyklarynyň psihologiýasyny bilmän, jenaýaty açmaga gatnaýan beýleki agzalaryň psihologiýasyny, sülçülik hereketiniň hemme agzalaryna psihologiki ugrunyň we täsiriniň bolmazdan, sülçiniň güdelik işini amala aşyrmak mümkin däl.

A.R. Ratinow özüniň işiniň häsiýeti bilen baglanyşykly öz ahlak, intellektual we erk – gylyk - häsiýetleriniň hilleri boýunça sülçiň özi nahili bolmalydygy **baradaky** soragyň gyzykly çözgüdini ýüze çykardy. Şeýlelikde, umumy kabul edilen sülçide bolmaly zerur gylyk - häsiýetleriň hatarynda ol çeper sözlüligi girizdi, sülçide tükeniksiz akyl hazynasynyň bolmagy “ bilimiň nagt maýasy” diýip atlandyryldy, geljekde oňa gerek bolmagy mümkin zatlary deňeşdireniňde “ beýlekiler üçin aňrybaşy düşnükli bolmagy” sülçä maslahat berdi.

## 7.2. Soragda psihologiki täsir ediş

Hakykatdan -da sülçide bolmaly gylyk - häsiýetlerden birinji ýerde onuň adamlaryn psihologiýasyna düşünmekligini, adamlara bolan psihologiki ugruny eýelemekligi, olaryň özüni alyp barşynyň psihologiki seljermesiniň, ussatlyk we mümkinçilik çäklerinde olara psihologiki täsir etmekligi goýmak zerur. Munuň üçin psihologiýa bilimleri, durmuşy tejribe we psihologiýada esaslandyrylan kriminalistikada işläp

düzülen taktiki usullary ulanmak zerur bolup durýar. Ýöne welin adamlaryň psihologiýasyna düşünmek we olara psihologiki täsir etmeklik üçin öz psihiki tutumlaryň we ýagdaýlaryň bilen dolandyrmagy başarmak zerur. Şunuň bilen birlikde süçuň özüne anyk talaplar teklip edilýär, hususanda ol başarmaly:

a) Gözleg- barlag obýektda jemlenmek, ünsli we synçylykly bolmak zerur ;
b) Iş wagtyny tygşytly paýlamagyň ýoly bilen haçanda has jogapkärli işi ýerine ýetirmeli bolanda we wajyp soraglarda çözgüt kabul etmeli bolanda işe ukyplylygyň ýokary derejesini we pikirlenmäniň aýdyňlygyny saklamak;
ç) Şowsyzlyklara uçranda ruhdan düşmezlik;
d) Sülçilik isiniň gatnaşyjylara bilen bolan özara gatnaşykda öz emosiýalaryňy we keypiňi ýüze çykarmazlyk, olara boýun bolmazlyk, iň bolmanda onuň bilen özüň we adamlaryň arasyndaky gatnaşygy kesgitlemezlik;
e) Kimiň özüni alyp barşyny oň özü bahalandyrýan bolsa şolar üçin görelde bolmak.

Psihologiany ulanyp esaslandyrylan taktiki usullar sülçiden gelip çykar we sülçilik hereketlerine gatnaşyjylara belli bir *psihologiki täsir etmekligi* maksat tutunýarlar.

Jenaýat tutumy täsir edişiň esasy görnüşi hömünde ynandyrmak usulyny göz öňüne tutýar.

A.R.Ratinowyň aýdyşy ýaly, haçan-da bu täsir edişiň netijesinde belli bir pozisiýa, garaýyş, gözýyetim öz hususy ynandyrmasy hökmünde görkezme berýän adam tarapyndan meýletin we aňlanyp kabul edilende we aýdylanda,

Soragyň dowamynda sorag edilýäne psohologiki täsi edişiniň esasy görnüşi ynandyrmak bolup durýandygy, gürrüňsiz dogry. Ýogsa-da bu usul psohologiki täsir etmäniň beýleki görnüşlerini ullanmak mümkinçiligini çäklendirmeýär.

Sülçilik işiniň gatnaşyjylary bilen sülçiň aragatnaşygynyň psohologiki tarapy olaryň gatnaşygynyň psohologiýasy hökmünde ýüze çykýar, şonuň üçin psohologiýa maglumatlarynda esaslandyrlan taktiki usullary gatnaşyklaryň psohologiýasynyň taktiki usullary diýip atlandyrmaly.

Sülçiniň sülçilik işine gatnaşyjylary bilen psihologik gatnaşygyň döremegi indiki taktiki usullary bilen çözülýän taktiki mesele bolup durýar:

1) Sülçiň özüni alyp barşynyň kommunikabel ((gatnaşyk etmek) adamlar bilen kadaly aragatnaşyk düzmek manysynda);

2) Sülçilik işini ýerine ýetirilşinde onuň gatnaşyjylarnyň gyzyklanmasyny döretmek we işjeňligini ýokarlandyrmak;
3) Sülçilik işiniň aýratyn gatnaşyjylaryny konflikt keýpini aýyrmak.

Sülçilik işiniň gatnaşyjylarynda psohologiki gatnaşygyň döremeginde has kyn aragatnaşyk gurnalýan sülçilik işiniň gatnaşyjylarynyň alamatlary barada sülçiň düşünjesi bolmaly. Şunuň bilen birlikde psohologiki häsiýetleri anyklamak zerur. (temperament, gylyk-häsiýet, ukyplar, gyzyklanmalar, ösüşiň derejesi), ahalak keşbi, jemgyýet önümçilik ýüzi, şeýle hem onuň işidäki orny, iş boýunça gelýän beýleki adamlar bilen aragatnaşygy, sülçilik işi geçirlen döwründe eýelemäge mümkin bolan onuň hödürlän pozisiýasy, önümçülikli we beýleki häsiýetnamalar sorag döwründe alnan anketa maglumatlary we sülçiň sorag tutumynda sorag edilýäni şahsy synlamasy.

Sorag ediýäniň şahsy psohologiki alamatlaryndan başga-da prosessual düzgannamasy bilen baglanşykly tipologiki häsiýetini hem gö öňüne tutmak gerek.

Sülçilik işiniň gatnaşyjylaryna olar kim bilen gatnaşyk gurajakdygy biparh bolmaýar. Ölaryň gatnaşyga taýýarlygy,

gabat gelýän keýpi diňe bir wezipä bagly bolman şeýle hem sülçiň şahsy we işewir hiline, onuň özüni alyp barşyna bagly bolup durýar. Şonuň üçin sülçi sülçilik işine gatnaşyjylar barada öwrenmegi bilen birlikde olaryň öňünde özüni hem “açmaly”.

Sülçilik işiniň gatnaşyjylaryna sülçi barada ilki bilen we esasy onuň

özüni alyp barşy boýunça, olara onuň gatnaşygy boýunça pikir döremegi mümkin.

Günäkärlenýäniň we guman edilýäniň hukuklary we borçlar düşündirlen wagtynda kanun tarapyndan günäkäriň jogapkärçiligi ýeňilleşdirilýändigi barada ýagdaýlaryň göz öňüne tutulandygyny, hususanda ak ýürekden ökünmeklik we jenaýaty açmaklyga işjeň ýardam bermeklik barada olary habarly etmeklik gerek.

Sülçilik işiniň gatnaşyjylary bilen sülçiň gatnaşyk gurnamagy üçin diňe bir onuň özüni alyp barşy, şeýle hem sülçilik işi üçin kadaly şertleriň döredilmegi wajyp bolup durmaýar: Bellenilen wagtda işiň başlanmagy, işewir ýagdaýy döretmek netijeleri bellemek üçin zerur bolan serişdeler bilen üpjin etmek we ş.m.

Eger-de sülçi çagyrlan adamlary garaşdyrsa, telefonda gürleşse, sorag edilen wagtynda özgeler bolsa we ş.m, onda, aragatnaşygy gurmak kyn, şeýle hem sülçiň daş sypaty tertpli we ykjam bolmaly.

**Ýalan görkezmelere degişli**:

Hakykata gabat gelmeýän maglumatlary aňlanylyp berilmegi; Hakyky we bilinýän (görkezme berýän adama)

zatlaryň aňlanylyp inkär edilmegi ýa-da ýalan maglumatlary tassyklamagy; adamyň olaryň  görkezme berlende habar berilmelidigini bilýän hem bolsa, bilinýän zatlar barda aňlanylyp aýdylmazlygy; Yatdan çykarmak bahanasy bilen bilýän zatlary barada aňlanyp boýun gaçyrmaklygy.

Görkezme berýän adamda gabat gelýän taktiki usuly dogry ullanmak üçin  ilki bilen onuň pazisiýasyny ýüze çýkarmaklyk zerur.

Görkezme bermegiň häsiýeti boýunça A. F. Koni indikileri aýtdy: “ Aldaýan adam hemişe özüniňkide berk durýar, emma “dogruçyl” soňundan öz sözüniň dogrulygynda ýüze çykan ýaýdanmagy bilen çekinip, ýönekeýje bulaşyp we ýaýdanyp başlaýar.

Şunuň bilen birlikde şahsy synçylygyň ullanmaklygynyň mümkinçiligini hem unutmaly däl. R.S. Belkin dogry hasap edýär:“Syn edilýän fiziki we ahlak ýagdaýlaryň ýüze çykmalary sülçi üçin gulluk edip bilýärler:

a) Onuň hereketleriniň dogrylylygynyň görkezijisi ýa-da tersine, hereketiň ugruny ýa-da onuň taktikasyny üýtgetmekligiň zerurlygy barada habar bolup;

b) Şu sülçilik işiniň üstünliliginiň çaklamasy hökmünde şu adam bilen zerur psihologiki gatnaşygyň ýoluny düzmeklige saýlow üçin oriýentir bolup;

c) Tutumyň  gatnaşyjylarynyň psohologiki we beýleki aýratynlyklaryny öwrenmek üçin serişde bolup.”

Görkezme berlen wagty dogruçyllyk – bu şaýatlar we jebir çekenler üçin diňe bir presessual borç bolman, eýsem ahlak borjy bolup durýar.

## 7.3. Soragy alyp barmagyñ düzgünleri

Soraga gatnaşanlar hukuk tarapyndan borçly bolmaýar. Adatça her bir sorag 5 bölege bölünýär. Her bölekde bolsa öz psihologik aýratynlyklary, kanunlaýyklary bar.

1 – nji soragyň giriş bölümi.

Bu bölümde sülçi adatça dil üstünden sorag edilýänden (demografik maglumat ) umumy maglumat alýar. “ Iki söhbetdeş” bir – birine görä öz soňky özini alyp baryş tertibini belleýärler.

2 – nji psihologik aragatnaşyga giriş.

Bu ýerde bir zady bellemeli: aragatnaşyga her soragda gelmek kyn, ýöne her bir sülçi aragatnaşyk guramaga çemeleşmeli. Bu bölekde iki söhbetdeş bir – birini görä öziniň alyp baryş ýolyny bellemeýärler we gürrüňiň umumy ölçeglerini bellemeýärler. Gürrüňiň basyşy – tempi, gidişi – ritmi, esasy psihologik ýagdaýlary – dil, sözleýşiň usullary, bedeni hereketi we yşaraty (poza we mimika).

3 – nji soragyň esasy bölegi.

Bu bölekde sülçi sorag edilýänden iş boýunça esasy maglumaty alýar.

4 – nji soragyň deňeşdirme we seljerme etmek bölegi.

Bu bölekde sülçi soragda alnan maglumaty işde öň ýygnalan, öňki alnan maglumat boýunça deňeşdirýär we ýüze çykan gapma garşylyklary çözýär.

5 – nji soragyň jemleýji bölegi.

Bu bölekde sülçi dörli usullar bilen el ýazma maşyna, magnitafona we dürli usullar bilen soragda alynan maglumatyň netijesini belleýär we kagyza geçirip gol çekmäge berýär.

Her bir 5 sany agzalan bölekde öz psihologik kanunlaýyklary bardyr.

Soragyň dowamynda söhbetdeşlere täsir alamatlary belläp bolýar.

- Daşky ýagdaý (situasiýa) - bu alamatlara jenaýaty kabul eden pursatyndan, soraga çagyrlandan tä gutarýança ýüze çykan daşky alamatlaryň täsiri degişlidir.
- Soragdan öňki sülçiniň elinde bolan maglumat.
- Sorag edilýän şahsyýetiň özbaşdak aýratynlyklary.
- Sülçiniň şahsyýetiniň hünärmen biliminiň we endikleriniň derejesi we onuň özbaşdak häsýeti.

Daşky alamatlary iki topara bölüp bolýar.

1. Ol jenaýaty kabul eden pursatyndaky täsir edýän psihologik alamatlar. Muňa esasan jenaýaty kabul eden adamlaň görkezmesi we olar nähili şertlerde kabul edilendigi degişli bolup durýar. Sebäbi, köp jenaýatlar

tiz we gysga wagtda adamyň kabul etmäge mümkinçilikleri hem bolup bilýär.

2. Sorag alnyp barlanda we soragyň dowamynda alamatlaryň täsir etmesi. Bu alamatlar topary esasan soraga çagyrylan wagtyndan tä soragyň soňuna çenli alamatlaryň täsiri degişlidir.

Mysal üçün: otagda täsiri we ş.m. otagda sülçiniň täsiri uly, sülçiniň daşky sypaty özüni alyp barşynyň täsiri.

Soragda her bir sülçi aragatnaşyk guramaga çemeleşýär. Ol aragatnaşygy aýplanýanyň şahsyýetini doly öwrenilen esasynda gurap bolýar.

Ondan daşaram:

- 1 – nji aýyplanýandan sülçiniň ahlak tarapy ökdedigini görkezmeli.
- 2 – nji aýyplanylýan sülçiniň obýektiw däldigine şübhelenmeli däl.
- 1 – 1 – nji sülçi sorag etmäge ynanýandygyny görkezýär.
- nji sülçi soragyň dowamynda jenaýat tutumynda kanunyň kadalaryna gapma-garşy gelýän taktiki usullary ullanmaly däl.

### 7.4. Soragda ulanylýan taktiki usullar

Soragda 3 sany ýagdaý emele gelip bilýär:

I. Kooperatiw ýagdaý – bileleşik ýagdaý .

II. Doly bäsleşik däl – dawaly (konfikt) ýagdaý.

III. Doly bäsleşik ýagdaý – dawaly (konfikt) ýagaý.

**I. Kooperatiw ýagdaýda ulanylýan taktiki usullar.**

- Yzygiderlilik (smeşenost) - bu usul ýat tutumynda aksentusiýasy esasynda döreýär. Adamyň ýadynda yzgiderlilik döreýär. Ol bir ýat tutanda öň ýadynda galan zadynyň töweregindäki zatlaram hökmän ýadyna girmeli.

- Meňzeşlik usuly – bu usulda adamyň ýadyny dikeltmek maksady bilen meňzeşräk serişdeleri görkezilýär. Mysal üçin: Meňzeş suratlary görkezýär we maglumat ýüze çykýar.

- Kontraslyk – bu usulyň manysy boýunça adamyň ýadynda gapma – garşy zatlar gowy galýar. Mysal üçin: Ak – gara, gyş – tomus, gije – gündiz.

- Dizassiosiýa usuly – Adamyň ýadynda galan serişdeleri, keşpleri bölekleýin görnüşe bölmek. Adam serişdäni bütewi kabul edýär.

- Perifraza usuly. Sorag edilýän adamyň görkezmesini täzeden başga sözler bilen aýtdyrmak.

- Görkezmeklik usuly – bu usul esasynda sorag edilýän gören zadyny dil üsti bilen aýdyp bilmese, şony görkezip bilmeli . Sülçide reňkiň şkalasy bolmaly.

**II. Doly bäsleşik däl ýagdaý – dawaly (konflikt) ýagdaýdaky ulanylýan bäsleşikli usul.**

- Gürrüň – sorag başlamazdan öň sülçi belli bir Tema boýunça gürrüňi başlaýar, manysy boýunça ol soragyň maksadyna gabat gelmeli.
- Dartynlygy aýyrmak usuly kä halatlarda sorag edilýän dartgynlyk ýagdaýda düşýär. Şonuň üçin sülçiň maksady dartgynlygy aýyryp, soraga başlamak.
- Sazlamak (nastroýka) usuly - bu usul sorag edilýän bilen emosional aragatnaşyk guramaga gönükdirlen. Sülçi soragdan öň sorag ediljegiň gymmatlyk nazarlanmalaryny, jemgiýet gönükdirilmelerini öwrenip onuň durmuşyna, ýagdaýyna düşünmek bilen baglanyşykly ýagdaýa öwrülýär.

**III. Doly basleşik dawaly ( konflikt ) ýagdaý gowy.**

- Sorag edilýäniň şahsyýetiniň oňaýly häsýetlerini ulanmak. Sülçi soraglaryň dowamynda sorag edilýäniň gowy tarapyna gönükdirýär (ökde ussa, we ş m).
- "Dolandyrmadyk" ýagdaý döretmek. Kä ýagdaýda sorag edilýänler jogap berenlerinde kä bir zatlardan geçip gidýärler. Mysal üçin: Käbir zady ýatdan çykarýar, şol ýerde ýetmeýän zatlary özleri dolandyrjak bolýarlar, başga bir zatlar aýdyp, ýalan sözleýärler.
- Garaşmak usuly. Kä halatlarda sorag edilýände meýilleriň göreşi bolup geçýär. Sorag edilýän tolgunýar dogry diýsemmikäm, diýmesemmikäm diýýär. Sülçi şonuň gowy meýillerini goýmak üçin şert döredýär, arakesme wagt berýär.

- Allawy kesmek usuly - bu usulda sülçi allamak usuly bilen sorag edilýäniň aýtmasyz bolýan maglumatyny aýtdyrmaga gönükdirilen. Mysal üçin: sülçi sorag edýär, şol ýerde ýalan sözleýär, sülçiň elinde bolan maglumat boýunça jenaýatçynyň ýalan sözleýşini anyklaýar.

# VIII Bap. Tanamagyň psihologiýasy
## 8.1. Tanamak barada düşünje

Jenaýaty yzarlamak geçen wakany tanamak bolup durýar. Alamatlaryň umumy özaragatnaşygynyň we özarabaglanşygynyň hem – de maddy dünýäniň şöhlelenmeginiň umumy alamatlarynyň kanuny güýjüne baglylykda ýekeje bir waka ( bolup geçen zat, ýüze çykma alamat, hakykat ) yz galdyrman geçmekligi mümkin däl,wakalara we gurşap alýan ýagdaýlara gatnaşýan obýektlarda bolsa ol ýa – da beýleki üýtgeşmeleri ýüze çykarýar. Öz gezeginde bu üýtgeşmeler – waklaryň özboluşly "barmak yzlary", ýagny sözüň giň manysynda maddy ( jenaýat wakasyna degişlilikde – el we aýak yzlary, döwüp girmegiň, ulagyň gurallary, pyçak, tüpeň we beýleki jenaýat gurallary, resminamalar, adam jesedi we ş.m. ) yzlar boluşy ýaly maddy dälleri ( kabul ediş, emosiýa ) hem wakany, onuň ýagdaýlaryny, sebäplerini we ş.manyklamaga mümkinçilik berýärler. Jenaýat işi yzarlananda tanamagyň ayratynlygy esasy bilen indikilerde jemlenýär:

a) döwlet tarapyndan ygtyýarnamaly adamlar tanamagyň subýektlary bolup bilýärler;

b) tanamagyň obýekti bolup jenaýat gulluk edýär;

c) tanamak kanun tarapyndan kabul edilen gysgaldylan möhlet bilen şertlenilen;

d) tanamak işi hukuk görnüşe girizilen, tanamagyň diňe kanun tarapyndan göz öňüne tutulan serişdelerini ulanmaga mümkinçilik bilen şertlenen;

e) tanamagyň netijesi ýönekeý bir düşündiriş bolman, eýsem jenaýatly wakanyň ýagdaýlaryny anyklamak bolup

durýar, şeýle hem olaryň subutnmalar bilen üpjün edilmegi;

f) gyzyklanýan adamlar tarapyndan tanamak käwagtlar gapma – garşylyklaýyn hereket şertlerinde bolup geçýär.

Bu aýratynlyklary bilen jenaýatly wakany tanamak geçmişiň wakalaryny serişdeli tanamagyň beýleki görnüşlerinden tapawutlanýar .

Hukuk psihologiýasynda jenaýatçylykly ýagdaýlarda ýörite tassyklanan prosesual kanunalaýyklykda tanyşmak döwründe, sülçiň subutnamalary boýunça sorag edilýän adam diri-adamy, jesedi, ýada surat şekilleri boýunça tanamaly. Diňe käbir ýagdaýlarda gözleýiş işi geçirýänleri gyzyklandyrýan obýekt tanalýan wagtynda beýleki üçden köp bolmadyk meňzeş obýektlar bilen berilip bilner. Tanamagyň ýörite netijesi barada ýörite protokollar ýazylýar.

Tanaýan adam, ýagny ol jenaýatçy, jebir çeken, şaýatlar we ş.m. tanalýan keşbini, serişdäni, ýagdaýy ýadyna salmak maksady bilen ýa-da ýadyna düşeni gaýtadan müňkürligini tassyklamak üçin tnamagyň (opoznaniýe) gidýän döwründe tanaýanyň ýadynda galan keşp (obraz) bilen obýekitiň keşbi deňeşdirilip netije çykarylýar.

## 8.2. Jenaýat edilen wagtyndaky psihiki ýagdaýlaryñ täsiri

Hukuk psihologiýasynda jenaýat edilen wagtyndaky psihiki ýagdaýlaryň täsirini anyklamak üçin indi biz, jenaýat pursatynda, aňynda galan obýektyň keşbini suratlandyrmak alamatlary, hem – de tanaýanyň sülçä beren iň soňky obýektiw netijäniň alamatlary barada durup geçireliň.Hukuk psihologiýasynda jenaýat edilen wagtynda adamyň aňynda

galan keşbi suratlandyrmagyň obýektiw we subýektiw alamatlary täsir edýär.

Subýektiw meýilnamada adamyň aňynda galan keşbi suratlandyranda durmuşy – psihjlogik ugurlaryň uly ähmiýeti bardyr.

Obýektiw kabul edilende subýektyň emosional kabul etmegi bellenilýär.Bu ýagdaý esasanam zyýan çeken adama (poterpewşiý) degişlidir, ýagny, bu ýagdaýda tanaýan adam jenaýat wagtynda dartgynly ýagdaýda bolup, jenaýatçylykly pursaty, tanalýan zady, serişdäni, adamy, we ş.m. doly ýa – da bölekleýin kabul etmek mümkinçiligi bolýar.

Adam jenaýat wagtynda –gorky, gahar, utanç ýaly duýgulary başdangeçirende jenaýat döwründäki köp zatlary aňynda saklap bilmeýär, ýagny ony obýektiw kabul edýär. Obýektiw kabul etmegiň bir sebäbi jenaýat döwründe amatsyz ýagdaýyň-wagtyň azlygy, kyn saýgarmak, ýagdaýlaryň basym üýtgemegi bolup duryar. Görkezilen obýektiw we subýektiw faktorlar soraga edilmezmezden öňürti ýüze çykarmalydyr.

## 8.3.Tanamagyñ görnüşleri

Hukuk psihologiýasynda tanamak döwründe duýuş organlaryň üsti bilen tanamak köplenç duş gelýär. Gözleýiş işleriň tejribesinden iň köp duş gelýäni – keşbi görmegiň üsti bilen tanamak.

Hukuk psihologiýasynda tanamak döwründe keşbi görmegiň üsti bilen tanamak öz gezeginde iki topara bölünýär:

1. Obýekti hiç hili aýratyn serişdeleň kömegi bolmagynda tanamak.

2. Obýektiň öňki keşbini göz öňüne getirip, logiki seljermäniň üsti bilen tanamak.

Häzirki döwürde tanamagyň birinjisi köp gabat gelýär, ýagny obýekti hiç hili aýratyn serişdeleň kömegi bolmagynda tanamak.

Gözleýiş işleriň tejribesinde testiň kömegi bilen tanamak köp gabat gelýär.Kanunçylyklar tanamagyň wagtyny çäklendirmeýän. Hukuk psihologiýasynda tanamak üçin berilýän wagt ýagdaýa görä bolýar. Tanamak üçin hödürlenýän beýleki obýektler, tanamagyň şol adamalaryň sypatyny göreninden jenaýatçydydgyny bilmeli däl. Onuň sypaty, egi – eşigi adatgy adamlaryňky ýaly bolmaly, eger – de onuň saçy syrylgy bolsa, egin eşigi ýygyrt bolsa, onda tanaýanyň pikiri üýtgeýär we ýalňyşlyga ýol berýär, şeýle hem psihologiýada bu ýagdaý kwazimaskirowka diýip atlandyrylýar.

## IX Bap. Zähmet – düzediş psihologiýasy
### 9.1. Zähmet – düzediş psihologiýasynyň dersi we meseleleri

Zähmet – düzediş psihologiýasy, jenaýatçynyň psihologok taýdan terbiýelemegiň, ünsüni zähmete çekip, gowy arassa durmuşda ýasamagyna çekip, jenaýatçynyň şahsy durnuklylygyny täzeden terbiýelemegiň we durmuşa uýgunlaşmagynyň tejribesini işleýär.

Zähmet – düzediş psihologiýasyny zähmet – düzediş hukugy, pedagogikasy, durmuşy psihologiýa bilen berk baglanşyklydyr. Zähmet – düzediş edaralarynyň öňünde uly mesele durýar, ýagny olar jenaýatçyny täzeden terbiýeläp, ony zähmet döredijiligine uýgunlaşdyrmaly, jemgiýetde dogry hereket etnäge ugrukdyrmaly. Elbetde bu meseläni adamyň şahsyýetini öwrenýän beýleki ylymlary ulanmazdan çözgüdi tapmak kyndyr. Şeýle ylymlaryň biri hem zähmet – düzediş psihologiýasydyr.

Jenaýatçy zähmet – düzediş edarasyna düşüp möhletiň gutarmagyna howlugýar. Zähmet – düzediş edarasynyň terbiýeçileriniň öňünde çylşyrymly meseleler durýar. Ol täze adamyň durkuny meýilnamalaşdyrmaly, ol täze adamyň her bir jenaýatçyda, terbiýeçilik täsir ediş kanunlaryň kömegi bilen jenaýatçynyň şahsyýetini täzeden gurnamagyna gönükdirmeli.

Durmuşa kesgitli ýagdaýlarynyň täsiri astynda her bir adamda daşky gurşawa görä durnukly duýuş alamatlary emele gelýär. Eger –de jenaýatçy jenaýat işi bilen uzak wagtlap meşgullanan bolsa onda bu häsiýet endige öwrülýär. Şeýle ýagdaýda jenaýatçynyň durmuşynyň şol bir gaýtalanmaýan hili barada gürrüň etmek bolýar. Şonda adam hemişelik ýaşaýyş jaýyň ýoklugyna, wagtly – wagtyna işi gitmezlige endik bolýar, onuň ýerine ol ogurlyk etmegiň amatly wagtyny gözleýär.

Zähmet – düzediş çäreleri geçirlende ilki bilen jenaýatçynyň jenaýat endiklerini ýok edip, ony zähmet endigi bilen çalşyrmaly. Zähmet – düzediş psihologiýasy tussagyň

şahsyýetiniň ösüşiniň ýakymly täsir etmelere indikileri degişli edýär : zähmet, düzgün, köpçilik, terbiýeçilik täsirler şeýle hem fakultatiw alamatlary : maşgala, azatlykdaky adamlar bilen bolan dostlukly gatnaşyklar, okuw, çeper höwesjeňler bilen gyzyklanmalar.

## 9.2. Temmi bermegiñ psihologik esaslary

Biziň bilşimiz ýaly, hukuk ylymynda – jeza bermek bilkastlaýyn ýa – da bilmezlikden – seresapsyzlykdan jenaýat eden adama kazyýet tarapyndan höklenen hökümiýet çäresi bolup durýar. Jeza bermekde adamlaryň jemgyýete garşy, alara garşy edýän hereketlerine hökümiet tarapyndan ýakymsyz baha berilýär. Edilen jenaýata jeza bermek bilen, jenaýat eden tussaglar bilen birlikde beýleki adamlara – da jenaýat göreşi jenaýat etmegiň öňüni almagyň we tussagy terbiýelemegiň we düzetmegiň arabaglanşygyny we özaragatnaşygyny ýzarlaýar.

Şeýlelikde, jeza çäresi 3 sany maksady ýzarlaýar : tussagy jezalandyrmak, düzetmek we terbiýelemek, şeýle hem jenaýatly hereketi duýdyrmak. Olaryň her biriniň jezalandyrmagynyň aýratyn psihologiki esasy bar we olaryň hersine öz psihologiki mehanizmi mahsus.

Psihologiki ylymda – jeza bermek – ýakymsyz berkemäniň alamaty bolup durýar. Jezalandyrmak işi tussagyň fiziki we ahlak jepa çekmelerinde kesgitlenilýär.

Bu alamatlaryň we jepalaryň ölçegi kazyýet tarapyndan ölçenilýär, we hemişe onuň ölçegi özbaşdak bolýar.

Çäre hökmünde jeza bermek tussaga hökümiýet tarapyndan edilýän ýakymsyz jogaby ýeňip geçmäge borçly edýän bir näçe aýratynlyklarybar. Ilki bilen jemgyýetden aýralyga we her bir adamyň öwrenişen, endik eden gurşawyndan aýralyga hem – de aýralygyň uzaklygyna düşünmegi ýeňip geçmeli bolýar. Bu belli bir kadalaryň we mümkinçilikleriň öňündäki böwet bolup durýar, bu böwetleriň

esasysy bolsa azatlykdan mahrum edilmek. Iň soňky – bu adam tarapynda meýilnamalaşdyrylýan bir näçe islegleriň öňündäki böwet, ýagny isleglerden mahrum bolmak. Bu mahrum edilmeleriň içinde adamyň özüni alyp barmagynyň meýilnamalaşdyrmaga mümkinçiliginden kesilmesi esasy bolup durýar.

Başga esasyň biri tussagy düzetmeklik we täzeden terbiýelemek maksady bolup durýar. Ol ýörite döredilen daşky gurşawyň täsiri esasynda adamlaryň psihikasyna üýtgemelere çydamly ukyplara esaslandyrlan.

Maksada gönükdirilen daşky gurşaw guramasynyň has anyk alamaty zähmet – düzediş edaralarynyň işlerinde ýüze çykýar. Görkezilen jezalandyryşlaryň maksatlaryna dürli ýollar bilen ýetilýär. "Jezalandyryş täsiri" – jepa çekmekligi – düzgüniň talap edilşinde we jezaň ýerine ýetirlişiniň möhletinde hem – de tussaglaryň şahsyýet ýüze çykmalarynda we olaryň çäklendirilişinde, şeýle hem olaryň durmuşynda we barlygynda bolup geçýär.

Tersine, "Düzediş täsiri" – zähmet – düzediş täsiri şahsyýeti durmuşa uýgunlaşdyrmagyň düzedişiň we täzeden terbiýelenşiň ýoly bolan ýörite alamatlaryny ulanmak bilen ýetilýär.

## 9.3. Türkmenler zähmet we zähmet terbiýesi hakynda

Zähmet terbiýesinde temmi bermegiň hem käbir usullary ulanylypdyr. Ýöne halk pedagogikasynda munuň seýrek ulanylandygyny bellemelidiris. Onsoňam, onuň az ýa – da köp ulanylmagy terbiýeçiniň aýratynlygy bilen baglanyşykly bolupdyr.

Temmi bermegiň halk pedagogikasynda belli bolan görnüşleri hökmünde şulary bellemek bolar : çaga ýaltalyk edip, oňat işlemese, kakasy ýa – da ejesi oňa beren wadasyny

ýerine ýetirmändir. Terbiýelenýäne erbet ýerine ýetiren işini gaýtadan etdiripdirler, wagtynda gutarmadyk işini gutarmagy talap edipdirler we gutardypdyrlar. Ol tabşyrylan işi etmekden boýun towlasa, ony ýerine ýetirmäge mejbur edipdirler we ş. m.

Zähmet terbiýesinden ten temmisi (jezasy) örän seýrek ulanylypdyr. Sebäbi halk pedagogikasy bu hilli temmi bermegiň hemişe gowy netije bermeýändigini köp asyrlaryň tejribesinde belläpdirler . Mysal üçin : "Gorkagy kowalasaň batyr bolar", "Hiç kimi urup adam edip bolmaz", "Urup iş öwredip bolmaz", "Guýma gursak bolmasa , dürtme gursak neýlesin" diýen ýörgünli sözler hem muňa güwä geçýär. Öünüň köp asyrlyk taryhynyň dowamynda türkmen halky ýaş nesle zähmet terbiýesini bermegiň, olary zähmete taýarlamagyň giň mazmunyny we däp bolan täsirli usullaryny, serişdelerini hem täsirlerini orta çykarypdyr we ulanypdyr. Häzirki döwürde hem, ýagny Beýik Türkmenbaşy eýamynda – da Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň sözlerinden we sargytlaryndan ugur alyp, esasy terbiýeçilik usuly hökmünde zähmet terbiýesi ulanylýar.

Jeza bermegiň maksatlarynyň psihiki esaslarynyň, başga ýollary hem bolup durýarýar:

- Ýörite duýdyryş – ýagny eýýäm jenaýat eden käbir adamlara bolan gatnaşykdaky duýdyryş.
- Umumy duýdyryş – haýsydyr bir belli anyk tussaga bolan jeza çäresini ýerine ýetirmekligiň çäklerinden daşda bolan gatnaşyklaryň maksady.

Umumy aýdanymyzda, jeza baradaky, şeýle hem hukuklardan we azatlykdan uzak wagytlaýyn mahrum bolmak baradaky göz – öňüne getirmeler – jeza bermegiň psihologiki esasy, onuň sütüni bolup durýar. Esasan hem möhletiň başlangyç döwürlerinde gaýgy – aladalar jeza çäräniň uzaklygy baradaky göz – öňüne getirmeleri döredýärler. Şeýle hem jezadan gaçyp bolmazlyk we hemişe – möhletiň dowamynda wyždansyzlyk duýgysy.

Düzgünleşdirmek – başyna göýbermän “näme bolsaň, şol bol” etmän, dargatman saklamakdyr. Garagözlerim, biz beýik hem döwletli ýola düşdük.Türkmen özgäni diňle, ýöne öz etjegini ediber diýýändir.

Zähmet terbiýesi ýaş nesli özbaşdak durmuşa taýýarlamagyň gadymy ýollarynyň biridir we hemişe halkyň üns merkezinde bolupdyr. Eýýäm ilkidurmuş opşinasy döwrüniň adamy öz üniň ujypsyzja tejribesi esasynda diňe zähmetiň diňe ýaşamak üçin şert döretýändigini göz ýetiripdir.

Zähmet diýip türkmenler esasan fiziki zähmete düşünipdirler . Halk fiziki zähmet adamyň ýaşaýşynyň, maddy taýdan üpçünçilginiň, abadançylygynyň esasy şerti, onuň mertebesiniň esasy ölçegi, sagdyn bedeniň adaty ýagdaýy, islegi diýip hasap edipdir . Muňa bir topar nakyllardyr atalar sözleri hem şaýatlyk edýär: “Işlemedik – dişlemez”, “Zähmetsiz rahat ýok”, we beýlekiler. Bularyň hemmesinde – de zähmetiň, zähmetsöýüjiligiň durmuşdaky orny açylyp gärkezilýär , zähmet çekmeklik ündelýär.

Halk öz çagalaryna halal zähmet çekmegi öwredipdir. Sebäbi her bir adam öz durmuş tejribesinde baýyň hem, hudaýyň hem garyba hiç zat bermeýänligine, ony eklemeýänligine göz ýetiripdir.

Halk pähimi bilen döredilen eserlerde zähmetsöýer adamlar, zähmetkeşleriň wekilleri hemişe gowy sypatly, ýagny akylly, batyr, watansöýüji, halkyna wepaly, adamkärçilikli, ene – atasynyň zähmet däplerine wepaly adamlar görnüşinde suratlandyrylýar.

Halkyň zähmete garaýşynda zähmetiň maddy üpçinçiligiň çeşmesi hökmünde suratlandyrylýandygyndan başga, ol ahlak taýdan, ruhy taýdan lezzet berýän çeşme hökmünde hem häsiýetlendirilýär. Zähmet adamy ol ýa – da beýleki işi ýerine ýetirmek bilen, ol işiň syrlaryna aralaşýar, oňa öz hyýalyny, döredijilik ukybyny siňdirmäge mümkinçilik alýar, öz ussatlygyny kämilleşdirýär. Munyň özi ony

şatlandyrypdyr, zähmet çekmäge höweslendiripdir, oňa ruhy lezzet beripdir. Aýratyn – da zähmetkeş adam öz hojalygynda özi üçin işläninde şeýle bolupdyr. Bu hili zähmet, üstesine, oňa ahlak taýdan hem oňyn täsir edipdir.

Özüniň zähmete garaýyşlarynda halk zähmetiň terbiýeçilik ähmiýetini aýratyn belleýär : " Iş akyly tapar, akyl – işi ". Halk çagalara diňe özüň üçin zähmet çekmän, eýsem indiki nesiller üçin hem zähmet çekmeli diýip öwredipdir.

Zähmet terbiýesiniň tutumynda halk ýaş nesilde aýawlylyk, tygşytlylyk endigini kemala getirmek wezipesini hem çözüpdir. Halk pedagogikasy zähmet terbiýesiniň tutumynda ýaş nesilde zähmet düzgün – nyzamyny terbiýelemegi hem wezipe edip goýupdyr.

Zähmet terbiýesinde çagalary höweslendirmek we olaryň zähmetde görkezýän netijelerine baha bermek usullary hem ulanylypdyr. Bu usullaryň täsirlileriniň biri makullamak usuly bolup, onuň dürli görnüşleri ulanylypdyr. Çagalaryň zähmetde görkezýän gowy netijeleri makullanylanda olaryň ýaş aýratynlyklary, onuň işiň şu görnüşine taýýarlyk derejesi, ýerine ýetiren işiniň aňsat – kynlygy, çylşyrymlylyk derejesi nazara alnypdyr.

## 9.4. Düzgün we zähmet – jenaýatçyny durmuşa uýgunlaşdyrmagyň taraplary

Düzgün – zähmetiň, iýmitiň ýa – da dynç almagyň tertipleşdirilmegine aýdylýar. Azatlykdan mahrum bolanlar düzgüni şeýle berjaý edýärler:

1. Gözegçilik etmek.
2. Käýinç bermek ýa – da sag bolsun aýtmagyň ýollaryny ulanmak.
3. Käbir ýagdaýda howpsyzlygyň çäresini görmek.

Düzgüniň hereket etmegi bilen onuň ýerine ýetirijiliginiň gazaply taraplaryny boýun gaçyrmasyz berjaý etmelidir. Şeýlelikde azatlykdan mahrum edilen adam, garşylyk görkezmezde ony berjaý edilmelidir. Düzgüniň wagytly – wagtyna ýerine ýetirilmegi öňki endikleriň ýok bolmagyna getirýär. Täze häsiýetleriň - tertiplilik, ýerine ýetirijilik, takyklyk ýaly häsiýetleri terbiýeleýär. Düzgünleriň gaýtalanyp durmagy wagtyň geçmegi bilen ol diňe endige öwrülmän öz – özüňe talap etmek hem ýüze çykýar.

Düzgün – bu berk kanunalaýyklykda azatlykdan mahrum edilen adamyň durmuşyny we döredijiligini gurnamakdan ybaratdyr. Şeýle gurnamak adamyň ahlak psihologik häsiýetleriniň terbiýelenmegine getirýär.

Azatlykdan mahrum bolan adamyň düzgüni berjaý etmegi, gözegçilik etmän, eýsem her bir jenaýatçynyň psihologik aýratynlygyna görä terbiýeçilik çärelerini geçirmelidir. Ýaramaz endikleriň öňüni alýan gözegçilikden başga – da, höweslendirmek jenaýatda aýyplanan adamyň ruhy kämilleşmegine getirýär. Höweslendirmegiň psihologik häsiýeti şundan ybarat, ýagny jenaýatçynyň özüni alyp barmagyň düşünjeli ugurlaryň düzgüne laýyklykda berjaý edilýär. Bu hem jenaýatda aýyplanan adamyň kanagatlanarly duýgysyny şahsy buýsanjyny kemala getirýär.

Düzgüniň kadalary psihologiki taýdan esaslandyrlan bolmaly, jenaýatçynyň durmuşynyň we döredijiliginiň ylmy taraplary berjaý edilmeli. Şeýle ýagdaý jenaýatçynyň psihikasynyň maksada okgunly täsir edýär.

Zähmet – täsir ediş alamatlaryň esasy bolup oňa aýratyň ýer berilýär. Sebäbi zähmet adamyň ýöriteleşdirlen döredijiligidir, ol şahsyýeti kämilleşýär. Biziň bilşimiz ýaly zähmet adamy döretdi. Zähmet adamyň jemgyýetçilik gymmatlyklary bilen ölçenilýär. Dogry gurnalan jemgyýete peýdaly zähmet jenaýatçynyň bedeni we ahlak taýdan ösmegine getirýär.

Zähmet tutumy adamyň düşinjesini terbiýeleýär. Zähmet adamy ahlak, ruhy hukuk meýillerini terbiýeleýär. Zähmetiň jenaýatça edýän täsiri gaty uly, ony amala aşyrmak çylşyrymly işleriniň biridir. Sebäbi jenaýatçy özüniň durmuşyny öwrenip, endiklerinden aýrylyp bilmek we zähmete uýgunlaşmasy kyn düşýär. Zähmet – düzediş edaralarynda ykdysady özgerişleri girizmek bilen uly psihologik ähmiýeti berdi.

Bu usullar jenaýatçynyň aňyna ýetmek işe höwesjeňligi artdyrýan, şeýle ýagdaýlarda bellenen ýollary we tertipsizleri düzetmäge girişýär. Terbiýeçilik işinde maksat – jenaýatçy üçin zähmet – hökmany talaplaryň biri bolmaly. Jenaýatçy öz zähmetiniň netijesini görmeli we ol barada pikirlenmeli. Jenaýatça başarýan işini tabşyrmaly, sebäbi ol zähmetiniň netijesine begenmeli.

Jenaýatçynyň pedagogik taýýarlygy onuň zähmete uýgunlaşmagy azatlykda hem ýerine ýetirilmelidir. Zähmet – düzediş edaralarynda – bolan jenaýatçylar, akylly, düşünjeli adamlar bolup çykýarlar. Şonuň üçin zähmet – düzediş edaralaryň esasy maksady her bir jenaýatçyny zähmete uýgunlaşdyrmakdyr.

Zähmet – düzediş edaralaryň işgärleri özlerini kyn we sogaply bolan terbiýeçilik işine özlerini bagyşlamak bilen olar erkli we zehinli terbiýeçiler bolmaly. Terbiýeçiniň işinde iň bolmanda 4 sany bölümler bellenilýär :

1. Terbiýeçilik işinde esasy bolup durýan jemgyýetçilik taraplary.
2. Aragatnaşyk hereketi – bu tussaglar bilen aragatnaşyk guramak, onuň esasynda terbiýeçi tarapyndan gönükdirilen maglumat alyşmaklyk bolup geçýär.
3. Guramaçylykly iş.
4. Gurluş – dörediş iş – hereket.

## 9.5. Tussagyñ şahsyýetiniñ ösüşüniñ we terbiýeçilik tutumy

Tussagyň şahsyýetiniň ösüşi:

Tussag edilmegi – jezaň kanuny güýjine girişmesi – tussaglyk ýerine düşmesi – zähmet – düzediş edarasynda ilkinji 6 – 8 aýyny geçirmekli – tussaglykdan boşadylmagyndan 3 – 8 aý öň – zähmet – düzediş edarasyndan boşadylmagy.

Zähmet – düzediş edaralaryň terbiýeçileriniň öňünde uly mesele durýar, ýagny tussagyň şahsyýetine uýgunlaşmak. Köplenç bu terbiýeçilere öz terbiýeçilik çärelerine boýun etmek kynçylygy, ýa – da olara nädogry täsiri. Bu – biri – birine nädogry düşünmeklikleri ýa – da biri – birinden daşlaşmak – psihologiki böwet bolup durýar. Köplenç psihologiki böwetler düzgüni bozanlar bilen, işden boýun gaçyrýanlar bilen, ýaramaz toparyň tussaglary bilen aragatnaşykda ýüze çykýar. Bu psihologiki böwetler terbiýeçilik işiniň täsirini peseltýärler hem – de tussaglary täzeden terbiýelemek we düzetmek tutumyny kynlaşdyrýarlar. Öz mazmuny boýunça psihologiki böwetler – many we duýgy görnüşinde bolýarlar.

Psihologiki böwetleriň döremeginiň sebäpleriniň biri – höweslendirmegiň nädogry ulanylşy. Many boýunça böwetleriň sebäbi söz täsirleriň gaýtalanyp durmagy bolup durýar.

## 9.6. Tussaglaryñ köpçiliginiñ seljermesi

Adamyň özüni alyp barşy onuň psihiki hereketleriniň aňlanylan gözegçiligi bolşy ýaly, aňlanylmaýan gözegçilik gurşawy – şahsyýetiň jemgyýete uýgunlaşmagynyň netijesi we miwesi, bu hem öz gezeginde dürliçe guralan, maksada gönükdirilen we howply hereketdäki jemgyýet alamatlaryň tärleri esasynda bolup geçýär.

Tussaglaryň köpçiligine dogry täsir etmek üçin, her bir terbiýeçä onuň gurluşy barada aýdyň göz öňüne getirmeleriň bolmagy zerur. Sebäbi olaryň içinde toparçalar bar we her

şahsyýetiň ol ýerdäki ornuny bellemek zerur. Bu gurluşda esasy ýeri işjeňlik eýeleýär (merkezi gurşaw). Bu zähmet tutumynda hem – de jemgyýet durmuşynda işjeň orun eýeleýärler, şeýle hem iň esasy zat beýleki tussaglary täzeden terbiýelemekde işjeň herekete ýardam edýärler. Işjeň topar näçe köp bolsa, şonça – da terbiýeçilik işini alyp barmak ýeňil düşýär, hem – de köpçiligiň awraýy has – da ýokarda bolýar.

Rezerw topar (ikinji gurşaw) düzedilmegiň ýolunda berk guralan, olar zähmet işlerine işjeň gatnaşýarlar, ýöne öz islegleri boýunça beýlekileri täzeden terbiýelemekde kömek bermeýärler.

Passiw topar – çökgün topar – (üçünji gurşaw) – özüňi alyp baryşda durnuklylyga gelmekde ýaýdanýan tussaglar. Olaryň hereketleri dörän ýagdaýa görä emele gelýär. Iň soňky kyn terbiýelenýänleriň topary bolup durýar, olara düzelmegiň dogry ýoluna düşmedikler bolman, eýsem olar tussaglaryň işjeň toparlarynyň hem – de ýolbaşçylarynyň ýakymly terbiýeçilik täsir etmelerine garşy durmaga ymtylýanlar we zähmet tutumyna gatnaşmakdan boýun gaçyrýanlar.

Terbiýeçi we köpçilik tussag bilen diňe bir göni ýa – da zadyň kömegi bilen bolman, eýsem kiçi toparyň üsti bilen hem bolýar. Onuň kimiň tarapyndan bolýanlygy, ýagny kimiň tarapyny tutýanlygyny köp babatda belli bir şahsyýete täsir etmekdäki üstünligi bagly bolup durýar.

## 9.7. Tussagyň azatlykdaky durmuşynyň uýgunlaşmagynyň psihologiki häsiýetnamasy

Azatlykdan mahrum edilmek öňden dörän adamlaryň biri – biri bilen bolan gatnaşyklarynyň ulgamy bozýar. Mejbur bolan ýekeligiň ejirini çekip, tussag zähmet – düzediş edaralaryndaky ilkinji günlerinden başlap, özüne dosty, ýoldaşy, pikirdeşi gözläp başlaýar, ýagny ol umumy gyzyklanmalar boýunça, ýa – da bilelikdäki iş hereketleriň

maksatlary boýunça (önümçilikdäki iş, mekdepdäki bilim alma we ş.m.), ýa – da jeza çäresine, düzgüniň talaplaryna, terbiýeçilik täsirlere, ýa – da jyns almak duýgylara, şahsy baglanyşyklara bolan bir meňzeş gatnaşyklara baglylykda aňladylýar. Şeýle hem dost millet alamatlary boýunça, hünärmen gyzyklanmalary boýunça, ykballarynyň gabat gelmeleri boýunça ( köplenç maşgala durmuşyna ), ýaş aýratynlyklarynyň alamatlary boýunça we ş.m. saýlanyp alnyp bilner. Ilki başda, adaty bolşy ýaly, tussag dostlaşmak maksadyny bir adama gönükdirýär, ýöne ol eýýäm bir ýa – da beýleki tussaglar bilen aragatnaşyk saklaýar, şeýlelikde kiçi topar emele gelýär.

Döräp, her bir topar öz ösüş ýoluny geçýär, onuň içinde belli bir gurluş emele gelýär, olar toparyň agzalarynyň gatnaşyklarynyň ösüşine baglylykda düzülýär. Her bir bu toparlaryň haýsydyr bir agzalary özüniň orny boýunça borjy ýerine ýetirýärler. Toparda hemişe baştutan ýüze çykýar ( "wožak", "birinji san"), "ikinjiler", "üçünjiler" we ş.m. Köplenç baştutanlaryň arasynda gapma – garşylykly ýagdaý emele gelýär we olardan özüne beýleki tussaglary boýun etmegi başaran ýeňýär.

Tussaglaryň arasynda ( esasn ýaşlaryň ) psihiki kadalaryndan dürli üýtgemeleri bolan adamlaryň sany artýar : psihopatiýalar, ýeňil dälilik, häsiýetleriň bozulmagy – üýtgemegi we ş.m.

Tussaglaryň jeza beriş çäreleriniň möhletiniň azldylmagy olara düzediş çäreleriň ýeňil we täsirli ýollaryny ulanmaga mümkinçilik artdyrýar.

Düzgüni bozanyň düzedilmegi üçin namaz okamak, ökünmek, jepa çeken bilen ylalaşmak şahsyýeti täzeden terbiýelemekde, jemgyýete uýgunlaşmakda uly orun eýeleýär.

Tussagyň düzelmeginiň we täzeden terbiýelenmeginiň tutumynyň başlangyç we ahyrky derejeleri hökmünde psihologiki taýýarlyk çykyş edýär. Tussaglaryň psihologiki

taýýarlygy olaryň psihikasyny hereketlendirmekde, olaryň duýgylarynyň keýpinde, endiklerinde, psihiki ýagdaýlarynda we täze şertlere mahsus özlerini alyp barmagyň düzgünlerini kemala getirmekde aňladylýar. Şular ýaly maksadaokgunly täsir etmeleriň esasynda täze jemgyýet gurşawyna we işe basym goşuluşmagy hem – de içki garşylygy ýeňip geçmek üçin uly güýç sarp etmäge mejbur edýän täze şertlerde ýaşamaga psihologiki taýýarlygy kemala gelýär.

Adam durmuşynyň täze şertlerine we täze jemgyýet gurşawyna düşüp, hemişe ýeňip geçmäge psihologiki taýýar bolmadyk kynçylyklara gabat gelmegi esasynda psihologiki taýýarlygy zerur bolup durýar.

Psihologiki taýýarlyk adam psihikasynyň biykjamlylygyny ýeňip geçmäge ýardam edýär, hem – de onuň ýagdaýlarynyň üýtgemegine baglylykda dikelmegini tizleşdirýär.

Ýüze çykarylýar :

1. Belli bir görnüşdäki zähmet – düzediş edaralarynyň beren jenaýatly jeza çäresini geçiren döwrinde tussaga psihologiki taýarlyk.
2. Zähmet – düzediş edaralaryň çäklerinde olary saklamagyň gurşawynyň üýtgemegi bilen bagly tussaglaryň geçmegi esasynda psihologiki taýarlyk.
3. Kämillik ýaşyna ýetmegi bilen bagly tussaglaryň zähmet – terbiýeçilik edaralaryndan zähmet – düzediş edralaryna geçirilmeginde psihologiki taýýarlyk.
4. Azatlyga çykarylýanlary azatlykdaky durmuşa uýgunlaşmagyna psihologiki taýýarlyk.

Psihologini täsir etmäniň usullary we esaslary . Häzirki zaman nukdaý nazardan psihologiki taýýarlyk iki sany esasy bölümden ybarat . Umumy we ýöriteleşdirlen psiholgiki taýýarlykdan ybarat. Umumy täsir ediş ulgamda özbaşdak we toparlaýyn psihologiki täsir etme tapawutlandyrylýar. Özbaşdak psiholgiki täsir ediş belli bir şahsyýete gönükdirlen

täsir etme, toparlaýyn täsir etme belli bir topara umumylykda täsir etmek şeýle hem uýdyrmak usullary ulanylýar.

Tussaglykdan boşap gelen adamlaryň hemmesini üç dereje boýunça tapawutlandyrmak mümkin:

1. Jeza çäresini çeken döwründe doly düzel adamlar .
2. Terbiýelenşi şikesli adamlar .
3. Jeza çäresini çeken döwründe düzelmedik adamlar .

Uzak wagtlaýyn azatlykdan mahrum edilenden soňra kadaly jemgyýet gurşawynda kadaly barlygyň şertlerine öwrenişmek uýgunlaşmak tutumy – uly güýç sarp etmegi, ýokary ahlak we halallyk hilleri, düşünjäniň gowy ösenligi esasynda talap edýän, çylşyrymly ýüze çykma .

Azatlykdan mahrum bolan adamyň emosiýalary we duýgylary.

Adamlaryň aladalary – duýmalary we emosiýalary – olaryň işjeňliginiň itergi berijileri bolupdurýarlar, olaryň hereketlerini iterýärler, özlerini alyp baryşlaryny gönükdirýärler. Onuň bilen hukuk psihologiýada hususan – da zähmet – düzediş psihologiýasynda emosiýa we duýgy meseleleriň ýerlerini we manysyny kesgitleýärler.

Jenaýaty amala aşyrýan adama ýokary duýgylar öz ýaman işinden saklap ýa – da ony besedip bilýär.

Eýýäm jenaýat eden adama bolsa, ýeketäk dogry çykalgany maslahat berip bilýär – ökünmekligi we akýürekden boýun almagy, hem – de jenaýatly işini bileleşip, amala aşyran ýoldaşlaryny ýüze çykarmakda sülçilik işine we kazyýete ýardam bermekligi.

Basdaşlyk, gahar, hilegärlik we başgalar ýaly pes duýgylar täze jenaýatlaryň we ýalňyşlyklaryň itergijileri bolup durýar.

Tussag edilenleriň öz pes emosiýalarynyňwe ýaramaz duýgylaryň üstündäki ýeňişi – onuň düzelmeginiň we täzeden

terbiýelenmeginiň esasy şertleri hem – de görkezijileri bolup durýar.

Emosiýalaryň we duýmalaryň tapawudy:

Adamyň organizm hökmünde iýmite, sowukdan goranmaga, uka, öz – özüni goramaga islegleriniň kanagatlandyrylmagy (kanagatlandyrylmazlygy) bilen bagly aladalar – emosiýalara degişli bolup durýar.

Taryhy – jemgyýet ösüş tutumynda, adamlaryň sosial durmuşynda olaryň aladalanma gurşawynda daşky dünýä bolan gatnaşyga, şöhlelenmäň we görnüşiň aýratyn ýüze çykmalary.

Adamyň islegleri näçe sazlaşykly, çylşyrymly we köptaraply boldygyça, şonça – da onuň emosional durmuşy baý we kyn bolýar.

Tussag edilen adamyň isleglerine bolan çylşyrymly gatnaşyklarynda hemme öz köptaraplygy bilen hakykat bolup biler, olardan haýsydyr birini kanagatlandyryp we beýlekileri kanagatlandyrman şonuň üçin şol bir serişdeler we hadysalar şol bir wagtyň özünde gapma- garşy emosiýalary we duýgylary özünde jemleýäň aladalary ýüze çykaryp bilýärler. Içki gapma-garşy gelýän ( kanagatlanma we kanagatlanmazlyk mazmuny boýunça) şol bir wakanyň (hadysanyň) emosional aladalanmasy _emosiýalaryň we duýmalaryň ambiwalentnost diýip atlandyrylýar (lat. Söz ambo- 2 we wales- güýji bar). Azatlykdan mahrum edilen adam garyndaşlary bilen duşuşyk wagtynda begenç duýgusyny başdan geçirende, şol bir wagtda olara betbagytlylyk getirenligi üçin utanç we namys etmek duýgularyny başdan geçirip bilýär.Emma welin şu her bir pursatda adamyň alada eden emosiýalaryň weduýgularyň çylşyrymly toplumynda emosiýalaryň biri ( duýgularyň biri) agdamlyk edýär.

Kä wagt şol bir emosiýa ýa-da şol bir duýgy ( ýürek gysma, begenç, utanç, gorky we ş. m.) ýagdaýa görä baglylykda adamyň hereketlerini işjeňleşdirişi ýaly hem öçürip bilýär. Meselem: garyndaşlar bilen duşuşykda ýüze çykan

begenç bir tussag edilen adamda önümçilikli işiň iterijisi bolup ýüze çyksa beýlekä bolsa zähmet operatiýalaryna ünsini jemlemäge päsgel berýär.

Tussag edilen adamyň azatlyga ymtylmagy ony ak ýürekden zähmet çekmäge we göreldeli özini alyp barmagyna ( tizleşip azatlyga çykmak üçin ýa-da demobilizasiýa hilli hereket etmek) itergi berýär. Adamyň durmuş işinde emosiýanyň weduýmanyň täsirini göz öňüne tutman azatlykdan mahrum bolan adamlaryň terbiýeçilik işleride göz öňüne tutmazlyk bolmaýar. Şonuň üçin şeýle bir ýagdaý döretmeli emosiýalar we duýgular täsirli bolup ýüze çykar ýaly hemde tussag edilen adamlaryň zähmetleriň önümçililigini ýokarlandyrmaga ýardam berer ýaly.

Zähmet düzediş edaranyň terbiýeçisi tussag edilen adamlaryň affektleriniň ýarylmazlygynyň öňüni almany başarmaly, eger-de onuň bilen baglanyşykly aladalar şahsyýete oňaýsyz täsir edýän bolsalar, onda ýakymly affektleri çagyrmagy mysal üçin, edilen jenaýat işe öz günäsini duýmaklygyň affektiw aladalanmasy, utanjyň, namys etmekligiň, ökünmekligiň affektiw aladalanmasy.

# X Bap. Kazyýet – psihologik barlag – seljermesi barada düşünje

## 10.1Kazyýet – psihologiki barlag – seljermesi barada düşünje

Düzgüni bazynlaryň psihiki ýagdainyň barlag – seljermesi hukuk psihologiýasynyň has çüň öwrenilen bölümleriňiň biridir.

Barlag – seljermäniň hukuk meseleleri. Jenaýat işine seredilende kazyýete obýektiw we adalatly çözgüde gelmek üçin gerek bolan hemme oňaýly şertler jenaýat – tutumy kanunçylygynda goz önüne tutylandyr. Şeyle hem bolsa käbir soraglar haýsydyr bir ylymyň bir bölümini peýdaalanmak bilen düzülýär. Şunuň bilen baglanyşykda tejribelikde indi kazyýetiň öňünde dörän islendik sorag boýunça barlag – seljerme geçirmeklik adata öwrüldi.

Aýyplanýanyň ( tusag edilýäniň ) şahsyetini çuňňur we hemmetaraplaýn öwrenmek jenaýat kanunçylygynda uly orun titýan hem bolsa, bu babatda psihologlary peýdalanmak köp wagtlap adata öwrüldi.

Barlag – seljerme döwründe ony geçirýän adam geçirilýän adamyny psihiki taýdan barlamagy üçin gerekli serişdeleri we şertleri (wagt, gabat gelýän jaýy) döretmeli. Barlag – seljerme ony geçirýäniň ýorite hemişelik iş ýerinde, derňew otagynda, ambulator ýagdaýda geçirilýar.

Barlag – seljerme geçirýän öz öňünde gozgalan soraga obýektiw, ylmy taýdan esaslandyrlan düşündiriş bermelirdir. Bellenilen barlagçy barlag – seljerme geçirmekden boýun gaçyryp bilmez. Barlagçy düşündiriş bermekden boýun gaçyrsa, yalan düşündiriş berse we prokuroryň ya – da sülçiniň nugsady bolmazdan dernew işine degişli maglumatlary ýaýratsa, ol jenaýat jogapkärçiligine çekilýär. Barlag – seljermä gatnaşmazlyga ýarawsyzlyk ýa – da öňde goýulan meselä onuň häsiýetiniň gabat gelmezligi sebäp bolup biler.

Barlagça berlen maglumatlar meseleni çözmäge ýeterlikli bolmasa, onda barlagçy ol barada ýazuw üsti bilen barlag – seljerme barada görkezme beren adama ýüzlenmeli we gerekli resminamalaryň ýa – da maglumatlaryň sanawyny görkezmeli.

Barlag – seljermäniň netijesi jemlenen görnüşinde görkezelip onda kim, nirede, haçan, haýsy esas boýunça barlag - seljerme geçirilendigi we onuň geçiriliş usullary, psihologo – biografik maglumatlar beli edilmeli.

Barlag – seljermäniň öňünde gozgalan soraga jögaplar jemleýji bölümde kesgitlenmelidir. Barlag – seljerme geçirlende we netije ýazylanda oňuň subut ediji güýji diňe ylymyň şol pudagyna degişli usullary ulanylanda eýe bolýändygyny göz öňüne tutmaly. Barlag – seljermäniň netijesi kazyýetiň dykgatyna ýetirlenenden sonra, gatnaşyjilar (prokuror, aklowjy, kazy) barlagça goşmaça sorag berip bilýärler we ol hem kazyýet işiniň beýannamasyna geçirilýär, kazyýet – psihologik barlag – seljermäniň çäkleri hakynda.

## 10.2. Kazyýet – psihologiki barlag – seljermesiniñ belleýän ýagdaýlary

M.M. Koçenow kazyýet – pshologik barlag – seljermäniň çäklerine şu aşakdaky görkezilenler degişli bolup durýar.

1. Psihikanyň haýal ösüşinde psihiki näsazlyk bilen baglanşygy bolmadyk, kämillik ýaşyna etmedik öz hereketlerini nähili derejede aňlaýndyklaryny kesgitlemek.
2. Psihiki taýdan sagdyn şaýatlaryň we ejir çeksileriň öz berjek maglumatlarynyň jenaýat işi üçin nähili möhümdigini aňlamak mümkinçiliklerini kesgitlemek.
3. Subýekte jenaýat eden wagty adamyň aňyna we işjeňligine täsir edip biljek bozulma bolmadyk

emosional ýagdaýlaryň we affektleriň barlygyny ýada ýöklugyny anyklamak.

4. Zorlanma baradaky işe degişli psihiki taýdan sagdyn ejir çekenleriň şol hereketleriň manysyna we häsietine düşünmek we garşylyk görkezme ukyplaryny kesgitlemek.
5. Adamyň takyk şertlerde käbir psihiki ýagdaýlaryň (saýgarmazlyk, ugur ýitirmeklik we ş.m.) ýüze çykmak mümkinçiligini we onuň awiasiýada, demir ýölda, garaýöl ulaglarda we onumçiligi awtomatlaşdiryp dolandyrmakda öz işini ýerine etirmegiň hiline täsirini kesgitlemek.
6. Subýektiň özüni alyp barşyna täsir edip biljek özbaşdak psihiki aýratynlyklary (ýökary yrylma, rigidlilik, gyžynmaklyk we ş.m) kesgitlemek.
7. Adamyň özüni alyp baryş meýilini (bu düsünjäniň psihiki manysynda), käbir hereketleriň meýil ugrukdyrmasyny kesgitlemek.
8. Özüni heläklän adamda özüni heläklemäge intergi berýän psihiki ýagdaýlaryň bolanlygyny ýa – da bolmanlygyny kesgitlemek.

## 10.3.Affektiň kazyýet – psihologik barlag – seljermesi

Affekt – bu adatdan daşary emosional dartlynlygyň bir görnüşi bolyp, onda adam daşky gyjyndyrjylara aňly garamak we öz hereketlerini dolandyrmak mümkinçiligi kesgitlenýär. Affekt uly tejribeli mana eýedir, ol hem kanun tarapyndan affekt ýagdaýynda edilen jenaýatdan, affekt däl ýagdaýynda edilen jenaýatdan tapawutlandyryp, gowşadylan görnüşinde seredilýär.

Affektyň kanun – düzgüni psihologik häsiýetli esaslandyrlan, ýöne şeýle hem bolsa, hukuk meýilnamasyny hem göz öňüne tutmaly.

Kanun şu ýagdaýyň ösüşine getirýän wakanyň aýratynlyklaryny kesgitli ýagdaýda görkezýär, Yagny, affekt zorluga, agyr sögunje ýa – da beýleki kamuny däl hereketlere (bular günäkäre ýa – da oňa ýakyň admlaryna erbet täsirli bolsa) jogap bolup bilýär. Bärde dine fiziki däl, eýsem şahsyetiň mertebesine deňeşdirilýän psihiki ýagdaýlar hem degişli bolup durýar. Şular ýaly ýagdaýlar "subýektiň hyýalynda" däl – de, hakyky barlygyny hem kesgitlemegi talap edilýar. Kesselleri başdan geçirmeklik, aşa gowniçökgünlilik, ukysyzlyk, uzak wagtly dartgynlylyk ýaly ýagdaýlar affektiň döremegine ýardam edýär.

Affektiň ösüşi.

Affekti döreden kanuny däl ýa – da göwnedegeji hereketler adaty ýagdaýlarda affektiň ösmegine getirýär.

Affekt ýaly adatdan daşary aşa emosional dortgynlyk özüňi alyp barşyň hemme psihofiziologik gurluşyny üýtgedýär. Ýüz keşbi çalt üýtgeýär, ol çalt – gyzýar, onuň derrew agmasy ýa – da "gandan dolmasy" bolup geçýär. Elbetde,sesiň basyşy hem tanalmaýan derejede üýtgeýär.

Hemme hereket işjeňlik bir maksada nähili serişdeler bilen hem bolsa garşydaşy "ýerine oturtmaklygy" gönükdirliýär. Eline iki gözi bilen zady alýar. Affektiň dowamlylygy adaty ýagdaýlarda birnäçe minuda çekýär ýagdowlylyk, gowşaklylyk, lellimlik ýaly ýagdaýlar bilen tamamlanýar. Bu ýagdaýa mahsus häsiýetlere edilen işe ökünmek, aglanmak, düzetçek bolmaklyk, ejir çekene kömek bermeklik degişlidir. Köp ýagdaýlarda affektiň ösüş döwrüni bölekleýin ýatda galdyrýar. Bu ýagdaý aňyň affektiw gysylmasynyň netijesidir.

Affektler. Affekt – adamyň ruhy dünýäsini çalt eýeleýän, onuň aňyny düýpli özgerdip, hereketleriň erkli dolandyrylyşyny bozýan, şeýle hem bedeniň işini üýtgedýän duýgy ýagdaýydyr. Ol oňyn we oňyn däl, joşgunly hem-de ezýet beriji sebäpler boýunça döräp bilýär. Dünýä bäsleşiginde altyn gabagy getirýän aýgytlaýjy pökgüniň derwezä girizilmeginde

azarkeşlerde döreýän partlaýşa meňzeş göçgünlik duýgusy, köp bolup urulýan adamyň, belli bir pursatda aklyndan azaşanyňky ýaly elde- aýakda durmaýan hereket ýagdaýyna gelmegi affektlerdir. Deslapky meýil näçe joşgunly bolup, ony amal etmeklige ýoňsuz güýç- gor sarp edilmezligine garamazdan işiň netijesi juda ujypsyz bolsa affekt şonçada güýçlidir. Affekt ýagdaýynda hereketleriň aňly dolandyrylyşy togtaýanlygy üçin, adamyň diňe özüniň aňly, erkli hereketlerine jogapkärçilik çkýändigini nazarda tutup, adamyň affekt wagtynda eden opurylyşygyna onuň jogapkärçiligi ýumşadylýar ýa-da jogapkärçilikden doly boşadylýar( affektiň hakykatdan-da bolanlygy ýörite pýhasy anyklaýyşda subut edilende). Affekt netijesinde bedenin işiniň duýgy ýokary göterilişi peselmeklik, güýç- gujuryň ýetirilmekligi bilen çalşyp, beden öňki kaddyna gelip ýetişmeýär. Adama uka meýilllilik aralaşýar.

Psihiki şikesler köplenç stress düşünjesi hökmünde bellenilýän durmuşy ekstremal tutumlar bilen çolaşyp giden. Birnäçe onýyllyklaryň dowamynda gözleg- barlag işgärleri stress sözüni ulanýardylar. Konsepsiýany G. Sele teklip etdi. Stress- köp manyly düşünje. Stress indiwidiň we ony gurşap alýan dünýäniň arsyndaky resiprok hilli hemişeki özara hereketde bolup geçýän dinamiki ösüşdäki waka. Beýleki tarapdan bolsa stress – indiwidiň- ýüklenilýän ýa-da onuň şahsy mümkinçiliklerini üstün çykýan talaplara jogaby hökmünde hasaplanylýar.

P. Fress emosiogenn ýagdaýlarynyn aýratyn görnüşini stress diýip atlandyrmagy teklip edýär, emma welin bu termiki uýgunlaşmanyň bozulmagy ýüze çykýan gaýtalanýan ýa-da saklanyp galan ýagdaýlara ulanmagy. Käbir alymlar “ekstremal ýagdaýlar”, “konflikt ýagdaýlar” diýen terminleri ulanýarlar. Psihologiki isiň ulgamyna çendenaşa agramlyklary ýüze çykarýan faktor hökmünde strees ýagdaýlaryna

seredilýär.Adamyň özüni alyp barşynda wagtlaýyn ýa-da hemişeki üýtgemeler stressiň netijesine degişli bolup duryar.
Stressyň görnüşleri : fiziologiki we psihologiki, olar hem öz gezeginde bölünýärler, maglumat we emosional hilli. Maglumat hilli stress maglumatlaryň ýüklenmegi görnüşindäki ýagdaýlarda döreýär. Emosional stress adama fiziki howpsyzlygyň howp abanmak ýagdaýlarynda ýer eýeleýärler ( uruş, jenaýat işi, tehnogenn heläkçilik, tebigy heläkçilik we ş. m.).
DISTRESS – betbagtlyk, bagtsyzlyk, ýadowlyk, mätäçlik.
STRESS – basmak, agram salmak, ýüklenmek ( stress sözüniň dürli adamlar üçin dürli manysy bar, şonuň üçin bir manyly kesgileme bermek kyn).

## 10.4. Zorlananlaryň kazyýet – psihologik – seljerme barlagy

Zorlanma diýip, ejir çekeniň komeksiz ýagdaýynda jyns gatnaşygyň geçirilmegine aýdylýär.

Komeksiz ýagdaýyň (garşylyk gorkezmäge mümkinçiligiň bolmazlygy) kesgitlelmesi fiziki alamatlaryň (somatiki kesel, fiziki etmezçilik) esasynda şertlelen we kazyýet – medisina barlag seljermesi geçirilýär. Kömeksiz ýagdaý psihiki alamatlar keseler esasynda hem şertleri biler. Bu ýagdaýda kazyýet – psihiatrik barlag seljermesi ulanylýar. Ýöne psikhiki taýdan sagdyn adamlara hem käbir hereketleriň we ýagdaýlaryň jemgyýet manysyny aňlap bilmezligi bolýar. Muňa mysal edip, kämillik ýaşyna ýetmedlikleriň özleri bilen edilýän hereketleriň manysyna düşünmäň garşylyk görkezmezligi, getirip bolýar. Şeýle hem ýaş aýratynlyklardan başgada, jyns gatnaşyklaryň biologik we jemgyýet manysyna düşünmezlik, ejir çekiniň tejribesizligine, ol gatnaşyklar barada habarsyzlyga hem daýanýar. Ýöne M.Koçenowyň belleýşi ýaly onuň bilen edilýän hereketlere doly düşünmeklik hem, garşylyk

görkezmäge doly ukyplylygyny aňladylanok. Bu ýagdaýda ejir çekeniň psihologik basyşda howp ýagdaýa garşy durmak mümkinçiligini gözöňünde tutýar.

## 10.5. Seljerme – barlagçy – psihologyñ netijesi

Ekspert-psihologyň netijesiniň öňden bellenilen subut ediji güji ýokdyr. Sud-ekspertiň netijesini öz hereketine degişli matiw görkezip nikär edip biler. Ekspertiň netijesiniň obektiw subut ediji güji onuň manysyny faktlaryna bagly. Sud-psihologik ekspertizanyň hili ekspertizanyň öňünde goýlan soraga, meselä bagly bolup durýar. Şular ýaly soraglar ekspertizany öňünde goýulyp biliner: jenaýat eden adam şol wagt fiziologik affekt ýagdainda bolupduryjy ýada bolmandyrmy? Eger howp bolsa, jnda ol ýagdaý onuň özüni alyp barşyna aňlamagyna we dolandyrmagyna nähili täsir edipdir? Jenaýat eden adam başga emosional-konflikt ýagdaýda bolupdurmagy we onuň özüni alyp barşyna nä derejede täsir edipdir? We ş.m. Sud-psihologik ekspertizasynyň netijesi azu görnüşinde kanunda görkezilşi ýaly ýazylýar. Onda esasy üç belek tapautlandyrylýar: Giriş bölüminde ekspertiza nirede wehaçan geçirlendigi görkezelýär, ekspert barada gysçyça maglumat we sud-psihologik ekspertizanyň geçirmeliginyň kanuny esaslary görkezelýär ekspertiza oňa iberlen adam razy bolanda geçerýä. Barlag bölümde meselem heme ulanylyp usular usuletler proseduralar görkezelýär
Sud-psihologik ekspertizanyň netija bölüde ekspertizanyň oňüňde goýulan soraga jögap görkezilýär , şol jogap bolsa ekspertizanyň netijesidir.

# XI Bap. Jebir çekeniň şahsyýeti barada düşünje
## 11.1.Wiktimologiýa barada düşünje

Soňky ýyllarda kriminal öwrenişde esasy üns gözleg geçirilende, jebir çekeniň jenaýatdaky ornuna seredilýär. Wiktimologiýa – kriminologiýanyň esasy bolup, jebir çekeniň şahsyýetini öwrenýär, onuň jenaýatçy bilen aragatnaşygyny, onuň özüni alyp barşynyň aýratynlygyny öwrenýär. Wiktimologiýa gözleýiş işi geçirilende, jebir çekeniň jenaýatda aýyplanan bilen şahsy arabaglanşygyna üns berýär. Jebir çekenleriň 61 % nähoş ýagdaýda bolup, ýarysyndan gowragy jenaýatda aýyplanan bilen spirtli içgiler içip, jenaýatçylykly ýagdaý döredýärler.

Jebir çekenleriň her onunjysy işsiz, ahlak taýdan bozuk, hukuga garşy çykan adamlardyr. Zorluk salnan şahsyýetiň psihologiýasy öwrenilende, öňünden gözleýiş işi geçirilende şeýle ugirlaryň ähmiýeti ulydyr.

Jebir çeken aýal maşgala köplenç jenaýatyň bolmagyna özleri ýagdaý döredýärler. Bu ýagdaý döränden soň garşylyk görkezmek taslama bolman hakyky bolsa onda subýekt jenaýata çekilýär.

Jebir çekeniň we jenaýatda guman edilýän adamyň şahsyýetini öwrenmek işi birnäçe bölümlere bölünýär:

- Jebir çekeniň psihologik seljerme etmegi bilen, gözleýiş işi geçirýän onuň içki dünýäsine aralaşýär we degerli subutnamalar alyp bilýär.
- Psihologiki – pedagogiki seljerme gymmatly ugurlardaky habarlary berýär. Eger – de zyýan çekenleriň sany köp bolsa, onda olaryň her aýratynlykda sorag edilýär we olaryň berýan maglumatlary deňeşdirilýär.

Ýöne köp babatlarda jebir çekenler gorkyly tolgunyp, geçen wakany doly gürrüň edip bilmeýärler.

## 11.2. Kazyýet- psihologiki barlaglaryñ esasy kesgitleýiş derejeleri

Kazyýet – psihologik barlaglaryň esasy kesgitleýiş derejesi bolup pedagogik – psihologik seljermeler ýüze çykýar.

Şahsyýetiň özüni alyp barşynyň kadalaşdyrylmagy onuň öz – özüne terbiýe bermegi bilen baglydyr. Psihologlar barlag geçirmegi netijesinde her bir adam ýetginjek döwründe öz – özüne talaby güýçlendirip özüne baha berip bilýär diýip belleýärler.

Käbir psihologik usullar ulanylyp sorag – jogap alnanda – ýetginjekler öz häsiýetleri boýunça iki topara bölünýärler :

1. Özlerini durmuşa uýgynlaşdyrmak, işlerini başa barýan hasap edýärler;
2. Özlerini tankyt etmezlik, özlerine ýokary baha bermezlikden ybaratdyr.

## 11.3. Jebir çekenleriñ görkezmeleriniñ psihologik seljermesi

Jebir çekeniň görkezmeleri jenaýaty subut etmäniň esasy çeşmesi bolup, özbaşdak ýeri bardyr. Jebir çekeniň görkezmesi şaýatlaryň görkezmesi bilen köp zatlary gabat gelip biler, emma hemme taraplaýyň oňa seredilip bilinmez.

Jebir çeken özüniň jenaýat tarapyndan bozulan, kanuny ýagdaýlaryny dikeltmäge hukugy bardyr. Şeýlelikde zyýan çekeniň görkezmeleri subutnamanyň esasy çeşmesi bolup hem – de özüni goramagyň serişdesi bolup durýar.

Jebir çekeniň beren görkezmesi subutnamalyk ähmiýeti diňe hakyky maglumatlar berlende bolup biler.

Jebir çekeniň hakykaty dikeltmäge bolan gatnaşygy her – hili bolup biler. Käbir ýagdaýlarda hakykatyň dikeldilmegi ony gyzyklandyrýar, käbir ýagdaýlarda oňa biparh garaýar,

ýöne käbir ýagdaýlarda ol hakykatyň dikeldilmegine ýalan görkezmeler bilen zyýan edip biler. Jebir çeken jenaýatyň üstüniň açylmagyna gyzyklansa, onuň sebäplerini ýüze çykaryp bilse, diňe şonda hakykat dikeldilip bilner.

Jebir çeken hökmany ýagdaýda sorag edilmeli. Soragda zyýan çeken diňe oňa mälim bolan maglumatlary habar bermän, eýsem onuň hyýalynda bolan käbir pikirleri ýüze çykarmaly, jebir çekende bolan maglumatlara görä sorag edilmelidir:

1. Jenaýatyň bolan wagtyny, ýerini we onuň ýüze çykyş ýagdaýyny yzygiderlikde gürrüň bermeli.
2. Jenaýatçylyga gatnaşan her bir jenaýatçyny suratlandyrmaly we onuň jenaýatdaky ornuny gürrüň bermeli.
3. Jenaýat netijesinde ýetirilen zyýanyň möçberini bilmeli.
4. Jebir çekeniň jenaýatçy bilen bolan gatnaşygyny gürrüň bermeli.

Jebir çekeniň beren görkezmeleriniň kazyýet işine gereklisini almaly. Onuň beren maglumatlaryny kazyýet işinde ulanmaly, emma hyýal edýäniň pikirini ulanmaly däl, ol diňe gözleg işinde ulanylyp bilner. Kazyýet işgärleri tarapyndan zyýan çekeniň şahsyýetini öwrenmegiň iki ugry bar:

1. Jenaýatda aýyplanýanyň jogapkärçilik möçberini kesgitlemeli we şol bir wagytda oňa zyýan çekenleriň kesgitlemesini bilmeli.
2. Jebir çekenleri jenaýatyň görnüşine görä bölmeli.

Jenaýat – kazyýet işgärleri, jebir çekeniň kazyýet işinde hukugyny we borçlaryny düşündirýär. Jebir çeken görkezme berip bilýär, gözleýiş işlerini geçirýänlere subutnamalary hödürleýär, jenaýat işi alyp barýanlaryň maglumatlary bilen tanyşyp bilýär. Kanunyň talabyna görä soragdan öň zyýan çekeniň hukugy we borjy düşündirilýär.

Jebir çekeniň beren görkezmeleri kazyýetiň esasy resminamalary bolup, subutnamaly ähmiýetli baha bermeli.

Kazyýet işi ýöredilende esasy alamatlaryň biri zyýan çekeniň beren görkezmeleriň hakykylygydyr, sebäbi jenaýatyň işini açyp görkezmegiň esasy çeşmesi bolup durýar. Şonuň üçin gözleýiş işini geçirýänler zyýan çekeniň psihiki ýagdaýyny doly öwrenmeli, şeýlelikde görkezmeleriň takyklygyny gazanmaly.

Gözleýiş işlerini geçirilende jenaýat döwründe zyýan çekeniň görkezmeleri üç döwür boýunça öwrenilýär:

1. Aňyň kabul etmegi;

# XII Bap. Kazyýet işine gatnaşýanlaryň psihologiýasy

## 12.1. Kazyýet işine gatnaşýanlaryň psihologiýasy barada düşünje

Jenaýat işi kazyýet tarapyndan barlananda psihologik görközmäniň kanunalaýyklygyny, ýagny jenaýat işini barlaýanlaryň psihiki ýagdaýynyň sagdyn bolmagy, jenaýatça berlen jeza çäresiniň terbiýeçilik äheňde bolmagy we jemgyýetçilik pikiriniň kazyýet işine täsirini görkezmeli. Bu bölümde jenaýatçylyk hukugy, jenaýaty gözleýiş işi, durmuşy psihologiýa, kazyýet ahlagy ýaly ylymlary ullanmaly.

Kazyýet işine psihologik seljerme berlende käbir talaplary güýçlendirýär, ýagny kazyýet işiniň netijeliligi, kazyýet işiniň medeniýetli alnyp barylmagy, terbiýeçilik äheňiniň güýçli bolmagyny aňladýar.

Kazyň döredijiliigi onuň emosional dartgynlygy bilen berk baglydyr. Kazy işleri geçirilip netijesi yglan edilende, şol işe gatnaşýanlaryň umumy psihologik häsiýetnamasyny ýüze çykarmaly.

Adamyň arasyndaky gatnaşygyň araçysy bolup kazyýet çykyş edýär. Şonuň üçin ol abraýly, adamlara düşünmek bilen garamak, adamlara häsiýetleri boýunça baha bermegi başarmaly.

## 12.2. Kanuny bozanlaryñ psihologiýasyna täsir edýän alamatlar

Adalatly kazyýet işini berjaý edilmeginde guramaçylyk başlangyjyň durmuşy psihologiýasynyň kanunalaýyklygyna gabat gelmelidir.

Jenaýat işi boýunça gözleg işi geçirilende kazylaryň arasynda durmuşy psihologik alamatlaryň ýaramazlary ýüze çykyp biler. Ýagny ýeke adamyň pikirine köpçüligiňkiden öňe düşmekdir. Bu hem köpçiligiň abraýyny pese düşürmekdir.

Kazyýet tejribesinde agzalan pikirler az duşýar. Sebäbi her bir kazyýet işgäri jeza çäresiniň kanun esasynda çykarylmagyna ikirjeňlenmeýär.

. Ýöne käbir ýagdaýlarda – jeza çäresi yglan edilende kazy ýygnanşygynyň köpçiligi tarapyndan garşylyga sezewar bolup biler.

Şeýle gapma – garşylygy aradan çykarmak üçin birnäçe obýektiw we subýektiw amatlyklar bar. Ýagny kazyýet işgärleri köpçiligiň täsirine görä jenaýat işini çözmeli, eýsem jenaýat işine görä çykaran netijesini özleri barlap, dogry çözgüdi yglan etmeli.

Kazyň döredijilik işinde şeýle ýagdaýlar zerurdyr:

Gozgalýan jenaýat işini kazyýetiň öňünden öwrenmeli we onuň ähli ýagdaýlaryna baha bermelidir, kanunyň kadalaryny bilmelidir, jenaýat barada alan ähli habarlaryny gowy seljerip jeza çäresini yglan etmelidir.

Bolan jenaýat işiniň aýratynlygy, bu ýerde alnan subutnamalar doly işlemäge köp wagt berilýär. Haçanda jenaýatçy kanun bozanda, ol baradaky habarlar sülçi bilen kazyýete dürli maglumatlar berilýär.

Sülçi alan habaryny işleýär we gerekli bolmadygyny aýyrýar. Emma kazyýete jenaýat barada habarlar janaýatda aýyplanan adamyň şahsyýeti baradaky habarlar kazyýet işi gozgalýan döwründe baryp ýetýär.

Şeýlelikde, kazyýetiň özi habarlaryň kabul ediş tertibini özi kesgitleýär. Haçanda jenaýat işi barada subutnamalar berilende, kazyýet öz pikirini bir ýere jemläp, sagdyn netije çykarmalydyr. Şeýle mümkinçilikleriň döredilmeginde gozgalan jenaýat işi barada tejribe geçirmeli, başga mümkinçilikleri hödürlemeli, gözleýiş işiň meýilnamasyny düzülende bolýar.

## 12.3. Netijeleriñ kemala gelmegi we kazyýetiñ kabul eden çözgüdi

Kazeýet tarapyndan netije çykarylanda oňa gözleýiş işini geçirýän edara tarapyndan subutnamalary we olaryň jenaýat hukugy bilen baglanyşdyrmakdan ybaratdyr.

Kazyýetiň adalatly netije çykarmagynda kazy özüniň ýerine ýetirýän ornuna düşünýär we öňünden barlag işini tankydy nukdaýnazarda düreýär we kanun bozulmagynyň öňüni alýar. Haçan – da jenaýatda aýyplanan kazyýete berlende, kazyýetiň jeza çäresi yglan etmezden iki görnüşli jezany göz – öňüne tutýar, ýöne jenaýatda aýyplananyň tezisleri we jenaýatda aýyplamagyň gutarnykly netijelerini belleýär, sebäbi kazy işi gidip duran ýerinda subutnamalar tapylsa, ynanjaň hakyky netijeleri çykarylsa, kazy öz işini düýpgöter üýtgedip biler. Kazy işi guramaçy höküminde adam häsiýetiniň iň ýokary derejeleri, ýagny maksada okgunlylyk, ýygnanyşyklyk, bir diýenli bolmaklyk, mundan başga – da guramaçylyk ukyby bolmaly, ýagny kazy işinde taraplaryň kazyýet tutumynda özara bäsleşiginden ýol alyp çykar ýaly. Kazylaryň ýygnagynda sorag etmegiň kanunalaýyklygyna seredip geçeliň.

Jenaýatda aýyplanan kazyýetde şeýle tertipde sorag edilýär. Kazyýetde başlyklyk edýän jenaýatça mälim bolan görkezmeler barada sorag berýär. Kazy jenaýatçynyň sözüni bölmän, ony diňleýär. Haçan – da jenaýatda aýyplanan öz pikirini beýan edende, kazy ondan kazyýeti gyzyklandyrýan görkezmeleri bermegi talap edýär. Şol tertipde şaýatlara we zyýan çekenlere sorag berilýär. Sorag edilmeginden öňürti bu adamlara dogryçyl gürlemegi duýdyrylýar.

Kazyýet işinde köpçiligiň pikiri gidişine we jeza çäresini çykarylmagyna köp täsir edýär. Eger – de köpçilikiň pikiri ýalan bolsa – da öz täsirini ýetirip biler we kazyýet ýeňilllige ullakan ýol berer.

Käbir ýagdaýlarda köpçiligiň pikiri jenaýatda aýyplanana terbiýeçilik äheňde täsir edip biler. Köplenç jenaýatçylyk pikiri jenaýatda aýyplananyň bolan ýa – da işlän ýeriniň adamlary tarapyndan onuň endikleri üýtgedilip bilner. Eger – de kärdeşleriň jenaýatda aýyplananyň tarapyndan saýlanan bolsa onda olaryň pikiri oňa netijeli täsir edýär. Jenaýatda aýyplanana terbiýeçilik äheňde täsir etmeklikdir.

Kazyýet ýygnanşygy – bu jenaýat bolan köpçilige takyk we maksada ugrukdyryjy terbiýeçilik täsirini ýetirip bilýär. Jeza çäresiniň yglan edilmeginiň hem uly terbiýeçilik ähmiýeti bar. Şonuň üçin jeza çäresi adalatly, kanunalaýyk, takyk, düşnükli kazyýete gatnaşýanlara düşnükli bolmalydyr.

Jeza çäresi ýerine ýertirilen wagtynda kazyýetiň terbiýeçilik orny uly bolup biler. Ýagny ýekeleýin gürrüň geçirmek, pedagogiki tejribeleri geçirmek uly ähmiýete eýedir. Eger – de jenaýatçy şertli boşadylsa, onda onuň terbiýeçilik işi kazyýete geçýär.

Eger – de kazy jenaýatda aýyplanýana öz täsirini ýetirmek işlerinde ol käbir serişdeleri ullanyp biler.

Meselem: jenaýatda aýyplanýanyň gowy häsiýetlerini ulanmak, jenaýatçynyň durmuşynda uly täsir galdyrýan käbir subutnamalary ulanmak jenaýatçynyň özüniň jeza çäresinden boşadylmagy pikirini üýtgetmeli.

Her bir kazyýet adamlaryň ähmiýetli tarapynyň terbiýeçisi bolup biler. Terbiýeçisi özüniň kabul edýän çözgüdini uly jogapkärçilik duýýar. Ol hemişe üns merkezinde bolýar.

# EDEBIÝAT

1. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
6. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
7. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek. – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
8. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.
9. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. A., 2001.
10. Täze Galkynyş eýýamy wakalaryň senenamasy - 2007 - nji ýyl. A. 2008.
11. Антонов Г.А. Криминальная и социальная профилактика. М.1980
12. Антонов У.М., Еникеев М.И., Эминов В.Е. Психология преступника и расследования преступлений. М.1996
13. Антонов У.М. Психология убийства. М.1997
14. Васильев В.Л. Юрическая психология. Л.1974
15. Васильев В.Л. Судебная психология. Л. 1979

16. Васильев В.Л.Предупреждение правонарушений несовершеннолетних. Л.1980 г.
17. Васильев В.Л., Джандиели А.С., Похлин В.И. Особенности расследования по делам о преступлениях несовершеннолетних. Л. 1980
18. Дулов А.В. Судебная психология. М. 1982 г.
19. Ведернисов Н.Г. Личность обвиняемого и подсудимого. Томск 1978
20. Еникеев М.И. Основы судебной психологии. М. 1982
21. Конечкая В.П. Социология коммуникации. М. 1997
22. Котов Д.П., Щиванчев Г.П. Психология следователя. В. 1987
23. Кудрявцев В.Н. Причины правонарушений. М. 1996
24. Ратинов А.Р. Судебная психология для следователя. М. 1967
25. Романов В.В. Юридическая психология. 1998
26. Кузнецов М.Н. Введение в судебно – психологическую. М. 1980
27. Глоточкин А.Д., Пирожков В.Ф. Исправително – трудовая психология. М. 1974
28. Франк Л.М. Виктимология и виктимность. Д. 1972
19.Прикладная юридическая психология. М. 2001.
20. Кровяков В. М. Психотравматология.

## Mazmuny

Giriş..........................................................................................7
**I Bap. Hukuk psihologiýasynyň dersi we derňew usullary**
1.1.Psihikanyň umumy düşünjesiniň taryhyndan gysgaça beýany........................................................................................9
1.2.Hukuk psihologiýanyň dersi we derňew usullary. Psihologiýanyň ylmy esaslary we ösüş döwürleri...................18
1.3.Hukuk pudaklary...........................................................27
**II Bap. Hukuk psihologiýasynda akyl ýetiriş hadysalary (kabul ediş, pikirlenme, hyýal); duýma, duýgy – emosional, erk hadysalary (hususy emosiýalar, keýip we ş.m.)**
2.1.Emosiýalar we duýgular hakynda düşünje........................30
2.2.Duýmanyň we emosiýalaryň esasy ýerine ýetirýän işleri we hilleri...........................................................................31
2.3.Duýgularyň görnüşleri.......................................................32
2.4.Emosional ýagdaýlar.........................................................33
**III Bap. Erkiň, ýadyň, akyl ýetiriş, pikirlenmäniň hukuk meselelerinde ýüze çykyşy**
3.1.Akyl ýetiriş tutumlaryň umumy häsiýetnamasy (duýma, kabul ediş, pikirlenme, hyýal, ýat, erk.).................................36
3.2.Kyn ýagdaýlarda deň däl meseleleriň ewristiki çözgüdi hökmünde jenaýatlaryň açylşy..............................................44
3.3.Sorag edilende ýadyň kanunalaýyklaryny ulanylşy we ýüze çykyşy........................................................................................49
**IV Bap. Hukuk psihologiýasynda jenaýatçynyň şahsyýeti barada düşünje**
4.1. Adam, şahsiýet, indiwiduallyk hakynda düşünjeler........53
4.2. Şahsyýet biziň jemgyetimizde we häzirki zaman günbatar psihologiýasynda.....................................................................60
4.3. Jenaýatçynyň şahsyýeti barada düşünje..........................64
4.4.Jenaýatçynyň şahsyýeti we jenaýatçylygyň sebäpleriniň taglymatlary.........................................................................65

4.5.Kämillik ýaşyna ýetmedik jenaýatçynyň psihologik aýratynlyklary........................................................................ 69
4.6. Jenaýatçynyň şahsyýetini öwrenmek, jenaýatçylaň görnüşleri..........................................................................73
**V Bap. Jenaýatçylykly toparlar we olara gatnaşýanlaryň psihologik aýratynlyklary**
5.1.Toparlar we köpçilikler hakynda düşünje………………..75
5.2.Şahsyýet we köpçülik…………………………………77
5.3.Toparlarda we köpçiliklerde şahsyýetara gatnaşyklar........80
5.4.Jenaýatçylykly toparlaryň umumy beýanlary we olara gatnaşýanlaryň psihologik aýratynlyklary................................82
5.5. Jenaýatçylykly toparlaryň umumy beýanlary we olara gatnaşýanlaryň psihologik aýratynlyklary...............................84
**VI Bap. Hukuk psihologiýasynda agtaryş barada düşünje**
6.1.Agtaryş barada düşünje...................................................89
6.2.Agtaryş işiniň umumy häsiýetnamasy...............................89
6.3. Agtaryşa psihologiki taýýarlyk........................................90
6.4.Agtaryş işinde gizlemegiň psihologiýasy.........................92
6.5. Hukuk goraýjy edaralaryñ işgärleriniñ hünärmen hillerine talaplar...............................................................................94
**VII Bap. Sorag etmegiñ psihologiýasy**
7.1.Sorag etmek barada düşünje.............................................99
7.2. Soragda psihologiki täsir ediş...........................................99
7.3. Soragda psihiki täsir ediş...............................................104
7.4. Soragda ulanylýan taktiki usullar.................................106
**VIII Bap.Tanamagyň psihologiýasy**
8.1. Tanamak barada düşünje...............................................110
8.2. Jenaýat edilen wagtyndaky psihiki ýagdaýlaryñ täsiri...111
8.3. Tanamagyñ görnüşleri..................................................112

**IX Bap. Zähmet - düzediş psihologiýasy**
9.1. Zähmet - düzediş psihologiýasynyñ dersi we meseleleri.....................................................................114
9.2. Temmi bermegiñ psihologik esaslary...........................115

9.3. Türkmenler zähmet we zähmet terbiýesi hakynda..........116
9.4. Düzgün we zähmet – jenaýatçyny durmuşa uýgunlaşdyrmagyñ taraplary...............................................119
9.5. Tussagyñ şahsyýetiniñ ösüşi we terbiýeçilik tutumy......122
9.6. Tussaglaryñ köpçüliginiñ seljermesi..............................122
9.7.Tussagyñ azatlykdaky durmuşa uýgunlaşmagynyñ psihologiki häsiýetnamasy..................................................123
**X Bap. Kazyýet – psihologik barlag – seljermesi barada düşünje**
10.1. Kazyýet – psihologiki barlag – seljermesi barada düşünje.......................................................................129
10.2.Kazyýet – psihologiki barlag – seljermesiniň belleýän ýagdaýlary.....................................................................130
10.3. Affektiň kazyýet – psihologiki barlag – seljermesi.....................................................................131
10.4. Zorlananlaryň kazyýet – psihologik – seljerme barlagy.......................................................................134
10.5. Seljerme – barlagçy – psihologyň netijesi...................135
**XI Bap. Jebir çekeniñ şahsyýeti barada düşünje**
11.1. Wiktimologiýa barada düşünje....................................136
11.2. Kazyýet – psihologik barlaglaryñ easasy kesgitleýiş derejeleri.....................................................................137
11.3. Jebir çekenleriň görkezmeleriniñ psihologiki seljermesi.....................................................................137
**XIII Bap. Kazyýet işine gatnaşýanlaryň psihologiýasy**
12.1.Kazyýet işine gatnaşýanlaryň psihologiýasy barada......140
12.2.Kanun bozanlaryň psihologiýasyna täsir edýän alamatlar.....................................................................140
12.3.Netijeleriň kemala gelmegi we kazyýetiň kabul eden çözgüdi.........................................................................142
**Edebiýat**..........................................................................144